BILIM 2024 5
YLMY-USULY ŽURNAL
ESASLANDYRYJYSY – TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

# ŽURNALYŇ ŞU SANYNDA:

2 ÝURDUMYZYŇ SYÝASY, YKDYSADY WE MEDENI DURMUŞY

23 YLMY MAKALALAR

55 MEKDEBE ÇENLI TERBIÝE

59 UMUMYBILIM BERÝÄN MEKDEP

73 ORTA HÜNÄR BILIMI

75 ÝOKARY BILIM










| Wideo ýazgylaryň görnüşleri | Audio ýazgylaryň görnüşleri |
|---|---|
| Dokumental filmler | Taryhy resminamalardan parçalaryň audio ýazgysy |
| Çeper filmler | Halk döredijiliginden parçalaryň audio ýazgysy |
| Teleýaýlymlardan alnan wideo ýazgylar | Aýdym-saz eserleriniň, goşgularyň audio ýazgysy |



Dörtguly Oraznepesow

# DÖWREBAP ÖSDÜRILÝÄN BILIM ULGAMYNDAKY TÄZE ÜSTÜNLIKLER

Türkmenistanyň döwlet Garaşsyzlygyna eýe bolan ilkinji günlerinden başlap, Watanymyzyň geljegi bolan ýaş nesliň dürli ugurlardaky terbiýesi olaryň bilim almaklary bilen utgaşdyrylyp, çagalaryň bagtyýar ýaşamagy, okamagy, öwrenmegi üçin köptaraplaýyn mümkinçilikler döredildi we bilim-terbiýeçilik ulgamyny döwrebap ösdürmek döwlet syýasatynyň has köp üns berilýän ugruna öwrüldi. Eziz Watanymyzyň şanly Garaşsyzlygynyň 33 ýyllyk toý-dabaralarynyň öňüsyrasynda hem mähriban Watanymyzyň geljegi bolan bilimli-terbiýeli, edepli, ýokary ahlakly şahsyýetleri kemala getirmek bilim ulgamynyň işgärleriniň, mugallymlaryň, biziň her birimiziň mukaddes borjumyz bolmagynda galýar.

Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, “Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasyny” kabul etmek bilen, 2024 – 2025-nji okuw ýylyndan iň gowy dünýä tejribesinden we bilim ulgamynyň milli aýratynlyklaryndan ugur alýan bilim özgertmelerimiziň täze tapgyryna badalga berildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow “Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy” ýylynyň 1-nji sentýabrynda Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň mekdep okuwçylaryna, talyp ýaşlaryna, mugallymlaryna we










bilim işgärlerine iberen Gutlagynda:“Bütin adamzadyň we ähli döwürleriň iň gymmatly baýlygy bilimdir. Şundan ugur alyp, türkmen halky hem öz şöhratly taryhynyň bütin dowamynda ylma-bilime aýratyn sarpa goýup, umumadamzat gymmatlyklaryna mynasyp goşant goşup gelýär. Ösüşleriň we özgerişleriň, döretmegiň, gurmagyň nusgalyk ýoly bilen ynamly öňe barýan häzirki beýik döwrümizde milli tejribelerimize eýerip, şeýle hem dünýäniň öňdebaryjy gazananlaryna daýanyp, ýurdumyzyň milli bilim ulgamyny özgertmek ugrundaky döwlet maksatnamalarymyzy üstünlikli durmuşa geçirýäris. Bu özara baglanyşykly, toplumlaýyn işler ýurdumyzyň bilim binýadyny has-da berkitmek bilen birlikde, ilkinji nobatda, bilimli, ylymly, Watanyň beýik geljegi, halkyň ykbaly ugrunda ýokary jogapkärçilik duýgusyna eýe bolan päk ahlakly, hakyky watansöýüji nesilleriň kemala gelmegine, jemgyýetimizde ylmyň we bilimiň gymmatynyň has-da artmagyna oňyn täsir edýär”diýip belleýär. Ruhy baýlyk hökmünde geljege ak ýol açýan bilimiň maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilmegi onuň döwrebap ösüşine badalga berýär. Ýurdumyzyň keşbini bütinleý özgertmäge ýardam edýän bilim maksatly binalaryň açylyp ulanylmaga berilmeginiň hem-de ýurdumyzda giňden ýaýbaňlandyrylan gurluşyk işleriniň üstünlikli amala aşyrylýandygynyň mysalynda bu ugurdaky wezipeleriň üstünlikli çözülýändigi aýdyň görünýär. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli Aşgabat şäherinde mugallym, esger, ilhalar ynsan, Watany söýmekde nusgalyk yz galdyran Berdimuhamet Annaýewiň adyny göterýän ýöriteleşdirilen harby mekdebiň täze binalar toplumynyň açylyp ulanylmaga berilmegi beýik taryhy şahsyýetlerimize belent sarpa goýulýandygyna şaýatlyk edýär.

Bilim-terbiýeçilik işlerini usulyýet taýdan ýokarlandyrmakda guramaçylyk işleriniň ykjam guralmagyna aýratyn üns berilýär. Dürli derejedäki bilim edaralary okuw-görkezme esbaplary, okuw-usuly enjamlar, kompýuterlerdir interaktiw tagtalar bilen üpjün edilýär. Bilimler dünýäsine ilkinji gezek aralaşýan, ýagny 1-nji synpa okuwa gelen çagalara ýadygärlik sowgat hökmünde “Bilimli” atly kompýuterleriň gowşurylmagy asylly däbe öwrüldi. Şu ýyl bilimler dünýäsine ilkinji gezek gadam basan körpeleriň ählisine (bir ýüz elli bäş müňden gowragyna) şahsy kompýuter sowgat berildi.

Ýurdumyzyň oba-şäherlerinde orta mekdepleriň we çagalar baglarynyň täze binalary gurulýar hem-de ulanylmaga berilýär. 2024-nji ýylda açylyp ulanylmaga berlen bilim edaralary hem gurluşyk-binagärlik keşbiniň ajaýyplygynda we maddy-enjamlaýyn üpjünçiligi babatda dünýä ülňülerine laýyk getirilendir. Şeýle umumybilim edaralarynyň täze jaýlaryndan Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Bokurdak şäherçesinde 1200 orunlyk mekdebiň we 120 orunlyk umumy ýaşaýyş jaýynyň, Saýat etrabynyň Merýe geňeş-

liginiň Alpan obasynda 400 orunlyk, Hojambaz etrabynyň Galkynyş geňeşliginiň Olam obasynda 960 orunlyk orta mekdebiň, Mary şäherinde 500 orunlyk orta mekdebiň we Tagtabazar etrabynyň Saryýazy obasynda 160 orunlyk çagalar bagynyň açylyp ulanylmaga berilmegi ýokarda bellenilip geçilenleriň aýdyň mysallarydyr. Täze gurlup, ulanylmaga berilýän mekdepdir çagalar baglarynyň binalary, bilim berlişiniň hilini mundan beýläk hem ýokarlandyrmak maksady bilen, häzirki zaman tehnologiýalary, okuw-usuly işleri geçirmek üçin zerur bolan esbaplar bilen üpjün edilendir. Ýurdumyzyň oba-şäherlerinde orta mekdepleriň we çagalar baglarynyň täze binalarynyň açylmagy bilim ulgamynyň dünýä ölçeglerine laýyklykda ösýändiginiň, bu ugurda uly üstünlikleriň gazanylýandygynyň aýdyň şaýadydyr.

Bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy üstünlikli alnyp barylýar. Täjigistan Respublikasynyň Hatlon welaýatynyň Dusti etrabynyň Ergeş Sultanow daýhan birleşiginde, ýagny türkmenleriň ýaşaýan ýerinde Magtymguly adyndaky umumybilim berýän 540 orunlyk orta mekdebiň hem açylyp ulanylmaga berilmegi ýurdumyzda dünýä döwletleri bilen dostlukly, özara bähbitli gatnaşyklaryň has-da giňeldilýändiginiň ykrarnamasydyr. Mekdebiň öňünde döredijiligine dünýäniň ähli künjeklerinde uly sarpa goýulýan beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň ýadygärligi oturdylypdyr.

Täjigistan Respublikasynda Magtymguly Pyragynyň adyny göterýän täze mekdebiň açylyp ulanylmaga berilmegi gözbaşyny taryhyň jümmüşinden alyp gaýdýan dostluk we özara hormat goýmak ýörelgelerine daýanýan döwletara gatnaşyklaryň häzirki wagtda köp ugurlary öz içine alýandygyny we iki ýurduň hyzmatdaşlygynyň çäginde medeni-ynsanperwer, esasan hem, bilim ulgamlarynda gatnaşyklaryň giňeldilýändigini aňladýar. Ýeri gelende, täze, döwrebap mekdebiň türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy boýunça gurlandygyny ýatlamak has-da guwandyryjydyr. Bu Gahryman Arkadagymyzyň halkara bilim hyzmatdaşlygynda durmuşa geçiren ägirt uly işleriniň hem-de hil taýdan täze derejä çykarylan türkmen-täjik hyzmatdaşlygynyň ösdürilmegine goşýan örän uly şahsy goşandynyň ýene-de bir mysalydyr.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda okuw kitaplarynyň we okuw gollanmalarynyň taýýarlanylyşyny kämilleşdirmek, orta mekdepleriň okuw maksatnamalaryna laýyklykda, milli elipbiýde neşir edilen döwrebap okuw kitaplary bilen üpjün edilmegi barada yzygiderli alada edýär. Okuw kitaplaryny neşir etmek üçin döwletimiz tarapyndan köp möçberde maliýe serişdeleri goýberilýär. Bu atalyk aladanyň netijesinde orta mekdeplerimiziň I – XII synplarynyň ähli täze okuw maksatnamalaryna laýyklykda taýýarlanylan we many-mazmun, bilim-terbiýe berijiligi, çeperçilik bezegliligi jähetden ýokary hilli neşir edilen okuw kitaplary we degişli synplar üçin ýörite taýýarlanylan okuw depderleri bilen üpjün edilýär. Bilim-terbiýeçilik edaralarynda okuw-terbiýeçilik işleriniň kadaly alnyp barylmagyny üpjün etmek maksady bilen, ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäheriniň we welaýat Baş bilim müdirlikleriniň ýanynda döredilen usuly birleşmelerde bilim-terbiýeçilik edaralarynyň ýolbaşçylary, hünärmenleri, ders mugallymlary bilen hünär kämilleşdiriş okuwlary, maslahatlary yzygiderli geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bütin adamzadyň we ähli döwürleriň iň gymmatly baýlygy bilimdir. Bu bolsa Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzyň bilim ulgamynyň geljekde hem aýgytly ädimler bilen öňe sary gitmeginiň hatyrasyna durmuşymyza ornaşdyrylýan ägirt uly işleriň dowamatynyň dowam boljakdygyny aňladýar. Bilim ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmekde ähli tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli we umumadamzat ähmiýetli alyp barýan beýik işleriniň elmydama üstünliklere beslenmegini arzuw edýäris.

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi**

**Kabul edilen wagty 2024-nji ýylyň 25-nji sentýabry**

**Sapargeldi Durdyýew**

# ÝAŞLARY TERBIÝELEMEKDE GYMMATLY HAZYNA

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow: “Terbiýe we tejribe – ynsan ykbalynyň goşa ganaty. Alan terbiýämiz ykbalymyza, alnymyza täsir edýär. Amal edýän her işimiz tejribämize öwrülýär. Tejribe bolsa diňe özüň gazanylýan, ýöne il-gün bilen paýlaşylýan hazynadyr. Gowy zatlar, il-halka ähmiýetli zatlar paýlaşyldygyça, olaryň berekedi artmak bilen bolýar” diýip nygtaýar (*Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: TDNG, 2023. 13 s.).

“Çagany – ýaşdan, edebi – başdan”, “Bal süýji, baldan-da – bala” diýlen milli terbiýeçilik ýoluna eýerýän Gahryman Arkadagymyz: “Iň gymmatly miras terbiýe, terbiýäniň özeni bolsa ylym-bilimdir... Watana, il-gününe wepaly perzentleri terbiýeläp ýetişdirmekde atalaryň pendi her bir döwrüň durmuş we terbiýeçilik ulgamyna ornaşýar. Şonuň üçinem olar biziň üçin hemişe edil şu wagtyň özünde aýdylan ýalydyr” (*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi. – Aşgabat: TDNG, 2020. 78 s. we 98 s.) diýip ýazýar. Şu nukdaýnazardan alanyňda, merdana watançy, ilhalar ynsan, ussat mugallym Berdimuhamet Annaýewiň mugallymçylyk tejribesi häzirki döwürde bagtyýar geljegimiz bolan ýaş nesli terbiýelemekde gymmatly hazyna, milli terbiýeçilik mekdebiniň özenidir.

Gökdepe etrabynyň gadymy Yzgant obasynda doglan oba mugallymy Berdimuhamet Annaýew ilkinjileriň hatarynda fronta gidip, agyr ýaralanyp, uruşdan gaýdyp geldi, ýaş nesli okatmak we terbiýelemek ýaly asylly işini dowam edip, watandaşlarymyzyň hakydasynda ýagşy ýatlamalary galdyrdy. Mugallymçylyk Berdimuhamet Annaýew üçin diňe bir hünär bolman, eýsem, tutuş durky bilen berlen durmuş ýörelgesine, mukaddes borç duýgusyna öwrüldi. Işde janypkeşlik, kynçylyklary ýeňip geçmek, ruhubelentlik häsiýetleri ganynda bolan Berdimuhamet Annaýew 23 ýyllap oba mugallymy bolup işledi, uruşda Watan goragynda boldy. Ol şol döwrüň içinde, gör, näçe okuwçyny okadyp, terbiýeläp, olary aňly-düşünjeli, paýhasly ugra atardy! (Mugallym, esger, ilhalar ynsan Berdimuhamet Annaýewiň gahrymançylykly ömür ýoly. 1948-nji ýylyň Aşgabat ýertitremesiniň 60 ýyllygyna. – Aşgabat: Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirligi, Türkmenistanyň Prezidentiniň arhiw gaznasy, 2008. 19 s.).

Berdimuhamet Annaýewiň ömür ýoly Watana, halka gulluk etmegiň, gahrymançylygyň hem-de mertligiň mekdebidir. Berdimuhamet Annaýew nesilleriň dowamat dowam bolmagyny we bagtyýar durmuşda ýaşamagyny isläpdir hem-de ýaşlara hat-sowat öwretmek, olary türkmen halkynyň ruhy-ahlak däpleriniň we belent watançylyk duýgularynyň esasynda terbiýeläp ýetişdirmek üçin ähli zehinini, ukyp-başarnygyny sarp edipdir. Ussat mugallymyň okuw-terbiýeçilik işlerinde ýerlikli we örän sazlaşykly ulanan usullary, onuň öz hünär bilimlerini yzygiderli ýokarlandyrmak we mugallymçylyk ussatlygyny has-da kämilleşdirmek ugrunda eden ýadawsyz aladalary, çeken döredijilikli zähmeti barada aýtmak zerur.

Gahryman Arkadagymyz “Älem içre at gezer” atly romanyny öz atasy – ajaýyp ynsan, mugallym we esger Berdimuhamet Annaýewiň ýagty ýadygärligine bagyşlapdyr. Eseriň baş gahrymany Berdimuhamet Annaýew Aşgabatdaky mugallymçylyk okuwyny tamamlandan soň, ony Paraw obasyndaky mekdebe işe ýollaýarlar. Bu ýerde ol, mekdepde geçilýän sapaklardan daşgary, okuwdan boş wagtlary ýerli adamlar bilen hem dil tapyşyp, olara özüni aldyrmagy başarýar. Hawa, şu zatlar barada oýlanyp, ata-eneden gören görüm-göreldesiniň, alan tälim-terbiýesiniň köp babatda çaganyň ömür ýoluna, onuň geljekki ykbalyna ýetirýän täsiriniň uludygyna tüýs ýürekden ynanýarsyň. “Ozal akan ýerden akarmyş aryk” diýilmesi hem şonuň üçin. “Almanyň miwesi öz agajyndan daşa gaçmaz” diýilmegi hem şunuň bilen baglanyşykly.

Gahryman Arkadagymyz “Älem içre at gezer” atly romanynda bütin ömrüni nesil terbiýesine bagyş eden ajaýyp ynsan, ussat mugallym we watançy esger Berdimuhamet Annaýewiň nusgalyk ömür ýoluny, gymmatly maglumatlara esaslanmak bilen, çeper beýan edýär. Ata kesbini dowam etdiren Berdimuhamet Annaýewiň kitaba bolan garaýşynda hem akylyňy haýrana goýýan täsinlikler näçe diýseň bar. Milli Liderimiziň bu romany halkymyza

edep-terbiýäniň, maşgala mirasdarlygynyň nusga alarlyk mekdebi bolup, örän uly ähmiýete eýedir. Merdana watançy, ilhalar ynsan, ussat mugallym Berdimuhamet Annaýewiň mugallymçylyk tejribesini öwrenmekde, arhiw materiallary bilen birlikde, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýiti zehininden dörän "Älem içre at gezer" romanynyň gymmatly maglumat çeşmesi bolup hyzmat edýändigini nygtap bellemek gerek.

Milli Liderimiziň bu romanynyň baş gahrymany Berdimuhamet mugallym çagalarda öz sapagyna, türkmen edebiýatyna söýgi döretmegi başaran halypa mugallym. Okuwçylaryň aň-düşünjeleriniň ösmegi üçin dürli usullary ulanan Berdimuhamet mugallym halk dessanlarynyň kömegi bilen çagalaryň diňe bir çalt okamak endiklerini ösdürmek bilen çäklenmän, eýsem, mekdebe höwesli gelmäge, sapaklaryna işjeň gatnaşmaga-da söýgi döredýär. Mugallymyň ulanan bu usuly, öz gezeginde, çagalaryň okaýan derslerine bolan gyzyklanmalaryny has-da artdyrypdyr. Bu waka eserde şeýle beýan edilýär: "Okuwçylar ilki harplary, soňra sözdür sözlem düzmäni öwrenip, özbaşdak okap başlanlaryndan soň, okalýan dersler olara has-da gyzykly göründi. Berdimuhamet mugallym penşenbe günleri okuwçylara "Görogly" şadessanyndan, "Şasenem-Garyp", "Zöhre-Tahyr" dessanlaryndan bir parça ýazdyryp, olary okuwçylaryň özüne berip goýbererdi. Olar dynç alyş günleri bu parçalary öýlerindäkilere okap bererdiler. Ýazylan zatlary ýatdan bilýän çagalary öwüp, olaryň aň-düşünjesiniň ösmegi üçin her dürli usullary ulanardy" (*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. Roman. – Aşgabat: TDNG, 2011. 121-122 s.).

Gahryman Arkadagymyzyň bu gymmatly eseri ýurdumyzyň ähli bilim işgärleriniň ýankitabyna we olaryň bilim-terbiýeçilik işleriniň meselelerini çözmekde ulanylýan iň ygtybarly gollanmasyna öwrüldi. Romanda häzirki pedagogika ylmynyň esasy düşünjeleri, düzgünleri, ussat mugallymyň baý mugallymçylyk tejribesi inçelik bilen açylyp görkezilipdir. Onda terbiýe we onuň görnüşleri, usullary, serişdeleri, maksady, mazmuny hem-de pedagogika ylmynyň beýleki wajyp meseleleri öz beýanyny tapypdyr. Iň esasy zat, pedagogika ylmynyň möhüm meselelerini Berdimuhamet Annaýewiň mugallymçylyk tejribesi bilen jebis baglanyşdyrýandygyndadyr. Bu bolsa Milli Liderimiziň ajaýyp eseriniň gymmatyny, ähmiýetini has-da artdyrýar. Şonuň üçin "Älem içre at gezer" romanyny bilim işgärleri "Pedagogik roman" diýip atlandyrýarlar, sebäbi bu roman, tutuşlygyna alanyňda, gymmatly pedagogik pikirlere, ylmy-usuly garaýyşlara ýugrulandyr.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow "Ömrümiň manysynyň dowamaty" atly kitabynda nesil terbiýesiniň iňňän möhüm görnüşlerini beýan etmek bilen şeýle belleýär: "Bu kitabymda jemgyýetde öz ornuny tapmagy başaran, abraýly adamlara berilýän tälim-terbiýäniň birnäçe görnüşini beýan etmekçi. Mähriban kyblamyň durmuş wakalary, tymsallar, öwüt-ündewler, atalar sözi we paýhaslar, pedagogik maslahatlar, gönükdirmeler bilen bize beren terbiýesini nusgalyk terbiýe diýip atlandyrasym gelýär. Çünki bu terbiýeler geljege doly hem-de dogry düşünip bilmegiň ähli gapylaryny açyp berýär. Terbiýäniň ähli görnüşleri hem şu baş sakadan gözbaş alýar. Bu terbiýeler şulardyr: 1. Watançylyk terbiýesi; 2. Döredijilik we zehin terbiýesi; 3. Akyl we pikir terbiýesi; 4. Ylym terbiýesi; 5. Medeni aň-düşünje terbiýesi; 6. Kär-hünär terbiýesi; 7. Sungat terbiýesi; 8. Syýasy terbiýe; 9. Maliýe-ykdysady terbiýe; 10. Jemgyýetçilik terbiýesi; 11. Dil terbiýesi; 12. Ekologiýa, tebigata söýgi terbiýesi" (*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ömrümiň manysynyň dowamaty. – Aşgabat: TDNG, 2023. 191 s.).

Nesil terbiýesi babatda öňde durýan wajyp wezipeleri üstünlikli çözmek biziň çagalara salyhatly, medeniýetli, mylaýym gylyk-häsiýetleri yzygiderli öwretmegimize köp derejede baglydyr. Hoş gylyk-häsiýet, hoş söz, edep-ekramlylyk her bir adamda-da hoşniýetliligi döredýär. Terbiýeçilik işinde mugallymyň sözi esasy serişde bolup hyzmat edýär. "Mugallymyň çagalara berýän pentleri ýöne gury sözler bolman, eýsem onuň ähli edim-gylymlarynda, onuň şahsy mysalynda öz beýanyny tapmalydyr. Onuň häsiýetiniň iň ajaýyp taraplary çagalar üçin nusga bolmalydyr. Magtymguly Pyragy şeýle diýýär: *Owal, Magtymguly, özüň düzetgil // Özüňni sen özgelere göz etgil* " (*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. Roman. – Aşgabat: TDNG, 2011. 163 s.).

Merdana watançy, ussat mugallym, ilhalar ynsan Berdimuhamet Annaýewiň mugallymçylyk tejribesinde esasy ýörelge edinen: "Mugallymyň sözlerinde-de, özüni alyp barşynda-da sap ýüreklilik bolmalydyr, galplyga, ýasamalyga orun bolmaly däldir. Çagalaryň gözüniň alnynda birje gezek galp aýdan adam olaryň öňünde hemişe ýalançy adam bolup galar" (*Şol ýerde,* 165 s.) diýen çuňňur pähim-parasata ýugrulan gymmatly nesihatlary "Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasynyň" esasy maksatlarynda öz anyk beýanyny tapan: "Ýaşlara geljekde mugallymçylyk hünärini saýlap almaga ýardam bermek" diýen 6-njy maksadyny üstünlikli durmuşa geçirmekde, mugallymlaryň täze neslini terbiýeläp ýetişdirmekde esasy ýol-ýörelge bolup hyzmat eder.

Ilhalar ynsan, ussat mugallym Berdimuhamet Annaýewiň: "Mugallym öz sesine aýratyn üns bermelidir. Gaty şaňňy, gyryljak ses çagany basym irizýär. Ýöne ýuwaş ses hem çaganyň gulagyna zor salyp diňlemegine, netijede armagyna getirýär. Degirmeniň sesi ýaly birsydyrgyn sesem çagany ymyzgandyrgyç bolýar. Ses öwrenilýän sapagy kabul etmegiň guraly bolmalydyr" (*Şol ýerde,* 210 s.) diýen gymmatly nesihatlary Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe öz durmuş we zähmet ýoluny mugallymçylyk kärine bagyş etmegi arzuwlaýan ýaşlarymyz hem-de bilim edaralarynda täze işe başlaýan ýaş pedagoglar üçin nusga alarlyk halypaçylyk mekdebi bolup hyzmat edýär.

Ussat mugallym Berdimuhamet Annaýewiň mugallymçylyk tejribesinde çagalarda kitaba söýgini we kitap okamaga bolan gyzyklanmany terbiýelemegiň dürli usullaryna duş gelmek bolýar. Ol bu usullary okuw-terbiýeçilik işlerinde sazlaşykly we ýerlikli ulanmagy uly ussatlyk bilen başarypdyr. Berdimuhamet mugallym kitaplary ýöne bir okabam oňman, eýsem, olardan irde-giçde işde gerek bolar öýden ýerlerini göçürip alar ekeni. Onuň bu iş usuly mugallymlara kitaplardan nähili peýdalanmalydygyny görkezýän nusgalyk göreldedir.

Berdimuhamet mugallym baradaky maglumatlarda bellenilişi ýaly, maşgalasynyň durmuş şertleri ogullarda gaýduwsyzlygyň, tutanýerliligiň kemala gelmegine, olaryň işlerine jür, maksada okgunly bolup ýetişmeklerine ýardam etdi. Şeýle asylly terbiýe bermekde Berdimuhamet Annaýewiň aýratyn uly hyzmaty bar. Watanyň wepaly ogly Mälikguly Berdimuhamedow kakasynyň saýlan ýoly bilen gitdi we öz obasyndaky 16-njy orta mekdebi tamamlamazdan bir ýyl öň – 1950-nji ýylda zähmet ýoluna başlady. Ol bu mekdepde ilki kitaphanaçy, soňra bolsa başlangyç synplaryň mugallymy bolup işledi. Orta bilim hakyndaky attestaty alanyndan soň, Mälikguly Berdimuhamedow 2-nji Birleşik obasyndaky 7-nji ýediýyllyk mekdebiň türkmen dili we edebiýaty mugallymy bolup işe başlady.

Çagalara nädip çalt okamagy endik etdirmeli, okamagyň durmuşy endiklerini ornaşdyrmak üçin nähili tekstleri saýlap almaly, çagalarda nädip kesgitli bir düşünjeleri we ynamy terbiýelemeli, okalýan mahaly şol zatlary nädip aňynda aýlamaly we materialy özbaşdak özleşdirmegi öwrenmeli diýen ýaly sowallaryň jogaby Berdimuhamet mugallymyň sapak ýazgylarynda jikme-jik beýan edilipdir. Ussat mugallym şol ýazgylaryny berk düzgüne salyp, olary aýap saklapdyr (*Şol ýerde,* 82 s.). Halypa mugallymyň synagdan geçen bu iş usullary "Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasynda" kesgitlenen möhüm wezipeleri – okuw-terbiýeçilik işlerinde başarjaňlyk çemeleşmesinden ugur almak hem-de okuwçylarda kitap okamaga bolan höwesi döretmek ýaly wezipeleri (Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy. – Aşgabat, 2024. 14 s.) üstünlikli çözmekde gymmatly ýol görkeziji bolup hyzmat eder.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Berdimuhamet mugallymyň çuňňur ynsanperwerlige ýugrulan mugallymçylyk tejribesi nesilden-nesle geçip, hormatly Prezidentimiziň alyp barýan içeri we daşary syýasatynda dabaralanýar.

**Türkmenistanyň Milli bilim instituty**

**Kabul edilen wagty 2024-nji ýylyň 2-nji sentýabry**

**Orazgeldi Öwezsähedow**

# TEBIGY WE TAKYK YLMY UGURLARA DEGIŞLI DERSLERI OKATMAGYŇ DÖWREBAP KÄMILLEŞDIRILMEGI – ÝURDUMYZDA INNOWASIÝA TEHNOLOGIÝALARYNY ÖSDÜRMEGIŇ MÖHÜM ŞERTI

Berkarar Watanymyzda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň belent başlangyçlary we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ynsanperwer döwlet syýasaty esasynda halkymyzyň müňýyllyklardan gözbaş alýan kämillik ýoly arkaly bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýady berkidilip, dünýäniň öňdebaryjy usulyýeti we tejribesi milli bilim ulgamyna, şol sanda, tebigy we takyk ylmy ugurly dersleri okatmak işlerine ornaşdyrylýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ykdysadyýetimiziň ileri tutulýan ugurlary bilen bir hatarda, ýurdumyzyň bilim ulgamyny döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirmekde toplanan ägirt uly tejribelerimizden ugur alyp, bu gün ýaş nesilleri terbiýelemek we okatmak babatda uly özgertmeleri üstünlikli amala aşyrýarys” (Türkmenistan. – 2024. – 25 maý.) diýen sözleri bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işgärleriniň öňünde häzirki zaman jemgyýeti üçin ýaş nesli kemala getirmegiň giň mümkinçiliklerini açdy.

Hormatly Prezidentimiziň bilimiň binýadyny berkitmegi netijesinde bilim bermegiň ähli basgançaklarynda bilimiň hiliniň, mazmunynyň we görnüşiniň kämilleşdirilmegi döwrüň talaplaryna laýyk amal edilýär. Bu ugurda “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynda” kesgitlenen wezipelerden ugur alyp, tebigy we takyk ylmy ugurly dersleri okatmagyň usulyýetine *bilim – ylym – önümçilik* arabaglanyşygy ornaşdyrylýar.

Täze taryhy eýýamda ýurdumyzyň bilim ulgamy ylmy binýatlar arkaly döwrebap kämilleşdirilýär. Ýokary bilimde tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagyň usulyýetiniň häzirki zaman talaplaryna laýyk ýola goýulmagy berkarar Watanymyzyň durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşiniň möhüm şertidir. Bu ugurda Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlary bilen tassyklanan “Türkmenistanda tebigy we takyk ylymlary ösdürmegiň Maksatnamasyna”, “Türkmenistanda ylmyň we tehnologiýalaryň ileri tutulýan ugurlary boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Maksatnamasyna” hem-de beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda, tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagyň usulyýetine innowasion tehnologiýalar ornaşdyrylýar.

Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek babatda döwlet syýasatynyň aýrylmaz bölegi bolan tebigy we takyk ylmy ugurlar boýunça ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak işi türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we täze taryhy döwürde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bilim syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir.

Dünýäniň abraýly ýokary okuw mekdepleri bilen hyzmatdaşlygyň çäklerinde, şol sanda, M.W.Lomonosow adyndaky Moskwa döwlet uniwersitetiniň, W.N.Tatişew adyndaky Astrahan döwlet uniwersitetiniň, Ýerewan döwlet uniwersitetiniň, Baku döwlet uniwersitetiniň, Täjik milli uniwersitetiniň, L.N.Gumilýow adyndaky Ýewraziýa milli uniwersitetiniň, Belarus döwlet uniwersitetiniň, Pekiniň Daşary ýurt dilleri uniwersitetiniň professor-mugallymlarynyň gatnaşmagynda okuw sapaklary, webinarlar, “tegelek stollar”, ylmy maslahatlar geçirildi.

Ikitaraplaýyn baglaşylan halkara Ylalaşyklaryň esasynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň tebigy we takyk ylmy ugurly fakultetleriniň professor-mugallymlarynyň we talyplarynyň halkara akademiki hereketliligini ýola goýmak, dünýäniň beýleki ýokary okuw mekdepleri bilen professor-mugallymlaryň we talyplaryň akademiki alyş-çalşyklaryny işjeňleşdirmek maksady bilen, bu ugurda degişli işler alnyp barylýar, wideoaragatnaşyk arkaly dürli görnüşli çäreler geçirilýär, daşary ýurtlara iş saparlary guralýar.

Uniwersitetimiziň resmi web-saýtynda, ähli fakultetler bilen bir hatarda, tebigy we takyk ylmy ugurly matematika, maglumat tehnologiýalary, fizika, himiýa, biologiýa we geografiýa fakul-

tetlerinde alnyp barylýan okuw, ylmy we terbiýeçilik işleri, geçirilýän dürli çäreler, bildirişler baradaky maglumatlar yzygiderli täzelenýär. Içki tor arkaly ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda döredilen bitewi tor ulgamy bilen uniwersitetiň aragatnaşygyny ýola goýmak üçin programma-tehniki üpjünçiligi kämilleşdirilýär. Uniwersitetiň sanly bilim portaly (Moodle) arkaly ýurdumyzyň beýleki ýokary okuw mekdepleriniň sanly bilim portalyna salgylanmaga mümkinçilik döredilendir.

Uniwersitetimizde tebigy we takyk ylmy ugurlar boýunça bilim bermekde sanly serişdeleri giňden peýdalanmak, bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmak, hilini ýokarlandyrmak, okatmagyň usulyýetine öňdebaryjy tejribäniň gazananlaryny ornaşdyrmak bilen baglylykda, hünärler boýunça okuw meýilnamalary, okuw maksatnamalary yzygiderli kämilleşdirilýär. Ýokary hünär biliminiň iki basgançakly maksatnamalaryna laýyklykda, uniwersitetimizde tebigy we takyk bilimler boýunça bakalawrlary taýýarlamagyň “6.43.03.01 Pedagogika bilimi (informatika we bilimde maglumat tehnologiýalary)”, “6.43.03.05 Pedagogika bilimi (matematika we informatika)”, “6.43.03.05 Pedagogika bilimi (geografiýa we ykdysadyýetiň esaslary)” täze açylan ugurlarynda ýokary bilimli hünärmenler taýýarlanylýar.

Professor-mugallymlarymyz tarapyndan 2023 – 2024-nji okuw ýylynda ylmyň ileri tutulýan ugurlary boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlary bilen tassyklanan Döwlet maksatnamalarynda, Konsepsiýalarynda, strategiýalarynda kesgitlenen wezipelerden ugur alnyp, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy bilen ylalaşyk esasynda ylmy-barlag işleriň 19-sy alnyp baryldy.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde ýaş mugallymlary, talyplary öz düzümine birleşdirýän ylmy gurnaklaryň 41-si hereket edip, olardan 19-sy tebigy we takyk ylmy ugurly fakultetlere degişlidir.

2023-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda ýaşlaryň arasynda ylmy işler boýunça “Ýokary tehnologiýalar we innowasion işläp taýýarlamalar” ady bilen geçirilen halkara bäsleşiginde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymlary we talyplary baýrakly orunlara mynasyp boldular.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi tarapyndan ýaşlaryň arasynda 2024-nji ýylda geçirilen ylmy işler boýunça bäsleşikde uniwersitetimiziň ýaş mugallymlarynyň we talyplarynyň 8-si ýeňiji diýlip yglan edildi.

2023-nji ýylyň 10-njy noýabrynda “Sanly çözgüt – 2023” atly innowasion taslamalaryň bäsleşiginde maglumat tehnologiýalary fakultetiniň wekilleri baýrakly orunlary eýeledi.

2023 – 2024-nji okuw ýylynda uniwersitetimiziň tebigy we takyk ylmy ugurly fakultetleriniň talyplary döwlet we halkara derejesinde geçirilen ylmy taslamalary we ylmy makalalary taýýarlamak boýunça bäsleşikleriň 29-syna gatnaşyp, baýrakly orunlara mynasyp boldular.

2023 – 2024-nji okuw ýylynda uniwersitetimiziň tebigy we takyk ylymlar ugry boýunça ylmy-barlag merkezinde, ylmy gurnaklarynda ylmy-barlag işleriniň netijeleri esasynda täze işläp düzmelere we programma üpjünçiligine Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Intellektual eýeçilik boýunça döwlet gullugy tarapyndan şahadatnamalaryň 6-sy berildi. Häzirki wagtda bu gullukdan degişli patentleri almak üçin täze işlenilip düzülen ekologiýa taýdan arassa önümleriň 2-si, programma üpjünçiliginiň 8-si hödürlenildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanan “Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasynyň we ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirmeli çäreleriň Meýilnamasynyň 11-nji “Sanly bilim tehnologiýalaryny ulanmak we dolandyrmak boýunça interaktiw-multimedia programma üpjünçiliklerini peýdalanmak, hereketli we üçölçegli (3D) şekilleri taýýarlamak hem-de wirtual tehnologiýalarynyň üsti bilen tejribe işlerini geçirmegi okuw-terbiýeçilik işlerine giňden ornaşdyrmak” bendine laýyklykda, uniwersitetimiziň tebigy we takyk ylymlar boýunça ylmy-barlag merkezinde ýaş mugallymlar we talyplar tarapyndan ýurdumyzyň tebigy we taryhy ýadygärliklerini, muzeýlerini, ýerasty baýlyklarynyň, florasynyň,

faunasynyň görnüşlerini 3D şekillere geçirmek hem-de olary tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagyň innowasion usullary hökmünde peýdalanmak maksady bilen döredilen wirtual hakykat önümleri okuw işlerinde peýdalanmaga hödürlendi. Olardan programma üpjünçiligi görnüşinde döredilen “Nusaý galalar toplumyny”, “Seýitjemaletdin medeni ýadygärligini”, Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabyndaky “Magtymguly muzeýini”, uniwersitetimiziň “Geologiýa”, “Arheologiýa we etnografiýa”, “Tebigat” muzeýlerini wirtual hakykatyň üsti bilen öwrenmek boýunça taýýarlanan sanly okuw esbaplary, “Aşgabat şäheriniň bezeg gülli ösümlikleri”, “Sanly şypahanalar” atly web-saýtlary, “E-Mugallym platformasy”, “QR-face hasaba alyş programmasy”, “Interaktiw zoologiýa muzeýi” atly programma we beýleki täze işlenilip düzülen programma üpjünçilikleri degişli dersleri okatmagyň usulyýetine ornaşdyrylýar.

Ýokary okuw mekdebimizde tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmakda dünýäniň öňdebaryjy tejribelerine esaslanýan STEM usulyýetiniň ornaşdyrylmagyna uly ähmiýet berilýär. Türkmenistanyň Bilim ministriniň 2024-nji ýylyň 27-nji ýanwaryndaky 30-njy buýrugy bilen tassyklanan “Inžener ugurly ýokary okuw mekdeplerine okatmagyň STEM usulyýetini tapgyrlaýyn ornaşdyrmagyň Ýol kartasynyň” 3.1. “2023 – 2024-nji okuw ýylynyň ikinji ýarymyndan maglumat ulgamlary we tehnologiýalary hünäriniň okuw meýilnamasyna laýyklykda, “Robot tehnikasyny programmirlemek” atly ýörite dersi girizmek, dersiň esaslyk okuw maksatnamasyny taýýarlamak we Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň Okuw-usuly geňeşine hödürlemek” bendi boýunça Robot tehnikasyny programmirlemek ýörite dersiniň esaslyk okuw maksatnamasy we iş meýilnamasy taýýarlanyldy hem-de bu ders 2023 – 2024-nji okuw ýylynyň II ýarymynda maglumat ulgamlary we tehnologiýalary hünäriniň 5-nji ýylynda okadylyp başlandy.

Ýol kartasynyň 3.2. “2023 – 2024-nji okuw ýylynyň ikinji ýarymyndan“ 6. Bilim we pedagogika (mugallymçylyk) ylymlary” bilim ulgamynyň ugruna girýän hünärleriň we taýýarlygyň ugurlarynyň okuw meýilnamalaryna okatmagyň STEM usulyýeti boýunça saýlama dersleri girizmek, dersleriň esaslyk okuw maksatnamalaryny taýýarlamak we Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň Okuw-usuly geňeşine hödürlemek” bendi boýunça esaslyk okuw maksatnamasy we iş maksatnamasy taýýarlanyldy hem-de 2023 – 2024-nji okuw ýylynyň II ýarymynda maglumat ulgamlary we tehnologiýalary hünäriniň 3-nji ýylynda okatmagyň STEM usulyýeti saýlama dersi okadylyp başlandy.

2024 – 2025-nji okuw ýylynyň birinji ýarymyndan bolsa pedagogika bilimi: matematika we informatika, informatika we bilimde maglumat tehnologiýalary, geografiýa we ykdysadyýetiň esaslary bakalawr taýýarlyk ugurlarynda okatmagyň STEM usulyýeti saýlama dersi okadylyp başlandy.

Bu dersi özleşdirmekde talyplara, esasan, STEM çemeleşmäniň ýörelgelerini we psihologik-pedagogik esaslaryny, STEM ulgamynda maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryny, taslama tehnologiýalaryny döretmekde degişli enjamlary peýdalanmagyň usullary, öwrediji robototehnika platformalar, STEM çemeleşme esasynda tehnologik kartalary taýýarlamak işleri öwredilýär.

STEM usulyýeti bilen bilim bermek işini guramagyň esasy maksady dersara baglanyşygyny üpjün etmek, talyplary hemmetaraplaýyn sowatly, ýokary bilimli, innowasion tehnologiýalary döretmekde we dolandyrmakda döwrüň talaplaryna doly laýyk gelýän başarnykly hünärmen edip ýetişdirmekden ybaratdyr. Olaryň STEM usulyýeti arkaly özbaşdak ylmy we amaly, tehnologik hem-de inženerçilik çözgütlerini kabul etmeklerini, ýekebara hem-de toparlaýyn ýumuşlary işjeň ýerine ýetirmeklerini, hünäri boýunça degişli tehnologiýalary dolandyrmaklaryny, özbaşdak öwrenmek we döretmek başarnyklaryny, taslama döredijilik işlerini alyp barmaklaryny gazanmak hem dersi özleşdirmegiň maksadyna degişlidir.

Dünýä tejribesinde STEM usulyýeti umumybilim berýän mekdepleriň başlangyç synplaryndan başlap, orta hünär we ýokary okuw mekdeplerinde okatmagyň netijeli usuly hökmünde bilim işine yzygiderli ornaşdyrylýar. Mugallymlaryň STEM usulyýetinden peýdalanmagyny gazanmak maksady bilen döredilen Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet barada-

ky guramasynyň “ÝUNESCO – AL Fozan” atly halkara baýragy gönüden-göni STEM usulyýeti boýunça ýaş alymlaryň ukyplaryny ýüze çykarmaga gönükdirilendir. Bu bolsa BMG-niň Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde hem STEM usulyýetine aýratyn uly ähmiýet berilýändigini görkezýär. Uniwersitetimizde STEM usulyýetini kämilleşdirmek we onuň mümkinçiliklerini açyp görkezmek maksady bilen, her ýylda halkara derejede geçirilýän “World Skills”, “World Robot Olympiad” ýaly bäsleşiklere, ýarmarkalara we ylmy-amaly, ylmy-usuly maslahatlara işjeň gatnaşmak üçin taýýarlyk işleri alnyp barylýar.

Ylmyň beýleki ugurlary bilen bir hatarda, tebigy we takyk ylmy ugurly dersleri okatmagy kämilleşdirmekde döwrüň talabyna görä, “Emeli aňy” bilim bermek işine ornaşdyrmagyň hem ähmiýeti uludyr. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz 2024-nji ýylyň 22-nji fewralynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisindäki çykyşynda:“Ylmy barlaglaryň depginini ýokarlandyrmak, “Emeli aňy” düýpli we netijeli öwrenmek, ylym we önümçilik babatda işewürligiň hem-de täjirçiligiň täze usullaryny döretmek, ösdürmek, bu ugurda degişli kadalaşdyryjy hukuk namalaryny, innowasiýa ulgamynyň netijeli işlemegi üçin kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny taýýarlamak möhümdir” diýip belledi.

Gahryman Arkadagymyzyň kesgitlän bu möhüm wezipelerinden ugur alyp, 2023 – 2024-nji okuw ýylynyň ikinji ýarymynda uniwersitetiň mugallymçylyk ugurly hünär aýratynlygyny göz öňünde tutup, “Emeli aňy düýpli we netijeli öwrenmegiň Ýol kartasy” işlenilip düzüldi we onuň esasynda okuw sapaklaryny geçirmegiň meýilnamasy taýýarlanyldy. Ýol kartasyna laýyklykda, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymlaryna “ChatGPT we Gemini LLM atly emeli aňlardan” peýdalanmak we ony mugallymçylyk işine tapgyrlaýyn ornaşdyrmak boýunça okuwlar geçirilýär.

Meýilnamada “Emeli aň” çygrynda kadalaşdyryjy namalary taýýarlamak, olary uniwersitetiň okuw we iş dolanyşygynda ulanmak, “ChatGPT we Gemini LLM emeli aňlaryň” mümkinçiliklerini öwrenmek boýunça professor-mugallymlar üçin okuw seminarlaryny guramak, olaryň hünär ussatlygyny “ChatGPT we Gemini LLM emeli aňlary” ulanmak arkaly kämilleşdirmek, başarnyklaryny artdyrmak, okuw dersleriniň iş maksatnamalaryna “Emeli aň” barada temalary girizmek, “Emeli aňy” uniwersitetiň fakultetlerinde hereket edýän ylmy gurnaklaryň işinde peýdalanmak, ChatGPT “Emeli aňy” ulanmak arkaly daşary ýurt dillerini okatmagyň iş meýilnamalaryny taýýarlamak we olary kämilleşdirmek, tebigy we takyk ylymlar boýunça ylmy-barlag merkezinde “Emeli aňy” peýdalanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak işleri göz öňünde tutulandyr.

2024-nji ýylyň 29-njy iýunynda Gahryman Arkadagymyz tarapyndan asman jisimlerini öwrenýän “Kosmos – Ýer” jemgyýetiniň asman giňişligindäki ýyldyzlaryň birine “Arkadag” adynyň dakylandygyny tassyklaýan güwänamasynyň, şeýle-de, teleskopyň we onuň düşüren suratlarynyň uniwersitetimize sowgat berilmegi hem-de olaryň fizika-matematika fakultetiniň binasyndaky obserwatoriýanyň okuw otagynda ýerleşdirilmegi bu ugurda professor-mugallymlaryň we talyplaryň öňdebaryjy tejribeler esasynda ylmy-barlag işlerini alyp barmagyna täze mümkinçilikleri döretdi. Häzirki wagtda tejribeli professor-mugallymlaryň ýolbaşçylygynda ýaş mugallymlar we astronomiýa hünäriniň talyplary tarapyndan Älem giňişligindäki asman jisimlerine, şol sanda, “Arkadag” ýyldyzyna geçirilýän ylmy gözegçilikleriň netijeleri degişli dersleri okatmakda innowasion usul, ylmy gurnaklarda bolsa täze ylmy maglumatlar hökmünde peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, tebigy we takyk ugurlara degişli dersleri okatmak barha kämilleşdirilýär. Bu bolsa häzirki zaman okuw-usuly işleri guramakdan edilýän döwrebap talapdyr.

Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, türkmen halkynyň abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagy, ýurdumyzyň gülläp ösmegi ugrunda amala aşyrýan tutumly işleriniň hemişe rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris!

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 27-nji awgusty**

Gurbanmyrat Mezilow

# BILIM, YLYM, INNOWASIÝALAR – MILLI YKDYSADYÝETIŇ ÄHLI ÖSÜŞLERINIŇ GÖZBAŞY

Gahryman Arkadagymyzyň parasatly we öňdengörüjilikli başlangyçlarynyň Arkadagly Gahryman Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde, ýurdumyzda ylmyň, bilimiň, innowasiýalaryň we önümçiligiň bitewüligini emele getirmek, ylmyň, bilimiň, senagatyň häzirki zaman täze ugurlaryny özünde jemleýän ylmy-önümçilik toplumlaryny döretmek, ösdürmek, ýaşlara täze bilimleri bermek we olary ylma doly çekmek üçin ähli şertler döredilýär.

Ykdysadyýetiň ähli ugurlar boýunça globallaşmagy, çylşyrymlylaşmagy we sanlylaşdyrylmagy, tebigatyň täze düýpli kanunlarynyň açylmagy we bilimiň hem-de ylmyň ýokary depginler bilen täzelenmegi, tehnologiýalaryň çalt üýtgemegi, ösmegi, halkyň ykdysady-durmuş ýagdaýynyň ýokary derejelere galmagy häzirki zaman dünýäsiniň esasy aýratynlyklaryny emele getirýär.

Şu nukdaýnazardan, innowasion tehnologiýalary döretmäge ukyply ýokary derejeli ýaş hünärmenleri taýýarlamak, ýaşlaryň intellektual aýratynlyklaryny, zehinini, başarnyklaryny, aňbilim, ylym, medeniýet we beýleki ukyplaryny ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmek üçin doly we dogry ulanmak, olary halkymyzyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga ugrukdyrylan iş bilen üpjün etmek döwlet syýasatynyň wajyp ugurlarynyň biridir.

Häzirki zaman dünýäsinde bilim ösüşiň esasyny düzýär we bäsdeşligiň çeşmesi bolup çykyş edýär. Täze bilimleri döretmäge, olary guramaçylykly dolandyrmakda, täze tehnologiýalary we önümleri döretmekde ulanmaga ukyply ýurtlar, sebitler, edara-kärhanalar öňdäki orunlary eýeleýärler.

Bilimi ösdürijiler we göterijiler bolup zehinli ýaşlar çykyş edýärler. Şu nukdaýnazardan, çalt ösýän we özgerýän häzirki zaman dünýäsinde adam maýasyny (kapitalyny), zehinli işgärleriň mümkinçiliklerini amatly dolandyrmagyň strategik ähmiýeti bardyr. Edara-kärhanalaryň ykdysady we innowasion ösüşini, täze önümleri we tehnologiýalary, netijeli önümçiligi, önümçilik gatnaşyklaryny ýola goýmagyň esasy çeşmesi we hereketlendiriji güýji bolup durýan başarnykly işgärlere, zehinli ýaşlara bolan isleg bütin dünýäde wajyp meseleleriň biri hasaplanylýar. Şol sebäpli innowasiýalary döretmäge ukyply zehinli ýaşlar ösüşiň we üstünligiň esasy güýjüdir, bäsdeşlikde düýp artykmaçlykdyr. Zehinli ýaşlar dünýäniň ähli ýerinde hemmelere gerek. Türkmenistanda hem bu meseläni oňyn çözmek ýurdumyzyň toplumlaýyn ösüşiniň esasyny düzýär.

Ylmyň inženerlik, tehnologiýalar we innowasiýalar ugurlary hünärmenden tebigatyň kanunlaryndan baş çykaryp, biliminiň köptaraplaýyn, dünýägaraýşynyň giň bolmagyny, ulgamlaýyn pikirlenmegini, täzeçe netije çykarmagyny we adaty däl çözgütleri kabul etmegi başarmagyny talap edýär. Şol sebäpden, olary çagalykdan bu ugurlara gönükdirmek we taýýarlamak zerurdyr. Häzirki wagtda uniwersitetimizde bu ugurlary ösdürmek, ýaşlary bilime we ylma çekmek babatda zerur tejribeler gazanyldy. Munuň özi çagalarda inženerlik we tehnologiýalar ugurly hünärlere bolan höwesi we söýgini döretmäge mümkinçilik berýär.

“Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny” durmuşa geçirmegiň meýilnamasyna laýyklykda, şeýle hem ýokary we orta bilimiň arabaglanyşygyny ýola goýmak, orta mekdebiň okuwçylaryny ýokary bilim almaga höweslendirmek, olaryň aýratyn zehinlilerini saýlap almak, geljekde kämil inženerleri we tehnologlary ýetişdirmek maksady bilen, uniwersitetimizde “Oguz hanyň zehinli nesilleri” atly integrirlenen olimpiadany we Innowasion tehnologiýalaryň taslama bäsleşigini geçirmek däbe öwrüldi. Integrirlenen olimpiada matematika, fizika, himiýa, biologiýa, informatika we iňlis dili ugurlary boýunça üç tapgyrda geçirilýär.

Olimpiadanyň birinji – etrap tapgyryna 2023-nji ýylda 23362 we 2024-nji ýylda 18572 mekdep okuwçysy gatnaşdy. Bu tapgyrda 2023-nji ýylda 1448, 2024-nji ýylda bolsa 776 okuwçy ýeňiji diýlip yglan edildi. Ýeňijiler “Oguz hanyň zehinli nesilleri” atly altyn gaznanyň III derejeli agzalary diýlip kabul edildi.

Olimpiadanyň ikinji – welaýat we Aşgabat şäher tapgyrlaryna 2023-nji ýylda 1448, 2024-nji ýylda 884 okuwçy gatnaşdy. Şol tapgyryň ýeňijileri olimpiadanyň üçünji – jemleýji tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazandylar. Üçünji tapgyr uniwersitetimiziň özünde bir hepdäniň dowamynda okuwçylaryň tomusky dynç alyş döwründe Tomusky mekdep görnüşinde geçirilýär. Bu tapgyra 2023-nji ýylda 120, 2024-nji ýylda bolsa 52 okuwçy gatnaşdy.

Tomusky mekdep döwründe okuwçylar uniwersitetimiz, Aşgabat şäheriniň gözel ýerleri bilen tanyşdyryldy. Olara ýörite beýanlar (umumy sapaklar) okaldy, mesele çözmegiň usullary öwredildi, medeni çäreler geçirildi.

Her tapgyryň ýeňijileri uniwersitetiň degişli derejeli Hormat hatlary bilen sylaglanyldy we olaryň ata-enelerine Minnetdarlyk hatlary ugradyldy.

2023-nji ýylda Tomusky mekdebe ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda we Aşgabat şäherinde ikinji tapgyrda ýeňiji bolan 120 okuwçy kabul edildi, olara *matematika, fizika, himiýa, biologiýa, informatika we iňlis dili derslerinden* ýumuşlar berildi. Olimpiadanyň bu tapgyrynda ýurdumyz boýunça 31 okuwçy ýeňiji diýlip saýlanyldy we ol okuwçylar “Oguz hanyň zehinli nesilleri” atly altyn gaznanyň I derejeli agzalygyna kabul edildi. Ýeňiji bolan mekdep okuwçylaryna uniwersitet tarapyndan diplomlar, medallar we ýadygärlik sowgatlary gowşuryldy.

2023 – 2024-nji okuw ýylynda olimpiada gatnaşan okuwçylaryň 113-si Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetine talyplyga kabul edildi.

2024-nji ýylda üçünji tapgyra jemi 52 okuwçy gatnaşdy we şolaryň 21-si ýeňiji boldy. Ol okuwçylar “Oguz hanyň zehinli nesilleri” atly altyn gaznanyň I derejeli agzasy diýlip yglan edildi. Şu ýyl uniwersitetimize olimpiada gatnaşan 16 okuwçy talyplyga kabul edildi.

Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener tehnologiýalar uniwersitetinde geçirilýän çärelere işjeň gatnaşýan Aşgabat şäherinden Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internaty, 86-njy ýöriteleşdirilen mekdebi, Daşoguz welaýatyndan 26-njy mekdebi, Lebap welaýatyndan 28-nji we 41-nji mekdepleri, Mary welaýatyndan 43-nji mekdebi, Balkan welaýatyndan 22-nji mekdebi aýratyn bellemek zerur.

Ýaşlary köpçülikleýin ylma çekmek we höweslendirmek maksady bilen, ýurdumyzda bellenilýän Ylymlar güni mynasybetli uniwersitetimizde 2023-nji we 2024-nji ýyllarda Innowasion tehnologiýalaryň bäsleşigi geçirildi.

2023-nji ýylda 700-e golaý, 2024-nji ýylda bolsa 1000-e golaý iş hasaba alyndy. 2023-nji ýylda 700 işiň 71-siniň awtorlary mekdep okuwçylary bolup, olaryň 5-si baýrakly orunlary eýeledi. Baýrakly orunlara mynasyp bolan 2 okuwçy biziň uniwersitetimize kabul edildi (Baş baýrak we I ýer alan). 2024-nji ýylda 1000 işiň 146-sy mekdep okuwçylarynyň işleri bolup, olaryň 7-si baýrakly orunlary eýeledi. Bäsleşige gatnaşan okuwçylaryň 5-si uniwersitetimize talyplyga kabul edildi (I – III orun, 4 – höweslendiriji baýrak).

Uniwersitetimizde şeýle çäreleriň yzygiderli geçirilmegi daşary ýurt hünärmenlerinde hem uly gyzyklanma döredýär. Şu ýylky geçirilen taslama bäsleşigine daşary ýurtly myhmanlar hem gatnaşdylar we emin agzasy hökmünde işlere baha berdiler. Şu ýyl dünýä uniwersitetleriniň reýtingini bahalandyrýan Times Higher Education guramasy THE Awards Asia bäsleşigini geçirdi. Zehinli ýaşlary uniwersitete okuwa çekmek üçin geçirilýän Student Recruitment Campaign of the year ugry boýunça bäsleşikde Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersiteti Aziýa uniwersitetleriniň arasynda ilkinji sekizlige düşmegi başardy. Munuň özi zehinli ýaşlary bilime we ylma höweslendirmäge, yhlasly, erjel talyplaryň jemgyýetini döretmäge doly mümkinçilik berýär. Uniwersitetiň saýtynda ýeňijileriň sanawy, meseleleri çözmegiň usullary yzygiderli ýerleşdirilýär.

Biziň tejribämiziň görkezişi we ýokardaky sanlardan görnüşi ýaly, ýurdumyzda zehinli, başarjaň, dünýäniň zähmet bazarynda bäsleşige ukyply ýaşlar örän köp. Olary dogry ýola ugrukdyrmak, zehinlerini has açmak üçin ähli şertleri döretmek, durmuşda öz orunlaryny tapmaklary üçin ýardam bermek, ýurdumyzda adam kapitalyny ösdürmek bilim ulgamynyň öňündäki örän wajyp meselelerdir. Şu meseleleri oňyn çözmek üçin Gahryman Arkadagymyz we Arkadagly Gahryman Serdarymyz ähli şertleri we mümkinçilikleri döredýär. Bize bolsa diňe şol mümkinçiliklerden peýdalanmak galýar. Bu meseleleri çözmekde orta we ýokary okuw mekdepleriniň arabaglanyşygyny

berkitmek, ýokary okuw mekdepleriniň ähli mümkinçiliklerini rejeli peýdalanmak, şägirt-halypa gatnaşyklaryny ösdürmek, iň esasy bolsa ýaşlaryň bilime, ylma we döretmäge bolan isleglerini kanagatlandyrmak zerur.

Dünýä tejribesinden we öz tejribämizden ugur alyp, aşakdakylary teklip edýäris:

1. Dünýä standartlaryna gabat gelýän, bilimiň we ylmyň ileri tutulýan ugurlaryny öwrenmäge gönükdirilen, bilimiň öňdebaryjy tehnologiýalaryny iş tejribesine ornaşdyrmaga mümkinçilik berýän, aýratyn zehinli okuwçylara niýetlenen "Döwrebap mekdep", "Innowasion mekdep" ýaly döwlet maksatnamalary işlenilip taýýarlanylsa we durmuşa ornaşdyrylsa hem-de şolaryň esasynda uniwersitetler innowasion görnüşe geçirilse, maksadalaýyk bolardy.

2. Täze görnüşli mekdeplerde okadylýan dersleriň maksatnamalaryny kämilleşdirmek, okuwçylaryň özbaşdak işlerini ýola goýmak zerur. Bu maksatnamalarda häzirki zaman ylmynyň öňdebaryjy ugurlary bolan nano, bio we maglumat, sanly, akylly tehnologiýalar barada esasy düşünjeleri bermek gerek. Kwant kompýuterleri, nanoelektronika, robot tehnikasy, sanly we akylly tehnologiýalar, neýrotorlar, emeli aň, uly göwrümli maglumatlar, kiberhowpsuzlyk, kibersport, fijital, biotehnologiýa, öýjük we molekulýar biologiýa, genetika we bioinžiniring, "akylly" materiallar, innowasiýalaryň ykdysadyýeti, menejmenti, marketingi we beýleki ugurlar boýunça ilkinji düşünjeleri alan ýaşlara geljekki hünärini dogry saýlamak üçin uly mümkinçilikler döreýär.

3. Gyzyklanýan okuwçylara taslama işlerini ýerine ýetirmek üçin ähli şertleri döretmek esasy meseledir. Adaty mekdeplerden tapawutlylykda, esasy sapaklardan soň okuwçylaryň barlaghanalarda işlemeklerine, goşmaça sapaklarda bilimlerini kämilleşdirmeklerine, standart däl meseleleri çözmeklerine, amaly endikleri, tejribe geçirmek ukyplaryny almaklaryna üns bermek zerur.

4. Innowasion mekdepler ýokary okuw mekdepleriniň ýanynda döredilse, maksadalaýyk bolardy. Şu nukdaýnazardan, ýurdumyzda ilkinji innowasion mekdebi Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetinde "Ýaş inženerleriň gimnaziýasy" görnüşinde döretmegi teklip edýäris.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň bilim, ylym ulgamlaryny halkara standartlaryna laýyklykda ösdürmekde amala aşyran belent başlangyçlary Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Serdar Berdimuhamedow tarapyndan üstünlikli dowam etdirilýär we olar milli ykdysadyýetimiziň ähli ösüşleriniň gözbaşyna öwrülýär. Şeýlelikde, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan alnyp barylýan ylym-bilim syýasaty barha rowaçlanýar. Döwlet Baştutanymyzyň beýik başlangyçlarynda döwrümiziň ylmy-tehniki ösüşiniň gazananlaryna, täze tehnologiýalara, bilimlere we innowasiýalara daýanyp, ýurdumyzda ylmy, bilimi dünýä ülňülerine laýyklykda kämilleşdirmek babatda uly tejribe toplanyldy.

Aýdylanlaryň hemmesi Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Prezidentimiziň bilim we ylym ulgamynyň öňünde goýýan wajyp meselelerini oňyn çözmäge, pajarlap ösýän, özgerýän Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň, senagatynyň ähli pudaklary üçin döwrebap bilimlerden, tehnologiýalardan baş çykaryp bilýän ýaş hünärmenleri çagalykdan taýýarlamaga mümkinçilik berýär. Öňde goýlan meseleleri döwrebap usullar arkaly çözmekde Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň tejribesiniň, ähli zerur şertleriniň we mümkinçilikleriniň bardygyny aýratyn belläp geçmek bolar. Şeýle mümkinçilikleriň sakasynda Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň durandygy buýsançlydyr.

Mähriban Watanymyzyň geljekki ösüşleriniň kepili bolan bilim we ylym ulgamyny ösdürmekde alyp barýan işleri we döredýän giň mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Prezidentimize köp sagbolsun aýdýarys. Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak, mertebeleri belent, ähli tutumly işleri hemişe rowaç bolsun!

**Türkmenistanyň Oguz han adyndaky
Inžener-tehnologiýalar uniwersiteti**

**Kabul edilen wagty
2024-nji ýylyň 27-nji awgusty**

**Batyr Mämmedow**

# ÝAŞ INŽENERLER ÝURDUMYZYŇ GUWANJYDYR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz hem-de Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamy günsaýyn döwrebaplaşdyrylýar.

"Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" ýylynda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Türkmenistan döwletimiz ösüşleriň täze belentliklerine tarap bedew bady bilen öňe barýar. Gahryman Prezidentimiziň tagallalary bilen ýurdumyzyň bilim ulgamynyň kanunçylyk esaslary kämilleşdirilýär, maddy-enjamlaýyn binýady berkidilýär, çalt depginler bilen ösýän sanly ykdysadyýetimiziň zerurlyklary nazara alnyp, täze hünärler girizilýär, innowasion usullar okuw işine işjeň ornaşdyrylýar.

Hormatly Prezidentimiziň ylym-bilim ulgamynyň ösdürilmegine aýratyn üns bermegi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň döwrebaplaşmagyna giň mümkinçilikleri döredýär. Eziz Watanymyzyň geljegi bolan ýaşlaryň döwrebap bilim-terbiýe almagy, hünär öwrenmegi babatdaky taýsyz tagallalar we döredilýän şertler röwşen geljegimizi kepillendirýär. "Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy" we "Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasyny amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasy" ýurdumyzyň bilim edaralarynda täze tehnologiýalardan baş çykarýan, döwrebap hünärmenleri taýýarlamaga giň mümkinçilikleri döretdi. Resminamanyň esasy maksady: umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini döwrebaplaşdyrmagyň esasynda dünýä jemgyýetçiliginde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň bähbitlerini goramaga taýýar, çuňňur bilimli, döredijilikli pikirlenip bilýän, watansöýüji, zähmetsöýer, ahlak taýdan arassa, hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösen kämil şahsyýetleri kemala getirmekden we ösdürmekden; okatmagyň hilini yzygiderli ýokarlandyrmakdan we has-da kämilleşdirmekden, berilýän bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmakdan, ýokary hünärli pedagogik işgärleri magistraturalarda, aspiranturalarda we doktoranturalarda taýýarlamagyň gerimini giňeltmekden we hilini ýokarlandyrmakdan; okuw-terbiýeçilik işlerinde sanly serişdeleriň mümkinçiliklerini peýdalanmagyň gerimini giňeltmekden we depginini çaltlandyrmakdan; pedagogik işgärleriň döredijilik başarnyklaryny we hünär ussatlygyny döwrüň talaplaryna laýyklykda ýokarlandyrmakdan; ýaşlara geljekde mugallymçylyk hünärini saýlamaga ýardam bermekden; pedagogik ugurly orta we ýokary hünär okuw mekdeplerinde geljekki pedagog işgärleri taýýarlamagyň, olaryň okatmagyň usulyýeti babatdaky nazaryýet we tejribe taýdan taýýarlyklarynyň derejesini ýokarlandyrmakdan; bilim pudagynyň özüne çekijiligini ýokarlandyrmak we halkara derejesinde bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmekden; okaýanlaryň, ata-eneleriň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň abraýyna we mertebesine hormat goýmakdan, ruhy, ahlak we estetik taýdan özüni göreldeli alyp barmakdan we daşky keşbi bilen okaýanlara görelde bolmakdan; okuwçylaryň bilimini bahalandyrmagyň halkara maksatnamasynyň (PISA) öňdeligine laýyklykda, 2028-nji ýyla çenli Türkmenistanyň dünýäniň bilim giňişligine sazlaşykly goşulmagyny gazanmakdan ybaratdyr.

Gahryman Arkadagymyzyň ýaş nesliň hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösüşini üpjün etmek babatda kesgitlän wezipelerinden ugur alnyp, Arkadagly Serdarymyz tarapyndan amala aşyrylýan bilim syýasatyna laýyklykda, ýurdumyzyň bilim edaralarynda okatmagyň we terbiýelemegiň mazmunynyň häzirki zaman pedagogika ylmynda ýetilen sepgitleriň, öňdebaryjy iş tejribeleriniň esasynda yzygiderli baýlaşdyrylmagyna, usulyýetiniň döwrebaplaşdyrylmagyna möhüm ähmiýet berilýär. "Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasynyň" maksadyna we wezipelerine laýyklykda, 2028-nji ýyla çenli döwrüň dowamynda umumybilim maksatnamalary boýunça bilimiň ähli derejelerinde okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek babatda möhüm işler durmuşa geçiriler.

Ýokary hünär bilimi maksatnamalary boýunça hünärmenleri taýýarlamagyň hilini kämilleşdirmek işi, adatça, innowasiýalaryň ykdysadyýetiniň kemala gelmegi, täze önümleri we hyzmatlary döretmäge mümkinçilik berýän maddy tehnologiýalaryň ösüşi bi-

len kesgitlenýär. Hormatly Prezidentimiziň tagallalary netijesinde ýurdumyzyň bäsdeşlige ukyplylygy ykdysadyýete, medeniýete hem-de dolandyryş ulgamyna ornaşdyrylýan döwrebap intellektual tehnologiýalaryň esasynda ösdürilýär. Ýurduň medeni, taryhy, durmuş, ykdysady, syýasy, howa aýratynlyklaryndan we tebigy baýlyklaryndan ugur alyp, öňdebaryjy durmuş-ykdysady, şol sanda, ýurdy dolandyrmak hem-de ösdürmek boýunça innowasion tehnologiýalar we maksatnamalar işlenilip taýýarlanylýar. Ýurduň ykdysady ösüşi we halkyň ýaşaýşynyň hiliniň gowulanmagy, ilkinji nobatda, bilimleriň, maglumatlaryň toplanmagy, zerur bolan hünärmenleriň, adam gorlarynyň ösüş derejesi, ylmyň we tehnologiýalaryň önümçilige ornaşdyrylyşy, ýagny baýlygyň maddy däl görnüşleri bilen kesgitlenýär. Ýokary okuw mekdepleri dürli ugurlar boýunça ýaş, zehinli hünärmenleri, alymlary işe çekmek bilen, täze bilimleri, ylmy-barlag, taslama-konstruktorçylyk işlerini diwersifikasiýa ýoly bilen toplumlaýyn ösdürmäge, okatmagyň täze usullaryny işläp taýýarlamaga, ýaýratmaga, bilimiň, ylmy işleriň hilini dünýä standartlaryna ýetirmäge, özbaşdak işlemäge we öz-özüni dolandyrmaga ukyplydyr. Ýurdumyzda halkymyzyň durmuş-ykdysady ýagdaýynyň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen giň möçberli taslamalaryň durmuşa geçirilmegi dünýä standartlaryna gabat gelýän ýokary okuw mekdeplerini döretmegiň zerurdygyny şertlendirýär.

“Inžener ugurly ýokary okuw mekdeplerine okatmagyň STEM usulyýetini tapgyrlaýyn ornaşdyrmagyň 2024-nji ýyl üçin Ýol kartasyna” laýyklykda, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda 2023 – 2024-nji okuw ýylynyň ikinji ýarymýyllygynda okatmagyň STEM usulyndan peýdalanyp, taýýarlygyň ugurlarynyň bäş sanysynyň hünär derslerinden özbaşdak okuw maksatnamalary taýýarlanyldy. Olara: Kartografiýa we geoinformatika taýýarlygynyň ugry boýunça *geodeziýa dersinden*; Himiýa tehnologiýasy (senagat pudagynda) taýýarlygyň ugry boýunça *mineral dökünleriň we aşgarlaryň tehnologiýasy dersinden*; Kompýuter ulgamynyň programma üpjünçiligine taýýarlygyň ugry boýunça *kompýuter programma inženerçiligine giriş dersinden*; Logistika (senagat pudagynda) taýýarlygyň ugry boýunça *logistika dersinden*; Önümçiligiň ykdysadyýetine we guralyşyna taýýarlygyň ugry boýunça *ykdysady nazaryýet dersinden* maksatnamalar degişlidir.

Bu okuw maksatnamalarynda mugallymyň ýolbaşçylygyndaky STEM usuly arkaly talyplaryň özbaşdak işlerini guramak, talyplara özbaşdak işlemegiň esasy endiklerini we ukyplaryny öwretmek, şeýle hem, bu ders boýunça STEM usulyýeti bilen bilim bermek işini guramakda dersara baglanyşygy üpjün etmek, ýaşlary hemmetaraplaýyn sowatly edip ýetişdirmek, döwrüň talaplaryna laýyklykda zerur bolan başarnyklary ýaşlara gazandyrmak esasy maksatlaryň biridir. Bu maksatnamalarda okatmagyň STEM usulyýetini ulanmak arkaly özbaşdak barlag, hasap-çyzgy işlerini ýerine ýetirmek boýunça ýumuşlar göz öňünde tutuldy.

Häzirki wagtda okatmagyň STEM usulyýetini tapgyrlaýyn ornaşdyrmak boýunça degişli işler dowam etdirilýär. Täze ugurlarda hünärmenleri taýýarlamak üçin, dünýäniň abraýly uniwersitetleri bilen hyzmatdaşlyk etmekde bilelikdäki bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirmek barada hormatly Prezidentimiziň berýän goldawlary esasynda institutymyzyň ylym-bilim ulgamynda hyzmatdaşlyk saklaýan 8 sany ýokary okuw mekdebi bilen ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýanyň derwaýys meseleleri boýunça sanly ulgam arkaly okuwlar, halkara ylmy maslahatlar, seminarlar, Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän daşary ýurt diplomatik hem-de beýleki halkara guramalarynyň wekilhanalarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklar guralýar. Talyp ýaşlar halkara ýokary okuw mekdepleriniň arasynda geçirilen ders, taslama, internet we sport bäsleşiklerine gatnaşyp, baýrakly orunlara mynasyp boldular.

Çuňňur hormatlanylýan belent mertebeli Prezidentimize Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň täze binalar toplumyny gurmaga beren badalgasy hem-de bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmakdaky yzygiderli aladalary, goldaw-hemaýatlary üçin ähli bilim işgärleriniň adyndan hoşallygymyzy bildirýäris. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe mynasyp hünärmenleri taýýarlamakda döredip berýän uly mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys.

**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 2-nji oktýabry**

**Ogulgurban Geldiýewa**

# TÜRKMENISTANDA DAŞARY ÝURT DILLERINI OKATMAGY KÄMILLEŞDIRMEK IŞINDE ÝETILEN SEPGITLER WE ÖŇDE DURÝAN WEZIPELER

Hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň bilim ulgamyny ösdürmek babatda öňe sürýän başlangyçlary esasynda durmuşa geçirilýän düýpli maksatnamalar Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaş nesle döwrebap bilim-terbiýe bermegiň binýadyna öwrüldi. Arkadagly Gahryman Serdarymyz bilim ulgamynda alnyp barylýan işleriň netijeleri barada aýtmak bilen, şeýle belläp geçýär: "Ýurdumyzyň ýokary we orta okuw mekdeplerinde ýaşlar her bir dili öz geljekki hünärleri bilen baglanyşykly öwrenýärler. Bu bolsa her bir daşary ýurt diliniň hünär ugry boýunça öwrenilýändigini aňladýar" (*Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: TDNG, 2023. 109 s.).

Türkmenistanda daşary ýurt dillerini netijeli okatmak işinde Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň ajaýyp kitaplarynyň daşary ýurt dillerine edilen terjimeleriniň okuw-usuly çeşmeler hökmünde giňden ulanylýandygy guwandyryjydyr.

Daşary ýurt dillerini okatmak işini talabalaýyk guramak, onuň täzeçillige esaslanýan we netijeli usulyýetini üpjün etmek ylmy barlaglar bilen berk baglanyşykly usuly işlerimiziň baş maksadydyr.

"Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasynyň", "Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasynyň" üstünlikli durmuşa geçirilmegi ýurdumyzyň bilim ulgamynyň belent sepgitlere ýetendigine şaýatlyk edýär. Şonuň esasynda "Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdeplerinde we hünär bilimi edaralarynda okaýanlaryň daşary ýurt dillerini özleşdiriş derejesini bahalandyrmagyň Tertibine" laýyklykda, ýurdumyzyň hünär bilimi edaralarynda okaýanlaryň daşary ýurt dillerini özleşdiriş derejesini bahalandyrmak işi geçirildi.

Daşary ýurt dillerini okatmakda usulyýet üpjünçiliginiň döwrebap bolmagyny, onuň netijeliliginiň we yzygiderliliginiň kämilleşdirilip durulmagyny gazanmak esasy wezipeleriň biridir. Belli bolşy ýaly, ýurdumyzda daşary ýurt dillerini hünär hökmünde we hünär maksatlary üçin okatmaga aýratyn uly üns berilýär. Bu ulgamda alnyp barylýan işleriň guramaçylyk-usulyýet esaslaryny yzygiderli kämilleşdirip durmak okatmagyň netijeliligini gazanmaga mümkinçilik berýär. Hut şu jähetden ugur alyp, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň ýanynda hereket edýän *Dilleri okatmak boýunça Utgaşdyryjy geňeşiň* meýilnamasynda ýurdumyzyň ýokary, ýörite orta okuw mekdeplerinde, mekdebe çenli bilim edaralarynda daşary ýurt dilleriniň okadylyşyny barlamak, seljermek we usuly maslahat bermek göz öňünde tutulýar. Döwletimizde dil syýasaty boýunça geçirilýän işleri okuw-usulyýet taýdan utgaşdyrmak bilim edaralarynda dilleri öwredýän mugallymlaryň tagallalaryny birleşdirýär.

Bilim bermegiň hilini dünýä standartlaryna laýyk getirmek, okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek, bu ugurda innowasion usullary okuw işine giňden ornaşdyrmak, mugallymlaryň döredijilik başarnyklaryny hem-de ussatlygyny has-da ýokarlandyrmak maksady bilen, "Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy" tassyklandy. Konsepsiýany durmuşa geçirmegiň Meýilnamasynda bellenen çäreleriň ýerine ýetirilmegi daşary ýurt dillerini okatmagyň usulyýetini has-da kämilleşdirmäge, mugallymlaryň hünär derejesini düýpli ýokarlandyrmaga, okatmagyň netijeli usullaryny giňden ornaşdyrmaga mümkinçilik berer.

Ýurdumyzda bilim ulgamyny özgertmekde giň halkara hyzmatdaşlygyny ýola goýmak we ösdürmek möhüm ähmiýete eýedir. Häzirki wagtda dünýäniň köp ýurtlary bilen bilim-ylym babatda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň gerimi giňeldilýär. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň köpüsi dünýäniň öňdebaryjy ylym-bilim merkezleri bilen hyzmatdaşlyk etmek barada ähtnamalary, şertnamalary baglaşýar. Olarda bellenen çäreler işjeň durmuşa geçirilýär.

Bilim ulgamynda ýola goýlan halkara hyzmatdaşlyk daşary ýurt dillerini okatmak işinde hem anyk çäreleriň durmuşa geçirilmegini göz öňünde

tutýar. Olaryň arasynda ýokary bilim ulgamynda mugallymlaryň we talyplaryň alyş-çalşygyny ýola goýmak, *onlaýn* we *oflaýn* tertipde maslahatlary geçirmek, bilelikdäki ylmy-usuly taslamalary amal etmek, usulyýet babatda tejribe alyşmak ýurdumyzda amala aşyrylýan bilim özgertmeleriniň netijeliligine öz täsirini ýetirýär. Munuň aýdyň subutnamasyny ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinden talyplaryň halkara hyzmatdaşlygynda ýola goýlan bir ýyllyk okuw saparlaryna tejribelige, professor-mugallymlaryň bolsa hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça okuw we iş saparlaryna ugradylmagynda gazanylýan oňyn netijeler görkezýär.

Türkmenistanyň bilim, ylmy-önümçilik edaralarynda ÝUNESKO-nyň ýöriteleşdirilen kafedralarynyň, klublarynyň we merkezleriniň döredilmegi daşary ýurt dillerini okatmak ulgamyna täze çemeleşmeleriň giňden ornaşdyrylmagyna, talyplaryň syýasy, medeni sowatlylygynyň ýokarlanmagy netijesinde parahatçylygyň ýörelgelerine ygrarly bolmagyna itergi berýär. Olaryň ýardam bermeginde dürli usuly maslahatlar, intellektual bäsleşikler we festiwallar, okuw-usuly häsiýetli çäreler yzygiderli geçirilip durulýar.

Mekdep okuwçylarynyň, talyplaryň, ýaş alymlaryň arasynda döwlet we halkara derejesinde ders bäsleşikleriniň geçirilmeginiň indi däbe öwrülendigini uly buýsanç bilen agzap bolar. Ýurdumyzyň bilim edaralarynda daşary ýurt dillerini okatmak işinde ýaşlarymyzyň toplan bilimlerini düýpli berkitmäge mümkinçilik berýän möhüm işleriň arasynda talyplaryň we mekdep okuwçylarynyň işjeň gatnaşmagynda geçirilýän döredijilik bäsleşiklerini, dil hepdeliklerini, wiktorinalary, breýn-ringleri, edebi-sazly çykyşlary, konsertleri, festiwallary bellemek bolar. Bu ugurda alnyp barylýan işleriň gerimini has-da giňeltmek maksady bilen, teleýaýlymlarda çagalar we dürli ýaşdaky dil öwrenmäge höwesjeňlere niýetlenen daşary ýurt dillerini öwretmek boýunça okuw sapaklary ýaş mugallymlar tarapyndan uly höwes bilen taýýarlanyp, yzygiderli ýaýlyma berilýär.

Dilleri bilmek zerurlygy häzirki dünýäniň ruhy hem ahlak ösüşi bilen baglanyşykda ýüze çykdy. Şu nukdaýnazardan, ýurdumyzyň dünýä giňişligine aralaşmagynda dilleriň hyzmaty uludyr. Köp dil bilen hünärmen, işewür, iri kompaniýanyň ýolbaşçysy daşary ýurt hyzmatdaşlary bilen işjeň gatnaşyklary guramaga ukyply bolýar.

Halkara dillerini özleşdirenler daşary ýurtly hyzmatdaşlary bilen syýasy, ykdysady, medeni, ynsanperwer gatnaşyklarynda we hyzmatdaşlyklarynda öňdebaryjy orny eýelemek bilen, türkmen jemgyýetiniň milli we umumadamzat ähmiýetli gatnaşyklary esasynda ösmegi, kämilleşmegi üçin bahasyna ýetip bolmajak hyzmatlary bitirip bilýär.

“Köp dil bilen dünýäni biler” diýen ýörgünli pähime eýerip, ýaşlaryň daşary ýurt dillerini bilmeginiň döwletimizi dünýäniň ösen ýurtlarynyň hataryna çykarmakda hyzmaty uludyr. Şu nukdaýnazardan, ýurdumyzyň bilim edaralarynda daşary ýurt dilleriniň okadylyşyny innowasion tehnologiýalarda, milli we dünýä tejribeleriniň esasynda düýpli özgertmek boýunça alnyp barylýan işler bilen, oňat netijelere eýe bolýarys.

Mugallymçylyk ugurly ýörite orta we ýokary okuw mekdeplerinde dil öwrediş merkezleri, mugallymlary kämilleşdiriş, hünär derejesini ýokarlandyryş fakultetleri döredildi. Olarda käriňe kämilleşmegiň ylmy-usulyýet esaslary boýunça ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, ylmy merkezleriň alymlary dilleri özleşdirmegiň meseleleri boýunça okuwlary guraýarlar, *onlaýn* tertipde halkara maslahatlary, synag-seljeriş çäreleri geçirilýär.

Eziz Diýarymyzda durmuşa geçirilýän bilim özgertmeleriniň möhüm ugurlarynyň biri bolan daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmekde biziň öňümizde geljekde hem uly wezipeler durýar. Şol wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek üçin zerur şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza bilim işgärleriniň alkyşlary çäksizdir.

Goý, ösüp gelýän ýaş neslimiz barada uly aladalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, Watanymyzyň geljegi bolan ýaşlary bilimli, ylymly we gujurly edip ýetişdirmek ugrunda alyp barýan beýik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 30-njy sentýabry**

## Esen Atdaýew

# DÖREDIJILIKLI ZÄHMETE BADALGA

Türkmenistan döwletimiz dünýä we sebit bähbitli özgertmeler bilen ak ertirleri nazarlap, ynamly öňe barýar. Ýurdumyzyň durmuşynyň täze ösüşlere beslenýän, röwşen geljege batly gadamlar bilen barýan Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri her birimize ulu-uly üstünlikleri, beýik ýeňişleri buşlaýar.

Her bir döwletiň binýadynyň berkliginiň, ösüşiniň ýokary depgininiň, ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýurtda alnyp barylýan bilim-ylym syýasaty bilen berk baglydygyny alym Arkadagymyz bilim edaralarynyň işgärleriniň öňünde iňňän jogapkärli wezipeleriň hatarynda goýýar.

Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde Diýarymyzda bilim bermegiň täzeçil usullary kämilleşdirilýär. Ýaş nesli milli we dünýä tejribesiniň gazananlary esasynda terbiýelemekde oňyn netijelere eýe bolunýar. Ýaşlar baradaky alada Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hemişe üns merkezinde. 2022-nji ýylyň iýun aýynyň 9-na türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Lebap welaýatyna iş saparynyň çäklerinde biziň bilim ojagymyz bolan Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutymyza gelmegi, ýaşlarymyza watançylyk sapagyny bermegi, institutymyzyň professor-mugallymlarydyr talyp ýaşlary bilen açykdan-açyk söhbetdeş bolmagy biziň her birimiziň durmuşymyzda ýatdan çykmajak pursatlaryň birine öwrüldi.

Alym Arkadagymyz institutymyzda talyplar, mugallymlar bilen duşuşanda, esasan, okuw-terbiýeçilik, ylmy işleriň okuw mekdebinde ýerine ýetirilişi bilen içgin gyzyklandy. Talyplar, mugallymlar bilen açykdan-açyk söhbetdeşlik geçirdi. Okuw-terbiýeçilik işleriniň hilini has-da ýokarlandyrmak baradaky meseleleri ara alyp maslahatlaşdy. Sanly bilim ulgamynyň okuw-terbiýeçilik işlerine ýetirýän oňaýly täsiri barada gürrüň berdi.

Duşuşykda alym Arkadagymyz Türkmenistanda bar bolan üç sany zenan Gahrymanyň ikisiniň – Amangözel Şagulyýewanyň, Çynar Rüstemowanyň Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutyny tamamlandygyny buýsanç bilen belledi hem-de şol gahrymanlar üçin şu okuw mekdebinde döredijilik otagyny döretmegi maslahat berdi. Institutymyzda ýokarda agzalan otag döredildi.

Duşuşygyň dowamynda talyp ýaşlarymyzyň dünýä derejesinde kämil, döwrebap bilim-terbiýe almaklary üçin institutymyzyň täze, döwrebap okuw binasyny gurmak baradaky Gahryman Arkadagymyzyň eden teklibi ýaşlar, olaryň geljegi baradaky aladany ünsden düşürmeýänliginiň aýdyň subutnamasy bolup dabaralandy.

Şu ajaýyp başlangyçlaryň üstünlikli dowamy bolan Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutymyzyň binalar toplumynyň taslamasyny düzmek we ony döwrebap enjamlar bilen üpjün etmek baradaky hormatly Prezidentimiziň degişli Karara gol çekmegi bizi has-da döredijilikli zähmet çekmäge ruhlandyrdy. Hormatly Prezidentimiziň institutyň binalar toplumynyň gurluşyk işlerine 2023-nji ýylyň sentýabr aýynda başlamak we 2026-njy ýylyň sentýabr aýynda ulanmaga doly taýýar etmek baradaky tabşyrygy bolsa bilim işgärleriniň öňünde hem möhüm wezipeleri goýýar.

Geçen ýylyň 1-nji sentýabrynda – Bilimler we talyp ýaşlar gününde hem-de 2023 – 2024-nji okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli paýtagtymyzda we ýurdumyzyň welaýatlarynda birbada ýokary okuw mekdepleriniň ikisiniň täze binalar toplumy, bir ýokary okuw mekdebiniň goşmaça binasynyň düýbi tutuldy. Şolaryň biri Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalar toplumydyr.

Taslama we alnyp barylýan işlere ser salan mahalyňda, ýokary okuw mekdebiniň maddy-enjamlaýyn binýadynyň hemmetaraplaýyn pugtalandyrylmagynyň ylym-bilim ulgamynda amala aşyrylýan özgertmeleriň möhüm ugrudygyna oňat göz ýetirýärsiň. Binalar toplumynda döwrebap bilimli, giň dünýägaraýyşly, sagdyn, ruhubelent ýaşlary taýýarlamak üçin dünýäniň bilim ulga-

mynda ulanylýan öňdebaryjy tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bilen bir hatarda, 700 orunlyk kitaphana, mugallymlar we talyplar üçin saglyk öýi, 1000 orunlyk naharhana, dabaraly çäreleri geçirmek üçin döwrebaplaşdyrylan meýdançalaryň 3-si, sport kluby, 500 orunlyk stadion, açyk howada ýerleşen sport meýdançalary, hojalyk maksatly, şeýle hem abatlaýyş-bejergi ussahanalarynyň binalary göz öňünde tutulypdyr. Hersi 360 orunlyk 5 sany umumy ýaşaýyş jaýyndan başga-da, mugallymlar üçin 12 öýli we talyplaryň 200-si üçin niýetlenen saglyk öýi gurulýar. Mugallymlardyr talyplar şeýle ajaýyp binalar toplumynyň gurulýandygy üçin Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden alkyş sözlerini aýdýarlar.

Umumybilim, orta hünär we ýokary hünär bilimi maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň esasy ugurlaryny durmuşa geçirmek maksady bilen, saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçiligi çäkli çagalary okatmagy, terbiýelemegi, jemgyýete uýgunlaşdyrmagy, saglygynyň berkidilmegi üçin ýörite bilim edaralarynda zerur şertler döredilýär. 2024 – 2025-nji okuw ýylynda institutymyzda defektologiýa hünäri boýunça dalaşgärler talyplyga kabul edildi.

Bilim konsepsiýalarynyň maksadyna we wezipelerine laýyklykda, umumybilim maksatnamalary boýunça bilimiň ähli derejelerinde okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek göz öňünde tutulýar.

Mekdebe çenli bilim maksatnamasy boýunça çagalaryň umumy okuw sapaklaryny dünýä tejribesine laýyklykda guramak göz öňünde tutulýar.

Başlangyç bilim maksatnamasy boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek wezipesi milli bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmakda aýratyn ähmiýete eýedir. Çagalaryň ýaş aýratynlyklaryny nazara almak bilen, bilim ulgamynyň başlangyç bilim derejesinde okuw-terbiýeçilik işinde başarnyklylyk çemeleşmesinden ugur almak örän möhümdir. Umumybilim maksatnamasynda okuwçylaryň üstünlikli okamaklarynyň, olarda täze bilim başarnyklarynyň kemala gelmeginiň we ösmeginiň, sazlaşykly kämil şahsyýetler bolup ýetişmekleriniň berk binýady goýulýar.

Esasy orta bilim maksatnamasy boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek işi okuwçylaryň öwrenijilik işjeňligini, konstruktorçylyk ukybyny, özbaşdak pikirleniş endiklerini ösdürmekde uly ähmiýete eýedir. Şu maksat bilen okatmakda pedagogik innowasiýalary, sanly bilim tehnologiýalaryny okuw-terbiýeçilik işlerine giňden ornaşdyrmaga uly orun berilýär.

Orta hünär we ýokary hünär bilim maksatnamalary boýunça hünärmenleri taýýarlamagyň hilini kämilleşdirmek işi, adatça, innowasiýaly ykdysadyýetiň kemala getirilmegi, täze önümleri we hyzmatlary döretmäge mümkinçilik berýän maddy tehnologiýalaryň ösüşi bilen kesgitlenýär.

Bakalawrlary we magistrleri taýýarlamagyň döwlet bilim standartlaryna laýyklykda, nusgalyk okuw maksatnamalary döwrüň talaplaryna laýyklykda yzygiderli kämilleşdirilýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylmyň, tehnikanyň tizlikli ösüşini gazanmak bilen, ýaşlary okatmagyň we olara terbiýe bermegiň innowasion tehnologiýalaryny döredijilikli peýdalanyp, milli bilim ulgamyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine çykarmak we ornuny berkitmek biziň baş wezipämizdir.

Her bir ýurduň geljeginiň onuň ýaş nesli bilen baglanyşyklydygyny, ýaş nesliň geljeginiň bolsa şol ýurduň mugallymlarynyň elindedigini Gahryman Arkadagymyz belläp geçýär.

Biz hem Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň aladalaryna jogap edip, ýaşlara döwrüň talaplaryna laýyklykda bilim bermekde, olary maşgala gymmatlyklaryna, milli däp-dessurlarymyza, Watana sarpa goýmak ýaly milli ruhda terbiýelemekde ukyp-başarnygymyzy gaýgyrman zähmet çekeris. Bize şeýle eşretli, abadan durmuşda ýaşamaga, döredijilikli zähmet çekmäge döredip berýän ägirt uly mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallygymyzyň çägi ýokdur. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli tutýan tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 25-nji sentýabry**

**Sähragül Janmämmedowa**

# KITAPHON JEMGYÝETI KEMALA GETIRMEGIŇ WE ÝAŞLARYŇ KITABA BOLAN SÖÝGÜSINI PUGTALANDYRMAGYŇ MESELELERI

Kitap sözleriň we sözlemleriň sahaplanyp tertipleşdirilen, haşamlanyp daşlanan ýöne bir kagyz toplumy bolman, ulgamlaşdyrylan ümmülmez älemdir. Gadymy döwürlerden bäri hatlar we golýazmalar öwrenmegiň, bilmegiň esasy serişdesi, ylhamyň we paýhasyň tükeniksiz çeşmesi hasaplanypdyr. Kitabyň taryhy adamzadyň ösüş taryhy bilen aýrylmaz baglanyşykly bolup, ilkinji palçyk tagtalardan häzirki zaman elektron enjamlaryna çenli ýazgylar taryhyň ähli tapgyryny öz içine alýar.

Şeýle hem, kitap bilim almagyň iň elýeterli, iň netijeli serişdesidir. Kitap janly beden mysaly ewolýusiýa (özgeriş) hadysasyny başdan geçirýär. Täze tehnologiýalaryň döremegi bilen kitaplaryň ölçegi üýtgese-de, onuň özen mazmuny özgermeýär. Kitap medeni mirasy gorap saklamagyň we soňraky nesillere geçirmegiň, täze nesli terbiýelemegiň ýa-da olara täsir etmegiň wajyp serişdesi bolmagynda galýar.

Maglumatyň ummasyz köplüginde kitabyň durmuşdaky zerurlygy, ähmiýeti ýokarlanýar. Kitap şol maglumatlary seljermegi, derňemegi öwredýär. “Dänäni harpykdan” saplamagy öwredip, şahsy pikiriň kemala gelmegine täsir edýär. Ol has bilimli, medeniýetli we köpugurly şahsyýet bolmaga ýardam edýär.

Kitap gymmatlyk hökmünde nesilden-nesle geçirilýän, okamak bolsa durmuş endigine öwrülmeli ýaşadyjy, peýdaly ösdüriji serişde hasaplanýar. Milli Liderimiziň parasatly baştutanlygynda “Kitaphanalar we kitaphana işi” hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi, onuň kämilleşdirilmegi bu ugurdaky möhüm hukuk binýatlyk başlangyçdyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan ylym-bilim işiniň özgertmeleri bilen deň derejede kitap okamak medeniýetine, kitaphanaçylyk işine aýratyn üns berilýär. Türkmen biliminiň maýasynda sazlaşykly ösüş ýörelgeleri duryar. Şol sebäpli hormatly Prezidentimiziň “Ýaşlar – Watanyň daýanjy”, “Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet” atly kitaplarynyň okyjylara gowuşmagy owalbaşda kitaba söýgüden, ruhy beýiklikden gelip çykýar.

Alym Arkadagymyz: “Terbiýäniň çeşmesi – kitap” diýip kesgitleýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri “Ömrümiň manysynyň dowamaty” atly kitabynda “kitap” diýen düşünjäniň adamzadyň durmuşynda ýüze çykmagyna, bu sözüň köklerine, aňladýan manysyna alym hökmünde giňişleýin düşündiriş berýär. Kitap okamak medeniýetiniň türkmen durmuşyndaky ornuny beýan edýär, Welmyrat aga, Anna aga ýaly türkana gojalaryň kitaba beýik sarpasyny türkmen keşbiniň kanoniki nusgasy hökmünde häsiýetlendirýär. Aýratyn-da, türkmen topragynyň çäklerinde dürli döwürlerde hereket eden baý kitaphanalaryň taryhy baradaky maglumatlar gymmatlydyr, çünki ol hakykat türkmen halkynyň aňyýetiniň, medeniýetiniň asyrlaryň dowamynda ösen derejesini görmäge ýardam edýär. Gahryman Arkadagymyz dürli eýýamlaryň dünýä belli alymlary Al-Jahyzyň, Abdylla ibn Mübäregiň nakyllaryň dili bilen kitap okamagyň peýdasyny belleýär. Şunuň bilen birlikde, kitabyň degişli bölüminde mähriban Arkadagymyzyň durmuş sapagyna öwrülen pähimleri uly orun tutýar: “Kitap okamagyň haýry-peýdasy örän köp. Okadygyňça, kitaba bolan höwesiň artar. Pikirleriň durlanar, zehiniň ýiteler, diliň açylar, sözleriň täsirli ýaňlanar, göwnüň göteriler, göwrümiň giňär” (*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ömrümiň manysynyň dowamaty. – Aşgabat: TDNG, 221 s.). Diýmek, kitap ýaşamaga kuwwat berýän gymmatlyk! Iň täsin tarapy hem, mähriban Arkadagymyzyň kyssada ýazan setirleri Magtymgulynyň şygry ýaly ýüregiňe ýazylýar, okadygyňça, okasyň gelýär: “Kitap okamak saňa halk hormatyny, hökümdarlaryň dostlugyny bagyş eder” (*Şol ýerde,* 221 s.). Şeýlelik bilen, Milli Liderimiz alymlaryň ýüzýyllyklaryň dowamynda toplan ylmy gözleglerini bir sözlemde, bir pikirde syntgylaýar, uz söz bilen okyjynyň aňyna hem kalbyna guýýar. Magtymguly Pyragy hem bilim alan ojagyny kitaplarda merhemetli orna mynasyp bolan setirlere siňdirýär: “*Okadym, göterdim kitap, Kurany..., ...Ylym-taglym alan seni unutmaz*”.

Gahryman Arkadagymyz adamlaryň dilinden bir ömürde öwrenip bilmejek zatlaryňy kitapdan bir aýda öwrenip bolýandygyny: “Sen muny hiç hili zyýan görmezden, artykmaç muşakgat çekmezden, öwretmek bilen gün görýän öwredijileriň, hakyna tutulan mugallymlaryň gapysyny kakmazdan, arassa gylyk-häsiýet we asylly nesil-nebere babatda deňiňçe ýoklar bilen köňül söhbedini etmezden, halamaýanlaryň bilen oturyp-turuşmazdan gazanyp bilýärsiň” (*Şol ýerde,* 221 s.) diýip belleýär.

Alym Arkadagymyzyň kitabynda okyja “sen” diýip ýürekdeş ýüzlenip, tüýs türkmençe aýdan bu dürdäne durmuş hakykaty türkmeniň hüý-häsiýetinden, hulk-meniginden gelip çykýar. Kitabyň gündiz hem gije hyzmata saklygy, ilgezikligi, ýol-saparda dertdeş hem ýürekdeşligi, syrdaşlygy, Hydyr ata kimin dadyňa ýetişme ukyby birde şahyrana beýanaty aňlatsa, birde beýik filosofyň – akyldaryň dür dänesine barabar pikirlerini aýan edýär. Şeýlelik bilen, alym Arkadagymyz kitap hakynda sungat döreden kämil şahsyýetdir. Ýaş nesilde kitap okamaga söýgini döretmekde kitabyň şu bölümi bahasyna ýetip bolmajak gymmatly gollanmadyr. Onuň her jümlesini giňişleýin düşündirişler, teswirler bilen birgiden söhbetleriň baş temasy edip bolar.

Gahryman Arkadagymyz: “Kitaphanalar – paýhas öýi” diýip belleýär. Kitaphana işiniň häzirki ajaýyp zamanamyzda Arkadagymyzyň baştutanlygynda täze galkynyşyny başdan geçirendigini ýatlasak, soňky 17 ýylyň içinde kitaphanalaryň näderejede özgerendigine göz ýetireris. Merkezleşdirilen Döwlet kitaphanasy bilen welaýat merkezinde gurlup ulanylmaga berlen iň bir döwrebap ülňüli kitaphana köşklerini göz öňüne tutmanymyzda hem, ylmy kitaphanalar, bilim edaralarynyň kitaphanalary işgär, hünär, ylmy-usuly, maddy-enjamlaýyn, innowasion tehnologiýa taýdan tutuşlygyna düýpli täzelenişi başdan geçirdi. Kitaphanalaryň işiniň kämilleşdirilmegi jemgyýetiň intellektual kuwwatyny ýokarlandyrmaga ýardam etdi. Ata-babalarymyzyň saçak, çörek ýaly mukaddesliklere, ýaşaýyş üçin möhüm serişdä öwren kerem-keramatly kitabyny alym Arkadagymyz ýaradylyşyň kanunyny beýan edýän ýaşaýyş medeniýetiniň çeşmesi hökmünde öňe çykarýar. Häzirki döwürde Türkmen döwlet medeniýet institutynda hem Gahryman Arkadagymyzyň kitap hakyndaky taglymatyndan, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň täzeçil başlangyçlaryndan ugur alnyp, kitaphanaçylaryň täze neslini kemala getirmek babatda maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar.

Hormatly Arkadagymyz “ylym-bilimiň esasy çeşmesi kitabyň” barha özgerýändigine ünsi çekip, onuň elektron görnüşleri barada hem durup geçýär. “Türkmenistanda ýokary okuw mekdepleriniň elektron kitaphanalarynyň bitewi ulgamyny döretmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda, elektron gory döretmekde ýetilen sepgitlere ünsi çekýär, elektron kataloglardan peýdalanmagyň usuly aýratynlyklaryny belleýär.

Ussat mugallym, alym Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, maksat kitaphon jemgyýeti döretmek. Mähriban Arkadagymyz “Ömrümiň manysynyň dowamaty” atly kitabynda ýol hereketiniň howpsuzlygynyň biraýlygynyň däbe öwrülişi ýaly, kitap okamagyň biraýlygyny durmuşa girizmegi teklip edipdi. Hormatly kärdeşler, bu jogapkärli döwürde ony işjeňleşdirmegiň wagty geldi diýip hasaplaýarys.

2024 – 2025-nji okuw ýylynyň öň ýanynda ýurt derejesinde bagtyýar çagalar üçin ýörüteleşdirilen sergileriň, bäsleşikleriň, ýarmarkalaryň guralmagy bu ugurdaky netijeli başlangyçlaryň ýaýbaňlanmagyna ýardam edýär. Okap özleşdirmegiň ynsanyň sagdyn ýaşaýşyna, dowamatyna peýdasy, okamak medeniýetiniň berýän abraý-mertebesi entek-entekler jemgyýetimizde dürli pudaklaryň bilermenleri tarapyndan öwrenilmeli, öwredilmeli wezipeleriň hatarynda durýar.

Türkmen jemgyýetinde ýaşlara uly orun berilýär. Hut şonuň üçin-de, milli durmuşymyzda kitaphon jemgyýeti emele getirmegiň we kitaba bolan söýgini pugtalandyrmagyň öňde durýan wezipelerini üstünlikli çözmekde ýaşlaryň uly hyzmaty bar. Okamak, öwrenmek üçin hemme şertler döredilen.

Şu ajaýyp döwürde biziň kämil jemgyýetde owadan ýaşamagymyz, okamagymyz, öwrenmegimiz, ýaş nesle mynasyp bilim bermegimiz üçin uly mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys.

**Türkmen döwlet medeniýet instituty**

**Kabul edilen wagty 2024-nji ýylyň 26-njy sentýabry**

Azat Ataýew

# ÝOKARY HÜNÄR BILIMI ULGAMYNDA YLMY ÇEMELEŞMELER: ULGAMLAÝYN SELJERME, MODELIRLEME WE DOLANDYRYŞ

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Serdar Berdimuhamedow: “Ýaşaýyş hemişe täze başlangyçlaryň muşdagy. Ösüş elmydama täzeçil pikirlenmelere, çynlakaý çemeleşmelere intizar. Durmuş her pursatda aýgytly gadamlara garaşýar, gerek ýerinde oýlanyşykly töwekgellikleri halaýar” [1, 7 s.]. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz 2024-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde 2026 – 2052-nji ýyllarda ýokary bilimi ösdürmegiň Strategiýasyny işläp taýýarlamak bilen bagly teklibini öňe sürdi. Gahryman Arkadagymyzyň bu başlangyjynyň ylmy taýdan esaslandyrylyp ýerine ýetirilmegini gazanmak maksady bilen, makalada ýokary hünär bilimi ulgamynda ylmy usullardan peýdalanmagyň hem-de degişli çaklamalary, çözgütleri kabul etmek boýunça ylmy usullar we olaryň esasynda hereket edýän awtomatlaşdyrylan ulgamlaryň iş kadalary beýan edilýär. Biziň öňümizde bilim ulgamyny ösdürmegiň anyk wezipelerini goýýar. Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýokarda bellenilen ajaýyp ideýalaryndan ugur alyp, bilim ulgamynyň dolandyryşyny kämilleşdirmek bu ulgamyň häzirki wagtdaky ýagdaýynyň seljermesini, bu ugurda dolandyryşyň esasy meseleleriniň kesgitlenmegini we ylmy taýdan esaslandyrylan usullarynyň işe ornaşdyrylmagyny öz içine alýan ulgamlaýyn çemeleşmäni talap edýär. Ýokary okuw mekdeplerde okatmagyň tejribesinde hem iş guralyşynda hem ulgamlaýyn seljermä ýokary derejede üns berilýär [4, 96 s.]. Şu jähetden Türkmenistanda ulgamlaýyn seljermä we modelirlemä esaslanýan bilim işlerini dolandyrmagyň ylmy usullary işjeň ornaşdyrylýar. Bilim ulgamyny dolandyrmagyň esasy maksady bilimiň hilini ýokarlandyrmakdan, halkara standartlaryna laýyklygy üpjün etmekden, şeýle hem okuw maksatnamalaryny zähmet bazaryndaky özgermelere we ykdysadyýetiň zerurlyklaryna uýgunlaşdyrmakdan ybaratdyr.

Ýokary bilime degişlilikde, ulgamlaýyn seljerme bilim ulgamynyň ýagdaýyna baha bermäge we ony çaklamaga mümkinçilik berýär. Şuňa laýyklykda, bilim ulgamyny seljermekde köp sanly görkezijilere esaslanýan modelirleme ulanyldy. Bu ýagdaý bilimiň hilini dolandyrmakda we okuw maksat-



namalaryna uýgunlaşdyrmakda täze çemeleşmeleri işläp taýýarlamaga şert döretdi.

Türkmenistanyň hünär bilim ulgamyna deňeşdirme-bahalandyrma we derejelendirme usullaryna esaslanýan ýokary okuw mekdepleriniň yzygiderli seljermesi ornaşdyryldy. Ýokary okuw mekdepleriniň netijeliligini bahalandyrmak üçin köp sanly görkezijileri göz öňünde tutýan algoritmi işläp düzmek we ornaşdyrmak bu işiň esasy düzüm bölekleriniň biri boldy. Hususan-da, derejelendirmekde ýalňyşlyklaryň töwekgelçiligini azaltmaga hem-de bahalandyrmak işiniň hakykylygyny üpjün etmäge mümkinçilik döreden ölçegli jem modeli we Kemeniniň medianasy ýaly usullar ulanyldy. Bu usullar mugallymlaryň hünär derejesi, ýokary okuw mekdepleriniň ylmy işjeňligi we maddy-enjamlaýyn binýady ýaly köp sanly görkezijileri göz öňünde tutýar. Akkreditirlemegiň halkara standartlaryny we tejribelerini utgaşdyryp ornaşdyrmak dolandyryş ulgamynyň möhüm düzüm bölegi bolup, ol dünýä bilim bazarynda Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berdi.

Ýokarda beýan edilen ylmy usullar Türkmenistanda ýokary hünär bilimi ulgamyny dolandyrmak üçin işläp taýýarlanan we ornaşdyrylan analitik onlaýn-ulgama we reýtinge esaslanýan derejelendirme ulgamyna utgaşdyryldy. Bu ulgamlar ýokary okuw mekdepleriniň yzygiderli we hakyky monitoringini amala aşyrmaga, şeýle hem maglumatlary seljermek we bilimiň hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilen çözgütleri kabul etmek üçin ygtybarly gural bolup hyzmat edýär.

Analitik *onlaýn* ulgamy dürli görnüşli ylmy usullary ulanýan maglumatlary toplamak we gaýtadan işlemegiň awtomatlaşdyrylan modullaryny öz içine alýar. Esasy usullar şu aşakdaky görnüşde göz öňünde tutuldy [6]:

**1. Bilim edaralary (ýokary okuw mekdepleri).** Ýokary bilim ulgamynda seljermäniň esasy obýekti bilim edaralarydyr. Olar babatda şu aşakdaky ylmy usullar ulanylýar:

Deňeşdirme bahalandyrmasy we derejelendirme. Ýokary okuw mekdepleriniň derejelendirme ulgamy mugallymlar düzüminiň hili, ylmy barlaglaryň derejesi, bilim gorlarynyň elýeterliligi, uçurymlaryň işe ýerleşdirilmegi ýaly ölçeg görkezijilerini göz öňünde tutýan köp ölçegli çemeleşmä esaslanýar. Kemeniň medianasy we Kondorseniň alternatiwasy ýaly näbellilik şertlerinde ölçegli jem modeli we çözgütleri kabul etmek usullary ulanylýar, olar bilim edaralaryny hakyky ýagdaýynda derejelendirmäge mümkinçilik berýär.




*Korrelýasiýa we faktor seljermesi.* Bu usullar maddy-tehniki üpjünçiligi, mugallymlaryň kär derejesi we ylmy-barlag işleriniň derejesi ýaly ýokary okuw mekdeplerinde bilimiň hiline täsir edýän esasy faktorlary ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär [6]. Korrelýasiýa seljermesi dürli ölçeg görkezijileriň arasyndaky özara baglanyşygyň derejesini anyklamaga, faktor seljermesi bolsa bilim işiniň netijelerine täsir edýän esasy şertleri tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär.

**2. Mugallymlar düzümi.** Mugallymlaryň kär derejesi we işjeňligi seljermäniň esasy obýektidir, sebäbi olar bilimiň hiline gös-göni täsir edýär. Mugallymlar düzüminiň seljermesinde ulanylýan esasy usullar:

*Ylmy işjeňligiň seljermesi.* Mugallymlaryň ylmy işleriň, monografiýalaryň we okuw gollanmalarynyň sanyny göz öňünde tutýan çap ediş işjeňliginiň seljermesi usullary ulanylýar. Bu bolsa mugallymlaryň ylmy ösdürmäge goşan goşandyny we olaryň kär derejesini bahalandyrmaga mümkinçilik döredýär.

*Klaster seljermesi.* Bu usul ylmy işjeňligiň we käriniň derejesi boýunça mugallymlaryň düzümini toparlamak üçin ulanylýar. Mugallymlar toparlara bölünýär, bu bolsa dolandyryşyň we hünär babatda ösüşiň tapawutlandyrylan strategiýalaryny işläp taýýarlamaga mümkinçilik berýär.

**3. Talyplar we olaryň akademiki ýetişigi.** Alymlar ýokary okuw mekdeplerinde berilýän bilimiň hilini ulgamlaýyn seljermek üçin şeýle algoritmleri teklip edýärler:

1) ulgamlaýyn seljerme usullarynyň we modelleriniň kömegi bilen çözülmegi zerur meseleleri ýüze çykarmak; 2) ýüze çykarylan ýagdaýlary göz öňünde tutup, olaryň möhümligini we özara baglanyşygyny kesgitlemek maksady bilen kognitiw modelirlemek; 3) şeýle modelirlemegiň netijesinde iň möhüm faktorlary ýüze çykarmak; 4) çaklamany barlamak we gurluş modelirlemek usuly bilen tejribä esaslanýan modeli gurmak [5, 154 s.].

**Talyplar we olaryň akademiki ýetişigi seljermäniň wajyp obýektleriniň biridir. Esasy usullar:**

*Dinamiki modelirleme.* Differensial deňlemeler ýaly matematiki modelirleme usullary arkaly mugallymlar düzümi, maddy gorlar we okuw maksatnamalary ýaly şertlere baglylykda, talyplaryň sanyny hem-de ýetişigini çaklap bolýar [6].

*Regressiw seljerme*. Bu usul talyplaryň gatnaşygyny, okuw işine çekilmegi we okatmagyň derejesi ýaly dürli şertleriň akademiki ýetişigine täsir edişini bahalandyrmaga mümkinçilik berýär [6].

**4. Ylmy we gözleg işi.** Ýokary okuw mekdeplerinde ylmy barlaglar ýokary bilim ulgamyny ösdürmekde esasy ähmiýete eýe bolýar. Olary seljermek üçin aşakdaky usullar ulanylýar:

*Salgylanmany we çap ediş işjeňligini bahalandyrmagyň usullary.* Bu usullar mugallymlaryň we ylmy işgärleriň çap edilen işleriniň, şeýle hem, olaryň işlerine halkara ylmy maglumat gorlaryndaky salgylanmalarynyň mukdar seljermesini öz içine alýar.

*YBI-niň netijeliliginiň seljermesi.* Ylmy-barlag işleriniň netijeliliginiň seljermesi YBI-ni maliýeleşdirmegiň möçberiniň, olaryň zerurlygynyň, şeýle hem, sebitde we ýurtda innowasion işjeňligine täsir edişiniň seljermesi arkaly geçirilýär.

**5. Uçurymlaryň işe ýerleşdirilmegi.** Uçurymlary işe ýerleşdirmegiň derejesi bilim ulgamynyň esasy görkezijileriniň biri. Ony seljermek üçin aşakdakylar ulanylýar:

*Korrelýasiýa seljerme usullary.* Bu usullar talyplaryň ýetişigi, okuw maksatnamalarynyň hili we uçurymlaryň ýokary okuw mekdebini tamamlandan soň işe ýerleşdirilmeginiň derejesi ýaly görkezijileriň arasyndaky özara baglanyşygy kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

*Uçurymlar baradaky maglumatlaryň seljermesi.* Hünärler we bilimiň derejeleri boýunça uçurymlaryň işe ýerleşdirilmeginiň statistik maglumatlaryny toplamak hem-de seljermek ulanylýar. Bu maglumatlar okuw maksatnamalaryna düzedişleri girizmäge we hünärmenleri taýýarlamak işini gowulandyrmaga ýardam berýär.

**6. Maddy-enjamlaýyn binýat.** Ýokary okuw mekdepleriniň zerur bolan gorlar bilen üpjünçiligi seljermäniň möhüm obýektidir. Bu babatda aşakdakylar ulanylýar:

*Inwentarizasiýa we audit usullary.* Ýokary okuw mekdepleriniň maddy-enjamlaýyn binýadyny bahalandyrmak üçin inwentarizasiýa we olaryň ýagdaýyny bahalandyrmak usullary ulanylýar. Onuň düzüminde okuw otaglarynyň, barlaghanalaryň, kitaphanalaryň we maglumat gorlarynyň elýeterliliginiň seljermesi göz öňünde tutulýar.

*Gorlary ulanmagyň netijeliliginiň seljermesi.* Okuw işinde we ylmy barlaglarda ýetmezçilikleri ýüze çykarmaga we olaryň paýlanylyşyny gowulandyrmaga mümkinçilik berýän maddy we maglumat gorlarynyň ulanylyşynyň netijeliligini bahalandyrmak usullary ulanylýar.

Dolandyryş çözgütlerini has netijeli kabul etmek üçin maglumatlaryň şekilli görkezilmegi usullary işjeň ulanylýar. Şuhartyň gözegçilik kartalarynyň we Paretonyň diagrammalarynyň ornaşdyrylmagy bilim edaralarynyň we bilimi dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylaryna görkezijilerde kadadan çykmalary aýdyň görmäge we üýtgemeler babatda tizden hereket etmäge mümkinçilik berýär [6]. Gözegçilik kartalary uçurymlaryň işe ýerleşdirilmegi ýa-da ylmy işleriň çap edilenleriniň paýy ýaly möhüm görkezijileri yzarlap durmaga we meseleleriň ýüze çykmagynyň irki döwürlerinde düzediş çärelerini görmäge mümkinçilik berýär. Paretonyň diagrammalary möhüm meseleleri anyklamaga we olary çözmek üçin gorlary jemlemäge ýardam edýär, bu bolsa bilim gorlarynyň dolandyryşynyň netijeliligini ýokarlandyrýar.

Mundan başga-da, Türkmenistanyň hünär bilimi ulgamynyň ösüşiniň ssenarilerini modelirlemek üçin Monte-Karlylo usullary we Eýleriň usuly ýaly gowulandyrmagyň sanly usullaryny ornaşdyrdy. Bu bolsa diňe bir kabul edilýän çözgütleriň netijelerini çaklamaga däl, eýsem, olar bilen baglanyşykly töwekgelçiliklere baha bermä-

ge hem mümkinçilik döredýär. Bu usullar mukdar bahalandyrmalara we ähtimallaýyn modellere daýanyp, bilim ulgamyny uzak möhletleýin ösdürmegiň strategiýasyny işläp taýýarlamaga mümkinçilik berýär. Sanly usullaryň ulanylmagy bilim gorlaryny meýilleşdirmek we paýlamak işleriniň seljermesi we gowulandyrylmasy üçin aýratyn möhüm ähmiýete eýe bolýar.

**Netije.**

Ulgamlaýyn seljermäniň, statistikanyň we modelirlemegiň ylmy taýdan esaslandyrylan usullarynyň ulanylmagy Türkmenistanda ýokary hünär bilimi ulgamynda kabul edilýän dolandyryş çözgütleriniň netijeliligine mukdar taýdan baha bermegiň guralynyň döremegine getirdi. Bu usullar bilimiň hilini ýokarlandyrmaga we ýurdumyzyň halkara bilim giňişligine goşulmagyna ýardam edip, ýokary okuw mekdeplerini akkreditirlemek, derejelendirmek işlerini we bilim maksatnamalaryny meýilleşdirmegi gowulandyrmaga mümkinçilik berýär.

Bu netijeler bilim ulgamlaryny dolandyryşda ulgamlaýyn we sanly usullaryň ulanylmagynyň möhümdigini tassyklaýar, olaryň mundan beýläk ösdürilmegi üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny aýdyň görkezýär.

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi**

**Kabul edilen wagty 2024-nji ýylyň 7-nji sentýabry**

## EDEBIÝAT


1. *Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: TDNG, 2023.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi. – Aşgabat: TDNG, 2020.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ömrümiň manysynyň dowamaty – Aşgabat: TDNG, 2024.
4. *Егоров А.И.* Системный анализ и управление в высшем профессиональном образовании // Современные проблемы науки и образования. – 2009. – №6 (часть 1).
5. *Заграновская А.В.* Системный анализ качества образования в вузе // Бизнес. Образование. Право. Вестник волгоградского института бизнеса. – 2019. – № 4. https://vestnik.volbi.ru/upload/numbers/449/article
6. *Antunes, A., & Barandas, H.* (2017). Evaluating higher education quality and students' satisfaction in European Higher Education Institutions. Quality Assurance in Education, 25(4), 489-504.


**A. ATAYEV**

### SCIENTIFIC APPROACHES IN HIGHER PROFESSIONAL EDUCATION SYSTEM: SYSTEMATIC ANALYSIS, MODELING AND MANAGEMENT


Scientific methods of educational process management based on system analysis and modeling are being actively introduced in Turkmenistan. The main purpose of the educational system management is to improve the quality of education, ensure compliance with international standards, as well as to adapt educational programs to changes in the labor market and the needs of the economy.

Correlation and factor analysis are methods that allow us to identify the main factors affecting the quality of education in universities. The use of scientifically based methods of system analysis, statistics and modeling has significantly increased the efficiency of management, improved the processes of accreditation, ranking of universities and planning educational programms.


**А. АТАЕВ**

### НАУЧНЫЕ ПОДХОДЫ В СИСТЕМЕ ВЫСШЕГО ПРОФЕССИОНАЛЬНОГО ОБРАЗОВАНИЯ: СИСТЕМНЫЙ АНАЛИЗ, МОДЕЛИРОВАНИЕ И УПРАВЛЕНИЕ


В Туркменистане активно внедряются научные методы управления образовательными процессами на основе системного анализа и моделирования. Основная цель управления образовательной системой заключается в повышении качества образования, обеспечении соответствия международным стандартам, а также в адаптации образовательных программ к изменениям на рынке труда и потребностям экономики.

Корреляционный и факторный анализ – методы, которые позволяют выявить основные факторы, влияющие на качество образования в вузах. Использование научно обоснованных методов системного анализа, статистики и моделирования значительно повысило эффективность управления, позволило улучшить процессы аккредитации, ранжирования вузов и планирования образовательных программ.

**Baýram Bäşimow**

# MILLI BILIM ULGAMYNY DÖWREBAPLAŞDYRMAGY TÄZE DEREJÄ ÇYKARMAK BOÝUNÇA MÖHÜM WEZIPELER

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bilim ulgamynda hem giň gerimli özgertmeler amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow: "Ýurdumyzda bilim ulgamyny dünýä ülňülerine, umumy ykrar edilen halkara kadalara we öňdebaryjy tejribelere laýyk kämilleşdirmek, ýaş nesillerimizi milli hem-de umumadamzat gymmatlyklarynyň esasynda terbiýelemek, olara döwrebap bilim bermek biziň alyp barýan bilim syýasatymyzyň baş maksadydyr" [1, 365 s.] diýip belleýär. Şol maksatlar bilen uzak we orta möhletli maksatnamalar we meýilnamalar, strategiýalar, konsepsiýalar kabul edilýär. Bilim ulgamyny kämilleşdirmek boýunça hukuk kadalaşdyryjy namalar işlenilip taýýarlanylýar we tassyklanylýar. Olaryň hemmesi ýurdumyzyň bilim ulgamyny halkara standartlaryna laýyklykda kämilleşdirmegi, berilýän bilimiň hilini halkara derejede ykrar edilen görkezijilere laýyklykda ýokarlandyrmagy göz öňünde tutýar [2]. Şeýle resminamalaryň biri-de 2024-nji ýylyň 25-nji maýynda hormatly Prezidentimiziň Karary bilen tassyklanan "Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasydyr" [3]. Bu Konsepsiýa Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bilim bermegiň hilini dünýä standartlaryna laýyk getirmek, okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek, bu ugurda innowasion usullary okuw işine giňden ornaşdyrmak, mugallymlaryň döredijilikli başarnyklaryny hem-de ussatlygyny has-da ýokarlandyrmak maksady bilen kabul edildi. Konsepsiýa umumybilim maksatnamalarynyň ähli derejelerini öz içine alýar, her bir dereje boýunça okatmagyň usulyýeti babatda öňde durýan maksatlary we wezipeleri kesgitleýär.

Konsepsiýa laýyklykda, mekdebe çenli bilim maksatnamasy boýunça çagalaryň umumy hereketiniň, duýgularynyň, durmuş emosional, ownuk hereketleriniň, medeni we arassaçylyk endikleriniň sazlaşykly ösüşini gazanmak maksady bilen, okuw-terbiýeçilik işlerine öňdebaryjy innowasion usullary giňden ornaşdyrmagy, okuw sapaklaryny dünýä tejribesine laýyklykda guramagy dowam etdirmegi, dünýäde ylymda we tehnikada täze gazanylanlara esaslanyp, çagalarda başarnyklary (kommunikatiw, durmuş, bilesigelijilik we beýleki) kemala getirmek wezipeler hökmünde kesgitlenýär.

Okatmagyň başarjaňlyk çemeleşmesi pedagogik işgärleriň öňünde bilim-terbiýe bermek işinde netijeli usullaryň toplumyny döredijilikli we giň gerimde peýdalanmaga ýol açýar. Şeýle usullaryň biri bolan okuwça aýratynlykda çemeleşmek usuly olaryň mekdebiň bosagasyndan ätlän ilkinji gününden başlap, hereket, aň-bilim, duýgy we durmuş mümkinçiliklerini hemmetaraplaýyn ösdürmäge, çagalarda kitap okamaga bolan höwesi we gyzyklanmany döretmek hem-de ýatdan hasaplamak, özbaşdak pikirlenmek endiklerini, ýatkeşligini kämilleşdirmek ýaly wezipeleri üstünlikli çözmäge ýardam edýär.

Innowasion pedagogik tehnologiýalaryň işjeň ulanylmagy diňe bir adaty mekdepleriň başlangyç synplarynda däl, eýsem, ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ýerleşýän, okuwçy sany az bolan mekdeplerde we synplarda, şeýle-de, uzaldylan günli toparlarda okuw-terbiýeçilik işleriniň ýokary netijeliligini gazanmaga oňaýly mümkinçilikleri döredýär.

Esasy orta bilim derejesiniň bilim maksatnamasy boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek işi okuwçylaryň öwrenijilik işjeňligini, konstruktorçylyk ukybyny, özbaşdak pikirleniş endiklerini ösdürmekde uly ähmiýete eýedir. Şu sebäpden hem, bilim ulgamynyň bu derejesinde möhüm wezipeler hökmünde Konsepsiýada aşakdaky wezipeler kesgitlenýär:

– esasy orta bilim derejesinde okadylýan okuw dersleriniň mazmunyny ylmyň we tehnikanyň gazananlary esasynda baýlaşdyrmak;

– okatmakda pedagogik innowasiýalary, sanly bilim tehnologiýalaryny okuw-terbiýeçilik işine giňden ornaşdyrmaga uly orun bermek;

– okuwçylary ylmy-barlaglary geçirmäge höweslendirmek maksady bilen, olary okuw sapak-

larynda tejribe, taslama işlerini geçirmäge çekmek;

– okuwçylaryň ylymlaryň esaslaryny özleşdirmäge, akyl we fiziki zähmet endiklerini ele almaga bolan höweslerini we gyzyklanmalaryny ýüze çykarmak;

– okuwçylaryň döredijilik başarnyklaryny ösdürmek, zehinini açmak;

– okuwçylaryň amaly başarnyklaryny we endiklerini ösdürmek, olarda häzirki zaman nazary bilimleriň we amaly başarnyklaryň, ylmy garaýyşlary kemala gelmegini gazanmak;

– ýaş nesliň milli we halkara derejelerinde geçirilýän zehin bäsleşiklerinde, olimpiadalarda üstünlikli çykyş etmeklerine ýardam edýän usullary ulanmagyň tejribesini üznüksiz kämilleşdirmek;

– ýokary ahlakly dünýägaraýşy, gözellik duýgusyny we sagdyn durmuş ýörelgesine ymtylmagyny, şahsyýetara hem-de milletara gatnaşyklaryň ýokary medeniýetini emele getirmek we ösdürmek arkaly şahsyýeti kemala getirmek;

– durmuşda öz ornuňy tapmak ukybyny ösdürmek we geljekki hünärini oýlanyşykly saýlap bilmek başarnygyny kemala getirmek hem yzygiderli ösdürmek;

– umumybilim edaralarynda okatmagyň ugruna degişli dersleri çuňlaşdyryp öwretmek, barlag-gözleg işlerine, döredijilige höweslendirmek. Şeýle-de, goşmaça bilim hyzmatlarynyň giň toplumyny döwrebap usullarda alyp barmak ýaly wezipeleri durmuşa geçirmek mekdep okuwçylarynyň umumybilim maksatnamalarynyň doly orta bilim derejesinde üstünlikli bilim almagyna zerur şertleri döredýär.

Umumybilim maksatnamalarynyň doly orta bilim derejesinde okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek işi üstünlikli ulanylyp gelinýän pedagogik tehnologiýalary, okuwçylaryň ýaş, jyns aýratynlyklaryny, bilim goruny, kemala gelen şahsy aýratynlyklaryny, saglygyny, ukyp-başarnyklaryny, milli we umumadamzat gymmatlyklaryna bolan garaýyşlaryny, isleg-arzuwlaryny, durmuş ýörelgelerini, geljekki hünärine bolan garaýşyny nazara almagyň esasynda alnyp barylmalydyr.

Mekdepden daşary we goşmaça bilim maksatnamalary çagalaryň ýaş we şahsy aýratynlyklaryny göz öňünde tutýan dürli taraply gyzyklanmalaryny we ukyplaryny ösdürmek bilen, olarda medeni-estetiki garaýyşlary kemala getirmäge, döredijilik ukyplaryny, başarnyklaryny, tebigy, ylmy, tehniki bilimlerini, bedenterbiýä we sporta bolan höwesini artdyrmaga ýardam bermäge gönükdirilendir. Şol sebäpden hem, okuwçylaryň her birine aýratynlykda çemeleşip, olaryň ukyp-başarnyklaryny, zehinini, höwesini nazarda tutup, bellibir ugra gönükdirmek ýaş nesliň geljekde maksadyna ýetmegine itergi berer.

Umumybilim maksatnamalary boýunça başlangyç, esasy orta, doly orta bilim derejesinde ösüp gelýän ýaş nesle berilýän bilimiň hiliniň dünýä standartlaryna laýyk gelmegini we mazmunynyň yzygiderli baýlaşdyrylmagyny üpjün etmek, okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek, şeýle-de, mekdepden daşary we goşmaça bilim maksatnamalarynyň esasynda okuwçynyň saýlan käriniň eýesi bolmagyny gazanmak möhüm wezipeleriň biridir. Şol wezipeleri ýerine ýetirmek bolsa pedagogik işgärleriň öňünde duran belent borçdur.

Konsepsiýada umumybilim maksatnamalary boýunça okaýanlara döwrebap we ýokary hilli bilim bermek üçin, milli bilim ulgamyna zerur bolan ökde pedagogik işgärleri taýýarlamakda okuw dersleriniň, usulyýet we psihologik-pedagogik taýýarlygyň, onuň netijelerine baha bermegiň bir bitewi çemeleşmesini amala aşyrmak göz öňünde tutulýar. Şu maksat bilen, umumybilim maksatnamalary boýunça pedagogik işgärleri taýýarlamagy, gaýtadan taýýarlamagy, olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmagy kämilleşdirmek boýunça anyk wezipeler kesgitlenýär. Şol anyk wezipeleriň esasynda pedagogik işgärleriň hünär derejelerini ýokarlandyrmak, olaryň hünär bilimlerini we endiklerini çuňlaşdyrmak, pedagogik ussatlygyny kämilleşdirmek, umumy we kesp-kär medeniýetini dünýä derejesinde ösdürmek, ylmyň we tehnologiýalaryň, şeýle hem halkara we milli tejribäniň häzirki zaman gazananlary hasaba alnyp, hünär bilimlerini döwrebaplaşdyrmak boýunça işler ýerine ýetiriler.

Bilim ulgamynda zähmet çekýän pedagogik işgärleriň mugallymçylyk ussatlygynyň yzygiderli ösdürilmegine, okatmagyň häzirki zaman usullarynyň bilim ulgamyna işjeň ornaşdyrylmagyna, umumybilim maksatnamalary boýunça bilimiň ähli derejelerinde pedagogik işgärlere okuw-terbiýeçilik işlerinde okatmagyň we terbiýe bermegiň usullaryny, okuw gollanmalaryny, okatmagyň serişdelerini saýlamak hukugyny ygtyýar etmäge gönükdirilen düzgünler hem täze Konsepsiýada anyk beýanyny tapýar.

Konsepsiýanyň mazmunynda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek babatda halkara hyzmatdaşlygyna hem möhüm orun berlipdir.

Umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň halkara hyzmatdaşlygynyň häzirki ýagdaýy barada aýdanymyzda bolsa, Birleşen Milletler Guramasy, onuň hili, düzümi ÝUNESKO-nyň Çagalar gaznasy, BMG-niň Ilat gaznasy, BMG-niň Ösüş maksatlary, Ýewropa Bileleşigi, Ýewropanyň Bilim gaznasy, Germaniýanyň Halkara hyzmatdaşlyk jemgyýeti, Germaniýanyň Bilim babatda akademiki alyş-çalyş maksatnamasy, Ýaponiýanyň Ýapon gaznasy hem-de dünýäniň beýleki ylmy merkezleri we ýokary okuw mekdepleri bilen bilim-ylym babatda netijeli hyzmatdaşlyk ýola goýuldy.

Konsepsiýanyň maksatlary hem wezipeleri nazara alnyp, halkara hyzmatdaşlar bilen geçirilýän duşuşyklaryň, ylmy we okuw-usuly maslahatlaryň sany artar, netijeliligi ýokarlandyrylar. Hyzmatdaşlygyň çäginde öwrenilen tejribeler ýurdumyzyň ylym-bilim edaralaryna işjeň ornaşdyrylar hem-de okuwçylaryň bilimini bahalandyrmagyň halkara maksatnamasy bilen hyzmatdaşlyk işjeňleşdirilip, PISA,TIMSS, PIRLS halkara bilim maksatnamalarynyň görkezijilerini milli bilim ulgamyna ornaşdyrmak boýunça işler alnyp barlar [4].

Milli ýörelgelere we umumadamzat gymmatlyklaryna esaslanýan “Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasynda” kesgitlenen aýdyň maksatlar we möhüm wezipeler ýurdumyzyň bilim ulgamynyň ähli düzüm birlikleriniň sazlaşykly we özara baglanyşykly hereket etmegini talap edýär. Konsepsiýany durmuşa geçirmek boýunça meýilleşdirilen çäreleriň wagtynda amala aşyrylmagy Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli amala aşyrylýan bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak syýasatynyň dünýä derejesinde alnyp barylmagy işimizde möhüm ädim boljakdygy şübhesizdir.

**Türkmenistanyň Milli bilim instituty**

**Kabul edilen wagty
2024-nji ýylyň 2-nji sentýabry**

## EDEBIÝAT

1. *Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2023.
2. “Bilim hakynda” (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat: TDNG, 2021.
3. Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy // Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. – 2024. – №5.
4. *Bäşimow B., Durdyýew S.* Okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegi täze derejä çykarýan Konsepsiýa // Bilim. – 2024. – №3.

**B. BASHIMOV**

### THE KEY TASKS OF BRINGING THE NATIONAL SYSTEM OF EDUCATION TO A NEW QUALITY LEVEL OF MODERNIZATION

The key tasks of modernization of the national system of education to a new quality level, improving teaching methods and content of education provided according to international standards, within the framework of implementation of the “Concept of improving teaching methodology of general education programs in Turkmenistan until 2028”, are designated in the article.

**Б. БЯШИМОВ**

### АКТУАЛЬНЫЕ ЗАДАЧИ ВЫВОДА НАЦИОНАЛЬНОЙ СИСТЕМЫ ОБРАЗОВАНИЯ НА НОВЫЙ КАЧЕСТВЕННЫЙ УРОВЕНЬ МОДЕРНИЗАЦИИ

В статье обозначены актуальные задачи модернизации национальной системы образования в рамках реализации «Концепции совершенствования методики преподавания по общеобразовательным программам в Туркменистане до 2028 года» с целью вывода его на новый качественный уровень, совершенствования методов обучения и содержания образования, предоставляемого в соответствии с международными стандартами.

**Işanguly Rozyýew, Maýsa Geldimyradowa**

# ARAGATNAŞYK HYZMATLARYNYŇ TARIFLERINI DÖRETMEGIŇ WE GURAMAGYŇ AÝRATYNLYKLARY

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow döwlet edaralarynyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmakda sanly ulgamyň, maglumat tehnologiýalarynyň aýratyn ähmiýete eýedigini yzygiderli nygtaýar. Häzirki zaman infokommunikasiýa hyzmatlaryna utgaşmany amala aşyrmak we global maglumat giňişligini emele getirmek üçin telekommunikasiýa torlarynyň tehnologiýalary arkaly aragatnaşygyň üpjün edilmegi zerurdyr.

Aragatnaşyk torlary multimedia maglumat akymlarynyň geçirilmegini üpjün edýär. Telekommunikasiýa torlarynyň we ulgamlarynyň netijeliliginiň görkezijileri hökmünde esasy hil görkezijileri ähtimallyk-wagt häsiýetnamalarydyr (saklanmagyň ortaça wagty, ýitgileriň ähtimallygy we ş.m.). Bu häsiýetnamalary öwrenmek köpçülikleýin hyzmat edişiň nazaryýeti, teletrafika nazaryýeti ýaly ylmy ugurlara degişlidir. Bu ugurlaryň ösüşine uly goşant goşanlar: Agner Krarup Erlang, Tore Engset, Konrad Palm. Maglumat geçiriş torlarynyň we ulgamlarynyň ösmegi bilen, bu ulgamlary seljerme usullarynyň mundan beýläkki ösüşi teletrafika we köpçülikleýin hyzmat edişiň nazaryýetiniň netijeleri esasynda amala aşyrylýar [2, 3].

Häzirki zaman multiserwis telekommunikasiýa torlarynda hyzmatyň hil derejesi (Quality of Service, QoS) trafigi dolandyrmak boýunça esasy meseleleriň çözgütleriniň netijeliligine baglydyr. Telematik hyzmatlary (internet, interaktiw telegörkeziş, telefoniýa we beýlekiler) berýän multiserwis torlarynyň depginli ösüşi hyzmatyň hiliniň täze derejä geçmegine ýardam berdi. Aragatnaşyk torunda hyzmatlaryň we goşundylaryň täze görnüşleriniň bir infrastrukturada, şol bir wagtda, döremegi dürli görnüşli trafigiň bolmagyna getirýär. Bu hyzmatlar we goşundylar tor serişdelerini dürli ýagdaýda peýdalanyp, özleriniň protokollary boýunça işleýärler [2; 3].

Torda ulanyjylaryň maglumat serişdelerine utgaşma prosesi maglumat geçirişiň pes tizliginde amala aşyrylýan bolsa, ulanyjylaryň arasynda trafigi paýlamak meselesi aýratyn ähmiýete eýedir. Netijede, telekommunikasiýa hyzmatlaryndan peýdalanyjylaryň sanynyň artmagy, şeýle hem internetde täze tor hyzmatlarynyň döremegi bilen operatorlar tarapyndan trafigi dolandyrmak boýunça usullary işläp düzmek we amala aşyrmak zerurdyr. Şeýlelikde, umumy aragatnaşyk kanalynyň geçirijilik ukybyny peýdalanmaklygy optimallaşdyrmak aragatnaşyk torunda aktual we möhüm meseledir.

Trafigi dolandyrmak boýunça häzirki wagtda geçirilýän barlaglar trafigiň intensiwligini bahalandyrýar. Nazary taýdan maglumat almagyň dinamiki usuly aragatnaşyk kanalynyň peýdalanma koeffisiýentini ýokarlandyrýar. Maglumat berilýän geçirijilik ukyby trafigiň profiline ýakyn boldugyça, tor serişdesini peýdalanmagyň netijeliligi ýokarydyr [3; 4].

Hyzmatyň amatlylygy – trafigi dolandyrmaklygyň hil görkezijisi. Internet tora utgaşmagyň umumy kanaly aşa ýüklenen ýagdaýynda, aragatnaşyk operatory görkezilen tarife proporsionallykda her

**1-nji surat**




*Sanly awtomatik stansiýada trafigiň we tarifikasiýanyň dolandyrylyşy*

bir abonentiň utgaşma tizligini azaltmaly bolýar. Şeýle ýagdaýda tizligi peseldilse, toruň abonentlerinde nägilelik döremegi mümkin. Bir abonent elektron hat ugradýan bolsa, beýlekisi başga wideo seredýän bolsa, utgaşma tizliginiň peselmesinden nägileligiň dürli görnüşi döräp biler. Onda trafigiň dürli görnüşleriniň abonentleriň internet toruna utgaşma hyzmatynyň hiline täsiriniň dürlüdigini aýtmak bolar. Bu ýagdaýda, trafigiň dürli görnüşlerini kesgitlemek we dolandyrmak kesgitli geçirijilik ukyply aragatnaşyk kanalyny berýän aragatnaşyk operatory üçin abonente täsiri boýunça aktual meseledir. Ulanyjylar üçin torda hyzmatyň amatlylygynyň häsiýetnamasy, bellibir derejede, subýektiw düşünjedir we bellibir mukdar bahalandyrmasy ýokdur. Şonuň üçin tra-

fikleriň toparyny kesgitlemek meselesi we olaryň hyzmatyň hiline täsiri aragatnaşyk operatorynyň real torlarynda geçirilen barlaglarda alnan maglumatlary peýdalanmak arkaly çözülýär [3; 4].

Internet trafigiň toparlara bölünişini görkezmek aragatnaşyk kanalynyň has köp ýüklenen wagtyna ulanyjylaryň jaňlary barada statistik maglumatlary toplamakdan ybaratdyr. Aragatnaşyk torunda sargytlaryň işlenilişi ýörite serişdeleri peýdalanmak arkaly ýerine ýetirilýär. Abonentleriň tor hyzmatynyň işine nägileligi boýunça statistik maglumat toplananda, berilýän hyzmatlardan ýüz öwürmeginiň we şertnamanyň hereketiniň bes edilmeginiň degişli sebäpleri bilen baglanyşykly barlaglar geçirildi. Alnan netijeler esasynda abonentleriň jaňlarynyň diagrammasy guruldy.

**2-nji surat**




*Ulanyjylaryň jaňlarynyň ýüz öwürmesiniň arabaglanyşygy*

Bu suratda aragatnaşyk kanalynyň aşa ýüklenen wagtyna görkezilen tor hyzmatlaryň görnüşlerine ulanyjylaryň nägileligi göterim hasabynda paýlanyp getirilendir. Negatiw täsir sebäpli tor hyzmatyndan ýüz öwren ulanyjylaryň göterim hasaby şertnamanyň hereketiniň bes edilmegine getirýär.

Ähli tor goşundylary: akymlaýyn wideo/audio (*onlaýn filmler, audio faýllar*), VoIP – VoIP protokoly, peýdalanylýan tor programmalary (Skype, TeamSpeak), web-serfing – web-brauzeriň interaktiw serwisleri (Mozilla Firebox, Opera, Internet Explorer), P2P – piring trafigiň serwisleri (mTorrent, Shareaza) we beýleki bir tor boýunça toparlara bölünýär. Abonentlere täsirini hasaba almak bilen, trafigi dolandyrmak boýunça algoritmi işläp düzmek üçin trafigiň dürli görnüşleriniň ileri tutulmalaryny kesgitlemek teklip edilýär [2; 3].

Trafigiň toparlarynyň ileri tutulýanlaryny kesgitlemek peýdalylyk nazaryýetiniň esasynda teklip edilýär. Bu ýagdaýda, peýdalylyk geçirijilik ukybyny dolandyryş ulgamynda trafigiň her bir toparynyň ileri tutulýanlaryny kesgitleýär. Trafigiň bäş sany topary üçin degişli bahalandyryş şertlerini hasaba almak bilen, peýdalylyk işiniň bahasyny kesgitlemek zerurdyr. Bu amal ýerine ýetirilende, trafigiň toparlaýyn täsir edýän üç sany esasy bahalandyryş sany ýüze çykarylýar:

κ1 – trafigiň kesgitli topary bilen işlenende, hyzmatdan ýüz öwren ulanyjylaryň sanynyň göterim bahasy;

κ2 – trafigiň kesgitli topary üçin ulanyjylaryň nägileligi sebäpli, jaňlaryň sanynyň göterim bahasy;

κ3 – aragatnaşyk torlarynda internet trafigiň dürli görnüşleriniň göwrüminiň göterim gatnaşygy.

Ileri tutulma meselesi çözülende, peýdalylyk funksiýasy Neýman-Morgenştern usuly arkaly kesgitlenildi:

$$U_i=\sum_{j=1}^{n}\lambda_j V_j(k_{ij})$$

bu ýerde, $U_i$ – birnäçe peýdalanylýan kriteriýalaryň köplüginde trafigiň toparyna peýdalylygy $0 \le U_i \le 1$.

$V_j(k_{ij}) - k_j$ üçin trafigiň toparynyň peýdalylyk funksiýasy, $0 \le V_j(k_{ij}) \le 1, j = 1,n$

$\lambda_j - j$-nji kriteriýanyň agramy, $\sum_{j=1}^{n} \lambda_j = 1,\ \lambda_j > 0$.

Trafigiň bäş sany topary üçin ileri tutulmalar kesgitlenende, degişli ölçeglerde peýdalylyk funksiýasynyň bahalary hasaplanyldy. Neýman-Morgenştern peýdalylyk funksiýasy gurlanda, ikä paýlamak usulyny peýdalanyp, $\lambda_j$ agramlyk koeffisiýentleri hasaplanyldy we trafigiň degişli görnüşleri üçin peýdalylyk funksiýasynyň bahalary kesgitlenildi. Alnan netijeleri göz öňünde tutup, trafigiň toparlary üçin aşakdaky ileri tutulmalar kesgitlenildi (nol iň uly ileri tutulma degişlidir) [2].

**1-nji tablisa**

| Trafigiň topary | Peýdalylygy | Prioritet |
|---|---|---|
| Media | 0,813 | 0 |
| VoIP | 0,608 | 1 |
| Web-serfing | 0,348 | 2 |
| P2P | 0,202 | 3 |
| Beýlekiler | 0,157 | 4 |

*Trafigiň toparlarynyň artykmaçlygy*

Şeýlelikde, Neýman-Morgenştern usulynyň peýdalylyk funksiýasyny ulanyp, aragatnaşyk operatorynyň torunda geçirijilik ukybyny dolandyryş ulgamyny peýdalanmakda bar bolan trafigiň toparlarynyň prioritetleri kesgitlenildi [2].

Aragatnaşyk kanalynyň geçirijilik ukyby dolandyryş usullaryny amala aşyrmakda indiki tapgyr teklip

edilen klassifikasiýa ulgamyny hasaba alyp, aragatnaşyk operatorynyň agregasiýa düwnünden geçýän trafigiň identifikasiýasydyr. Trafigi dolandyrmak usulyny işläp düzmek Linux ulgamy bolan marşrutlaşdyryjy serwer üçin niýetlenendir.

Aragatnaşyk operatorlarynyň torunda trafigi dolandyrmak ulgamyny gurnamakda indiki tapgyr hakyky torlarda teklip edilýän çemeleşmeleriň amala aşyrylmasydyr. Munuň üçin teklip edilýän identifikasiýa usullary bilen geçirijilik ukybyny dolandyryş ulgamynyň amala aşyrylmasy guramanyň marşrutizatorynda ýerine ýetirilýär. Bu ýagdaýda, barlagyň meselesi kompaniýa üçin bölünip berlen umumy aragatnaşyk kanalyny trafigiň her bir görnüşi boýunça dolulygyna peýdalanmagy kesgitlemekden ybaratdyr. Barlag geçirijilik ukyby dolandyryş ulgamynyň iki görnüşde amala aşyrylyşy boýunça ýerine ýetirildi: trafigiň dürli toparlarynyň ileri tutulmalary hasaba alynmaýan ulgam, 1-nji tablisada görkezilen trafigiň toparlarynyň artykmaçlygy bolan ulgam. Ulgamyň amala aşyrylmasynyň iki görnüşi üçin şu netijeler alyndy [3].

**3-nji surat**




*Aragatnaşyk kanalynda trafigiň paýlanyşy*

**NETIJE.** Teklip edilýän klassifikasiýa aragatnaşyk kanalynyň geçirijilik ukybynyň aşa ýüklenme wagtynda peýdalanylyşyny amatlylaşdyrmaga mümkinçilik berer.

**Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 15-nji ýanwary**

## EDEBIÝAT

1. *Визуалин С.* Методы тарификации для биллинговой системы наложенной связи. – Москва, 2019.
2. *Колесников А.В.* Моделирование сетевого трафика и алгоритмы борьбы с перегрузками на основе методов нелинейной динамики и краткосрочного прогнозирования временных рядов. – Москва, 2015.
3. *Кузмин В.В.* Классификация и идентификация трафика в мультисервисной сети оператора связи // Современные проблемы науки образования. – 2014. – №5.
4. *Шольц С.С.* Особенности формирования и регулирования тарифов на телекоммуникационные услуги // Научно-образовательный журнал для студентов и преподавателей “StudNet”. – 2020. – №10.

**I. ROZYÝEW, M. GELDIMYRADOWA**

**FEATURES OF CREATING AND SETTING TARIFFS FOR COMMUNICATION SERVICES**

The article describes the pricing system for communication services and proposes a method for organizing a traffic management system based on the classification of user information. Billing in the telecommunications industry is a set of activities and solutions at telecommunications enterprises to collect information about the use of telecommunications services, tariffs, billing of subscribers and payment processing. A billing system consists of software and hardware to support billing business processes. This classification will allow you to optimize the use of communication channel bandwidth during overload.

**И. РОЗЫЕВ, М. ГЕЛДИМЫРАДОВА**

**ОСОБЕННОСТИ СОЗДАНИЯ И УСТАНОВЛЕНИЯ ТАРИФОВ НА УСЛУГИ СВЯЗИ**

В статье описана система ценообразования на услуги связи и предложен метод организации системы управления трафиком на основе классификации пользовательской информации. Биллинг в сфере телекоммуникации – это комплекс мероприятий и решений на предприятиях связи для сбора информации об использовании телекоммуникационных услуг, о тарифах, выставлении счетов абонентам и обработке платежей. Биллинговая система состоит из программного и аппаратного обеспечения для поддержки бизнес-процессов биллинга. Данная классификация позволит оптимизировать использование пропускной способности канала связи при перегрузке.

**Allaberdi Agamyradow**

# UZAK ARALYKDAN BILIM BERMEK

Üstünliklere beslenip dowam edýän “Pähim paýhas ummany Magtymguly Pyragy” ýylynda, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň taýsyz tagallalarynyň netijesinde, ýurdumyzda ähli ugurlar boýunça uly ösüşler gazanylýar. Şol sanda, ylym-bilim ulgamynyň yzygiderli ösdürilmegine hem aýratyn üns berilýär. Gahryman Arkadagymyz “Ömrümiň manysynyň dowamaty” atly kitabynda ýaşlara sargydynda olaryň mynasyp ylym-bilim almagy, döredijilik we dürli kesp-kärler bilen meşgullanmagy, yzygiderli kämilleşmegi üçin ähli mümkinçilikleriň döredilendigini belläp geçýär [1, 415 s.]. Bilim ulgamynyň işini döwrebap derejede guramak, oňa innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak, ýaşlara berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmak, bu babatda milli aýratynlyklary göz öňünde tutmak bilen, dünýä tejribesinden ugur almak, sanly bilim ulgamyna geçmek boýunça giň möçberli işler alnyp barylýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýurdumyzyň pudaklaryny sanlylaşdyrmak we döwrebap derejä ýetirmek baradaky tagallalary muňa aýdyň mysaldyr. Häzirki wagtda ähli ýokary okuw mekdeplerimizde bilim bermegiň döwrebap usullaryndan peýdalanylýar. Şeýle usullaryň biri hem sanly bilim ulgamynyň elektron we uzak aralykdan bilim bermek mümkinçiliklerinden giňden peýdalanmakdyr. Hususan-da, bu ugurda alnyp barylýan işleriň möhüm ugry daşary ýurt dillerini, dil gatnaşyklaryny düýpli öwrenmek bilen baglydyr.

Döwrüň talaplary üýtgäp durýar, şol sanda, “sanly nesil” düşünjesine eýerýän ýaşlarymyz hem kämilleşýär. “Sanly nesil” düşünjesini anyk görkezmek üçin, onuň döreýiş taryhyny bilmegimiz zerurdyr. Iňlis dilinden gelip çykan “digital natives” sözlerine kesgitleme bersek, “sanly nesil” diýmekdir, “internet we beýleki sanly serişdeler bilen döwürdeş barýan ýaşlar” diýmekdir. Bu usul okatmagyň tärleriniň bilim beriji merkezlerde bäsdeşlige ukyply bolmakda yza galmazlygyny aňladýar. Şeýle-de, ýokary okuw mekdeplerinde bilim berýän her bir mugallym talyplara adaty bilim bermek usullaryndan tapawutlanýan görnüşleri we täzeçillikleri girizmelidir. Uzak aralykdan bilim bermek bu meseläni çözmekde uly ähmiýete eýedir.

Uzak aralykdan bilim bermek näme? Ol bilim ojagyndan uzakda ýaşaýan ýaşlaryň okuw-öwrenijilik işinde usuly taýdan guralan dolandyryş tehnologiýasydyr.

Uzak aralykdan okuw özüniň ösüş taryhyna XVIII asyrda başlaýar. 1728-nji ýylda Kaleb Filips stenografiýa ylmyny öwrenesi gelýänleriň toparyny düzýändigi barada gazetde bildiriş berýär. Dünýäniň islendik nokadyndaky islendik adamyň hat alyş-çalşy arkaly bilim almak mümkinçiligine eýe bolmagy bu okuwyň aýratyn tarapydyr. 1840-njy ýylda Isaak Pitman hem uzak aralykdan okuw pikirini dowam edipdir. Ol hemme isleg bildirýänlere poçta arkaly öz sapaklaryny ugradyp başlapdyr. Alym: “Her bir adamyň bilim almaga hukugy bar” diýip hasaplapdyr, şonuň üçin hem hemmelere oňaýly boljak okuw şertlerini döretmek kararyna gelipdir. Onuň işini dowam edenler Ç.Tussen we G.Lançenşteýdt ýaly alymlardyr. Olar 1856-njy ýylda Berlin şäherinde uzak aralykdan okatmak arkaly bilim berýän instituty döredipdirler. Okuwçylar özara poçta arkaly habarlaşypdyrlar we bilim alypdyrlar [5].

1873-nji ýylda uzak aralykdan bilim berýän mekdepler açylypdyr, soňra bolsa Anna Tinkor atly ylmy işgär gyzlar üçin mekdep döredipdir. Hemme sapaklar poçta arkaly guralypdyr. 1892-nji ýylda Çikagoda ilkinji gezek uzak aralykdan bilim bermegiň okuw meýilnamasy döredilýär we Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda *onlaýn* sapaklaryny berýän ilkinji edara peýda bolýar. Şeýle-de,1899-njy ýylda Kanadada ýerleşýän Patyşalyk instituty öz talyplaryny uzak aralykdan okadyp başlapdyr.

Okuwyň bu görnüşi XX asyrda öz ösüşini dowam etdirýär. Poçta arkaly habarlaşmagy aradan aýyrmak üçin XIX asyrda tehnologiýalar ýeterlik derejede ösen däldi, ýöne geçen asyryň 50-nji ýyllarynda telefon, radio we telegraf bardy, soňra telewizor döredi. Şeýle innowasion tehnologiýalara eýe bolnan hem bolsa, aragatnaşyk ikitaraplaýyn guralmandyr. 1950-nji ýylda telewizor arkaly guralýan *onlaýn* okuwlara başlanýar. 1953-nji ýylda bu görnüşli okuwlar örän meşhurlyga eýe bolup, Amerikada we Ýewropada ýaşaýanlar ondan giňden peýdalanyp başlaýarlar.

Häzirki günlerde hem uzak aralykdan bilim bermek okuw meýilnamasy ösdürilýär we kämilleşdirilýär. Mugallymlara okuwçylary we talyplary bilen *onlaýn* tertipde pikir alyşmaga mümkinçilik berýän birnäçe programma we platforma döredildi. Internet ulgamynyň kömegi bilen ähli okuw gollanmalaryny *onlaýn* görnüşde tapyp, okap hem diňläp bolýar. Internetiň giňişliginde isleg bildirýänlere birnäçe tölegli we tölegsiz sapaklar hödürlenilýär. Häzirki wagtda dünýäniň ýokary okuw mekdepleriniň köpüsi talyplaryna *onlaýn* we *onlaýn däl* okuw görnüşlerini saýlamaga mümkinçilik berýär. Internetde diňe bir bilim berýän gaýybana okuwlar däl-de, öwrenijilik häsiýetli programmalar hem bar. Meselem, höwesi bar adam sergä ýa-da muzeýe gatnaşyp, şeýle hem konsertden lezzet alyp biler. Häzirki wagtda islendik adamyň ýaşaýan ýerine, maddy ýagdaýyna garamazdan, ýokary hilli bilim almaga hukugy bar.

Uzak aralykdan okuwyň tapawutly mümkinçilikleriniň biri ýaşlaryň okuw gollanmalaryna islendik wagt we islendik ýerde girip okap bilmegidir. Merkezden uzakda ýaşaýan adamlar, gijä galanlygy üçin, okuwdan çykarylmak gorkusyndan azat bolup, bu programmalar boýunça bilim alyp bilýärler. Interaktiwligi we netijede okuwa bolan höwesi ösdürmek bilen tapawutlanyp, iň ýaýran aragatnaşyk serişdeleri hökmünde, okuwçylara takyk temalar boýunça alyş-çalyş etmäge mümkinçilik döredýän internet forumlar we sahypalar gaýybana okuwyň esasy gurallary hasaplanylýar.

Häzirki günlerde *onlaýn* okuwyň ösüşini amala aşyrmak üçin birnäçe usullaryň we gurallaryň birleşigi giňden ýaýrandyr. Bu ulgam täze gurallaryň kesgirligini we nusgawy serişdeleriň netijeliligini özünde birleşdirip, elektron okuwy adaty okuwyň beýleki görnüşleri bilen gatyşdyrýar. *Onlaýn* görnüşde guralýan interaktiw okuwyň gymmatlygy:

– dürli nazaryýetleri, maglumatlary we pikirleri berk baglanyşykda öwrenmekde zerur bolan maglumatlary özleşdiriş derejesini ýokarlandyrmakdan;

– internet torunda bilelikde işleşmek arkaly, öwrenýänleriň metakognitiw ukyplaryny ösdürmekden;

– ýüze çykýan meseleleri dürli usullar bilen çözmäge mümkinçilik bermekden;

– okaýanlarda toparda işläniňde zerur bolan jemgyýetçilik ukyplary kemala getirmekden [2, 81 s.];

– indiwidual görnüşde bilim bermekden [3, 49 s.];

– bilim berýän birnäçe programmalaryň arasyndan islendigini almakdan;

– sapaklaryň dowamlylygyny, wagtyny we ýerini özbaşdak meýilleşdirmekden;

– bilim edarasynyň geografik we wagt ýagdaýynyň garaşsyzlygy, öz-özüň bilim almakdaky zerurlyklary çäklendirmäge ýol bermezlikden;

– mugallymyň we talybyň arasynda ikitaraplaýyn gatnaşygy netijeli ýerine ýetirmekden ybaratdyr [4, 352 s.].

Geçirilen sorag-jogaplaryň netijesine salgylansak, okuwçylar we talyplar üçin *onlaýn* okuwyň birnäçe artykmaç taraplarynyň bardygy barada pikire gelmek boljak. *Birinjiden*, bu bilim almagyň häzirki zaman görnüşi, şonuň üçin ony saýlamak has möhümdir. *Ikinjiden*, sorag edilen talyplar wagtyň tygşytlanýandygyny belleýärler. *Onlaýn* okuwyň adaty okuwdan has elýeterliligi ýene bir bellemeli ýagdaýdyr. Şeýle-de, islegiňe görä sapak tertiplerini üýtgetmek mümkinçiligi hem bu usulyň artykmaçlygydyr. Bu bolsa öz wagtyny netijeli we tygşytly ulanmagy başarýan hem-de okuw bilen işi bilelikde alyp barýan talyplar üçin zerurlyklaryň biridir. Mundan başga-da, gaýybana okuw ulgamynda okaýan ýaşlar öwredilýän sapaklarda ünssüzligi ýeňmekde tapawutlanýarlar, şonuň üçin-de köp maglumaty özleşdirýärler.

Uzak aralykdan okuwyň mugallymlar üçin hem birnäçe artykmaç taraplary bar. Olaryň esasylarynyň biri rahatlyk, iş ýeri meselesi bilen baglylykda wagty tygşytlamakdyr. Mugallym, öz islegine görä, sapagyna dürli döwrebap üýtgeşmeleri we okuw usullaryny girizip biler. Şeýle-de, talabalaýyk derejede bilim bermek ukyby ýokary bolan ýagdaýynda, has köp sanly ýaşlary topara kabul etmek mümkinçiligi, tölegli bilim berlen halatynda bolsa, goşmaça girdeji gazanmagy mugallym üçin iň peýdaly taraplarynyň biri bolup biler.

Şol bir wagtyň özünde, her bir zatda bolşy ýaly, uzak aralykdan okuwyň hem käbir kemçilikleri bardyr. Olaryň biri tehniki näsazlyklardyr. Uzak aralykda, merkezden çetleşen ýerde ýaşaýan talyplaryň internet tory bilen bagly meseleleri ýüze çykyp biler, meselem, internetiň tizliginiň pes bolmagy. Onuň netijesinde bolsa okuwçy ýa-da talyp

käbir sapaklara gatnaşyp bilmeýär. Okaýanlaryň käbirinde guralýan sapaklary özleşdirmek, olara düşünmek kynçylyklary ýüze çykmagy mümkin, sebäbi okuwçynyň mugallymy we topardaşlary bilen özara gatnaşygy ýok ýa-da ýeterlik derejede däl.

Bulardan başga-da, uzak aralykdan okuwyň barşynda awtorlyk hukugy bilen bagly meseleler ýüze çykýar. Bu hem degişli okuwyň kemçilikleriniň biri bolup biler. Eýelerinden rugsatsyz öz şahsy sahypaňda olaryň işlerini, maglumatlaryny, okuw gollanmalaryny ýerleşdirmek gadagan edilýär. Mugallymlar okuw gollanmalaryny, suratlary, wideoýazgylary döretseler, hiç hili bökdençlik bolmaýar. Galyberse-de, okuw toparlaryny döretmek, ýazuw işlerini barlamak üçin köp wagt gerek bolýar. Käbir ýagdaýlarda tehniki näsazlyklar hem ýüze çykýar. Bu okuw görnüşiniň täzeçilligi hem bellibir derejede kemçilik bolup biler, sebäbi okuwçynyň şahsyny anyklamak, bahalandyryş talaplaryna doly gabat gelmek ýaly meseleler ýüze çykýar. Onuň üçin uzak aralykdan okuwyň meýilnamasyny doly derejede işläp taýýarlamak, kämilleşdirmek we döwlet okuw maksatnamasyna girizmek gerekdir.

Uzak aralykdan okuw integrirlenen okuwyň görnüşi hökmünde häzirki zamanyň hödürleýän tehnologiýalarynyň hemme mümkinçiliklerini bilim almagyň adaty görnüşi bilen baglanyşdyrýar. Okuwyň adaty görnüşlerini başga interaktiw görnüşleri döretmek üçin üýtgetmek gerek. Olar maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryny ulanmagy hödürlemek bilen, täze bilim beriji mümkinçilikleri döredip biler.

Bilim ojaklarynda uzak aralykdan okuwçylaryň we talyplaryň bilim derejesini barlamak maksady bilen gaýybana görnüşde synaglary, olimpiadalary we ýaryşlary geçirmek; bellibir sebäplere görä okuw sapaklaryny goýberen okuwçylaryň bilim derejesini barlamak üçin *onlaýn barlaglary* geçirmek; dürli taslama işlerini maslahatlaşmak üçin ulanyp bolýar.

**Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk instituty**

**Kabul edilen wagty 2024-nji ýylyň 26-njy fewraly**

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ömrümiň manysynyň dowamaty. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2023.

2. *Панюшкина О.А.* Новый закон об образовании РФ и потенциал инновационных средств в обучении испанскому языку // Вестник МГОУ. Серия «Педагогика». – Москва: Изд-во «МГОУ», 2014. – №1.

3. *Панюшкина О.А.* Преимущества и недостатки компьютерного обучения иностранным языкам // Совет ректоров. – Москва: «Образование 3000», 2012. – №11.

4. *Панюшкина О.А.* Семь причин использовать смарт-технологии в обучении иностранному языку прямо сейчас // Роль бизнеса в трансформации общества – 2014. – Москва, 2014.

5. Internet çeşmesi: https://xn–d1acynfdde.xn–p1ai/999-istoriya-distancionnogo-obucheniya.html.

## A. AGAMYRADOV
## THE IMPORTANCE OF DISTANCE EDUCATION

The paper highlights the importance of using interactive forms and methods of learning as an integrated distance education, using innovative teaching methods through information and communication technologies. Evidence is provided confirming the importance of distance learning in the modern world due to the widespread use of various methods and tools for the development of distance education.

## А. АГАМЫРАДОВ
## РОЛЬ ДИСТАНЦИОННОГО ОБРАЗОВАНИЯ

В статье подчеркивается важность использования интерактивных форм и методов обучения в условиях интегрированного дистанционного образования, применения инновационных методов обучения и информационно-коммуникационных технологий. Приводятся доказательства, подтверждающие роль дистанционного обучения в современном мире благодаря широкому распространению различных методов и инструментов для его развития дистанционного образования.

**Daýanç Reýimow, Söýenç Ahmedow**

# TALYPLARA AHALTEKE BEDEWLERIMIZIŇ SEÇGISINDE MOLEKULÝAR GENETIKANYŇ DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLERINI ÖWRETMEK

Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, atçylyk pudagynda ata-babalarymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda gazananlaryny, gözelligi bilen haýran galdyrýan, ynsan ýaly duýgur, arassa ganly ahalteke bedewlerimiziň ähli ajaýyp häsiýetlerini birjik-de üýtgetmän şu günlere getiren tejribesini geljekki nesillere ýetirmek biziň baş maksadymyzdyr [2].

“Türkmenistanyň ÝUNESKO-nyň garamagyna hödürlän “Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleri” atly milli hödürnamasynyň bu Guramanyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi baradaky çözgüt biragyzdan kabul edildi” [1, 204-205 s.]. “Ahalteke bedewini ösdürip ýetişdirmegiň syrlaryny, elbetde, bize tanamaýan, bilmeýän ýerimizden biri gelip düşündirmeýär. Ýöne üşügi ýetip başlanyndan at çapan perzentlerimiz onuň çyn bolmagyny isleýär” [2, 15 s.]. Atçylyk pudagyny ylmy esasda ösdürmekde, olaryň tohum arassalygyny gorap saklamakda, seçgi – tohumçylyk işlerini talabalaýyk geçirmekde alnyp barylýan işler oňat netijeleri berýär. Bu işleri alyp barmakda ahalteke bedewlerimiziň nesle geçijilik ýörelgeleri ylmy esasda öwrenilýär, genotipleme arkaly atalyk we enelik ugurlary kesgitlenilýär.

Ylmyň gazananlary we innowasion tehnologiýalar ylmy-barlag işlerini häzirki zaman usullarynda netijeli alyp barmaga, atçylyk pudagynyň düzümini üýtgedip guramaga mümkinçilik berýär. Molekulýar genetika ylmynyň gazananlary lukmançylykda, weterinariýada bolsa haýwanlaryň ýokanç we ýokanç däl kesellerini anyklamakda, olaryň nesle geçijiliginiň ýollaryny kesgitlemekde örän ähmiýetli hasaplanylýar.

Bu asylly işde ahalteke bedewlerimiziň tohum arassalygyny gorap saklamakda, seçgiçilik işlerini talabalaýyk amala aşyrmakda molekulýar genetikanyň gazananlaryna daýanýarys. Ahalteke taýçanagynyň atalyk we enelik jähetden nesle geçijilik ugurlaryny ylmy esasda tassyklamak arkaly, tohum atlaryň we baýtallaryň tohumçylyk ugruny düzüp, arassa ganly bedewlerimizi gorap saklap bileris.

Nesle geçijilik janly bedenlere mahsus bolup, öz häsiýet alamatlaryny nesillerine geçirmäge ukyplylyk derejesi bilen şertlendirilýär.

Atlarda hromosomalaryň 32 jübüti (jemi 64 sany) bar. Alymlaryň maglumatlaryna görä, şol hromosomalarda ýüz müňden milliona çenli gen ýerleşýär. Netijede, her hromosomada örän köp sanly gen saklanýar. Bir hromosomada ýerleşýän geniň tirkeşiklilikde nesillere geçýändigini köp sanly tejribeleriň netijesi subut edýär. Geniň tirkeşikli ýagdaýda nesilden-nesle geçmek kanunalaýyklyklaryny ilkinji bolup amerikan alymy T.Morgan (1911 – 1912) we onuň şägirtleri ýüze çykardylar. Ylmyň we tehnologiýalaryň häzirki ösýän döwründe molekulýar biologiýanyň mümkinçilikleri hem artýar. Elbetde, ahalteke bedewlerimiziň nesle geçijilik häsiýetlerini öwrenip, genotipirleme barlagyny amala aşyrmak üçin, ilki bilen, bize olaryň arassa DNK-sy zerurdyr. Molekulýar biologiýada DNK-ny bölüp almak üçin bedeniň dürli öýjükleri peýdalanylyp bilner, emma olarda hökmany suratda maglumat ulgamyny saklaýan öýjük ýadrosy bolmalydyr. Şeýle-de bolsa, barlagda gen, dürli dokumalar has giňişleýin peýdalanylýar.

Atlardan DNK ýeňillikli, ýagny olaryň ýallaryndan alynýar. Atyň ýalynyň düýbi, ýagny köki zerur mukdarda DNK-ny saklaýar. Ony almak atlarda agyry döretmeýär. Şeýle-de, ýallaryndan almak, ony uzak wagtlap saklamak, gerekli ýerine eltmek we zyýansyzlandyrmak (utilizasiýa etmek) ýeňil we howpsuzdyr. Ahalteke taýçanagyndan DNK onuň ýalyndan alynýar. Munuň üçin olaryň rahat ýagdaýynda ýanlaryna baryp, ýalyndan ýa-da guýrugyndan nusgalar ýolnup alynýar. Alnan nusgalar arassa kagyz bukja salnyp, onuň daşynda haýsy taýçanakdan alnandygy, senesi, alan barlagçynyň ady we familiýasy ýazylýar.

***I. DNK-nyň bölünip alnyşy***

Barlaghanada enjamlary 5 – 10 minut öňünden işledip goýmaly. Gerekli enjamlary taýýarlamaly (probirkalar, ştatiwler, reaktiwler). 1,5 ml mikro sentrifuga probirkalary sanlar bilen bellik etmeli. 1,5 – 2,5 sm atyň ýalyny gyrkyp, probirka ýerleşdirmeli we üstüne 180 mkl ATL goşmaly. ATL erginini ulanmazdan öň gyzdyrmaly. 20 mkl proteinaza *K* goşup,

wortekstde gowy garmaly. 56ºC gyzgynlykda 1 sagat inkubasiýa etmeli. Inkubasiýadan soň ähli probirkalary wortekstde gowy garmaly. Soňra üstüne 200 mkl Al buferi goşmaly we wortekstde garmaly. Üstüne etanol (etil spirti) goşmaly (200 mkl) we wortekstde garmaly. Soňra ähli probirkadaky suwuklygy alyp, täze 2 ml *collection tube* geçirmeli.

*Collection tubeden* ählisini sentrifuga ýerleşdirip, 8000 aýlawda 2 min · goýmaly. Bulardan soňra, *collection tubeden* filtrleri alyp, täze 2 ml *collection tube* geçirmeli. Üstüne 500 mkl AW1 goşmaly we sentrifugada 8000 aýlawda 2 min goýmaly. Soň probirkadaky filtri alyp, täze probirka (2ml) geçirmeli. Üstüne AW2 (500 mkl) goşup, sentrifugada 14000 aýlawda 3 min · goýmaly. Soňra sentrifugadan probirkany alyp, filtrini gapakly 1,5 ml probirka geçirmeli we 1 · min saklamaly. Soňra sentrifugada 8000 aýlawda 2 · min goýmaly. Sentrifugadan alyp, probirkadan filtri aýyrmaly we gapagyny ýapyp, sowadyjyda goýmaly.

**DNK-nyň mukdaryny ölçemek**

1,5 ml probirkany jübtek bilen ştatiwe goýmaly, dsDNA BR Kit bufer 1393 ml t7. Qubit reagentli 6 sany probirka 7 mkl, 7-nji probirka 6 mkl goşmaly. Worteks garmaly – 1,5 ml probirka. Netijede, 1400 mkl suwuklyk bolýar. Alnan DNK-ny *wortekstde* garyp taýýarlamaly. 195 mkl bufere 5 mkl DNK goşmaly. Qubit 4 kysymly enjamda hasaplamaly. 480 mkl praýmeriň üstüne 480 mkl bufer goşup, sentrifugada 46 nusganyň daşyndan 2 sany barlag nusgany almaly.

**Hasaplama:** Qubit reagent 1x48=48 mkl, Qubit bufer 199x48=9552 mkl, 7 probirka 9552 hem-de 48-e bölýäris. Şu ýagdaýda 6 sany probirka 1393 mkl Qubit bufer we 7 mkl Qubit reagent goşulýar. 7-nji probirka bolsa 1194 mkl Qubit bufer we 6 mkl Qubit reagent goşulýar. DNK-ny ölçemek üçin ýörite niýetlenen mini probirkadaky taýýar erginden 195 mkl alyp, üstüne 5 mkl DNK goşup, mukdaryny ölçemeli (nanogram/ mikrolitr).

**1-nji surat**



**1-nji tablisa**

| T/b | Atyň nusga alnan ýeri | Mukdary (nanogram/mikrolitr) | Bellik (taýçanaklaryň ady) |
|---|---|---|---|
| 1 | Ýaly | 30,5 | Serpaý |
| 2 | Guýrugy | 15,9 | |
| 3 | Ýaly | 27,8 | Goňurbaş |
| 4 | Guýrugy | 14,1 | |
| 5 | Ýaly | 18,4 | Dorsakar |
| 6 | Guýrugy | 7,23 | |

**Bellik:** Atyň ýalyndan alnan nusgalarda DNK-nyň mukdary guýrukdaky alnan nusgadaky DNK-dan 1,92 esse köp saklanýar!

***II. Polimeraza zynjyr reaksiýasy (PZR)***

Polimeraza zynjyr reaksiýasy (PZR) molekulýar biologiýanyň eksperimental usullarynyň biri bolup, biologik materialda (nusgada) örän az mukdarda saklanylýan nuklein kislotasynyň (DNK) bellibir böleginiň ep-esli derejede köpeldilmegine aýdylýar. Bu reaksiýany 1983-nji ýylda amerikan alymy Keri Mýullis oýlap tapdy. Munuň üçin ol soňra Halkara Nobel baýragyna mynasyp boldy. Häzirki wagtda PZR lukmançylykda we weterinariýada ýokanç keselleri anyklamakda ulanylýar.

PZR geçirmek üçin premiks taýýarlap, üstüne 2 mkl DNK goşmaly. Bu ýagdaýda 18 mkl premiksiň üstüne 2 mkl DNK goşulýar. Premiks taýýarlamak üçin her probirka EG Master Mix 10mkl, EG Primer Mix 10 mkl guýmaly. Netijede, 48 sany probirka (46 nusga, 2 barlag-deňeşdirme) jemi 480+480= 960 mkl bolýar. Barlag-deňeşdirme probirkalara DNK-nyň deregine suw goşýarys. Probirkalar taýýarlanylandan soň, amplifikatora ýerleşdirip, 1,5 sagat reaksiýa geçirmeli.

**2-nji surat**



*PZR reaksiýasynyň geçirilýän pursady*

***III. Sekwenirleme***

DNK-nyň kapillýar elektroforezi (agarozly gel) DNK-ny uzynlygyna iki bölege bölýän analitik usuldyr. Bu usul daşky elektrik meýdanynyň täsirinde dürli uzynlykdaky bölekleriň tizlikdäki hereketine esaslanýar.

Biopolimerleriň sekwenirlemegi (beloklaryň we nuklein kislotalaryň) olaryň aminokislota we nukleo-

tid yzygiderliliginiň kesgitlenilmegidir. Sekwenirlemäniň netijesinde monomerleriň yzygiderliliginde ýazgy görnüşindäki makromolekulalaryň anyk beýany alynýar. DNK-nyň sekwinirlenýän meýdany, adatça, nukleotidleriň 100 jübütinden geçmese, Sengeriň usuly boýunça sekwenirleme 1000 jübüte çenli bolýar. Netijede, DNK-nyň doly däl meýdanyndan genleriň yzygiderliligi, bitewi genler, umumy MRNK hem-de bedeniň umumy genomynyň mukdary anyklanylýar. Sekwenirleme üçin Edmanyň, Sengeriň we başgalaryň usullary peýdalanylýar. Adatça, sekwenirlemeden öň DNK meýdanynyň amplifikasiýasy geçirilip, olaryň yzygiderliligi PZR kömegi bilen anyklanylýar. Bedendäki ähli genomyň sekwenirlemesi, adatça, täze tehnologiýalaryň kömegi bilen (next-generation sequencing) amala aşyrylýar.

**Kapilýar elektroforeze taýýarlyk**

Hide formamide + genskany standart 1,5 ml we 10 mkl öýjükleriň içine guýmaly we üstüni ýapmaly. Soňra laminar şkafda amplifikatordan çykan PZR proba alyp, ondan 1 mkl öýjüklere guýmaly (her hataryň membranasyny aýratyn açyp, soňra ýapmaly).

**Bellik:** Her gezek DNK goýlanda, uçlary çalyşmaly. Plaşkadaky howany çykarmak üçin sentrifugada 2000 aýlawda 1 min goýmaly. Denaturasiýa (iki zynjyrly DNK-ny bir zynjyra getirmek) geçirmek üçin amplifikatordan 3 min geçirmeli. Soňra amplifikatordan çykaryp, dessine DNK-lar öňki ýagdaýyna gelmänkä, sowuk ştatiwe –25 °C 3 min salmaly. Soňra plaşkany sekwenatoryň kartrijini açyp (eject plate) ýerleşdirmeli we sekwenatora salmaly (retract). Ekranda kartrijiň belgisini salyp, set up run basmaly (8 sagat 53 min). Barlag wagty tamamlanandan soňra, netijäni kompýuter toplumynda ornaşdyrylan Gen mapper programmasyna salmaly we zerur maglumatlary girizmeli. Netijede, anyklanylýan nusga atalyk we enelik markerleri bilen deňeşdirilip, garyndaşlyk derejeleri anyklanylýar.

Dünýä we milli tejribelere esaslanyp, talyp ýaşlarymyza tehnologiýanyň soňky gazananlaryny ulanmak arkaly behişdi bedewlerimiziň tohum arassalygyny ylmy esasda öwredip, olaryň şan-şöhratyny has-da ýokary götermekde gujur-gaýratymyzy gaýgyrmarys. Berkarar Watanymyzda ýaşlara ýaşamaga, halal zähmet çekmäge, ylmy işleri döwrüň talabyna laýyklykda alyp barmaga ähli mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlarymyz çäksizdir!

**Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy**

**Kabul edilen wagty 2024-nji ýylyň 8-nji apreli**

## EDEBIÝAT

1. *Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2023.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Atda wepa-da bar, sapa-da. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019.

**D. REYIMOV, S. AHMEDOV**

## TEACHING STUDENTS THE MODERN POTENTIALS OF MOLECULAR GENETICS IN THE SELECTION OF OUR AKHAL-TEKE HORSES

Today, due to the efforts and tremendous work of our Hero – Arkadag and Arkadagly Hero Serdar the international glory of our Akhal-Teke horses, which are national value of Turkmen people, is increasing. From this point of view it is necessary to study genetics of horses on a scientific basis, to preserve the purity of this unique breed, and carry out selection and breeding activities in order to pick out the best breed, which coincides with the demand of the time.

**Д. РЕЙИМОВ, С. АХМЕДОВ**

## ОБУЧЕНИЕ СТУДЕНТОВ СОВРЕМЕННЫМ ВОЗМОЖНОСТЯМ МОЛЕКУЛЯРНОЙ ГЕНЕТИКИ В СЕЛЕКЦИИ АХАЛТЕКИНСКИХ ЛОШАДЕЙ

Сегодня благодаря усилиям и огромной работе нашего Героя – Аркадага и Аркадаглы Героя Сердара растет международная слава ахалтекинских скакунов, являющихся национальным достоянием туркменского народа. Необходимо изучать генетику лошадей на основе научных исследований, сохранить чистокровную породу ахалтекинских лошадей и проводить селекционно-племенную работу по выведению лучших пород в соответствии с требованием времени.

**Arzuw Setdarowa**

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ “NÄME SEN?” GOŞGUSYNDAKY SINONIMLERIŇ TÜRKMEN WE PARS DILLERINDE ŞÖHLELENIŞI

Magtymguly Pyragynyň dünýäniň ençeme dillerine terjime edilen şygyrlary diňe bir türkmen ýaşlaryny däl, eýsem, dünýäniň dürli ýurtlarynda bilim alýan ýaşlary hem terbiýelemegiň nusgasyna öwrüldi. Şahyryň ömri we döredijiligi Russiýada, Eýranda, Garagalpagystanda, Gazagystanda, Özbegistanda, Täjigistanda umumybilim berýän mekdeplerde öwrenilýär.




Akyldar şahyryň goşgularynyň pars diline yzygiderli terjime edilmegi bu eserlere gyzyklanmalaryň barha artýandygyny ýene bir gezek görkezýär. Beýik söz ussadynyň dünýä edebiýatynyň altyn sahypasyna giren şygyrlarynda sinonimleriň özboluşlylygyny öwrenmek şahyryň şygryýet bossanyna baha bermekde aýratyn ähmiýetli meseleleriň biridir.

Türkmen dilinde leksika-grammatik häsiýetleri boýunça bir söz toparyna degişli bolup, ýakyn we meňzeş manylara eýe bolan, emma, köplenç, many öwüşgini, stilistik hyzmaty ýa-da ulanylyş aýratynlyklary taýdan tapawutlanýan sözlere, söz düzümlerine sinonim diýilýär [2, 42 s.].

Pars dilinde hem sinonimler, türkmen dilindäki ýaly, manydaş ýa-da manylary ýakyn sözlerdir. Sinonimler diňe bir diliň öz içki serişdeleri arkaly döredilmän, eýsem, stilistik zerurlyk sebäpli, beýleki dillerden alynmak arkaly hem emele getirilip bilner.

Sinonimleriň manylarynyň örän ýakyn, stilistik häsiýetiniň meňzeş bolmagy käbir sinonimleriň biri-biriniň ýerine ulanylmagyna, bir sözlemde biriniň beýlekisini çalşyrmagyna mümkinçilik berýär [2, 43 s.].

Türkmen diliniň sinonimleriniň baýlaşmagyna bellibir derejede pars dilinden geçen sözleriň ähmiýetiniň bolandygyny bellemek gerek. Çeper edebiýatda, ylaýta-da, şygryýetde sinonimler çeperçilik serişdesi hökmünde uly orun eýeleýär. Olar diliň söz baýlygyny giňden peýdalanmaga, sözleri saýlap-seçmäge, ýerli-ýerinde goýmaga, şeýlelikde, ýazylýan eseriň has täsirli bolmagyna giň mümkinçilik döredýär.

Gündogaryň beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň eserlerinde sinonimler örän ýerlikli ulanylypdyr. Ussadyň döredijiliginde ulanylan sinonimleriň aglabasynyň arap-pars sözleridigini aýratyn bellemelidiris. Aýratyn hem pars sözleri şahyryň döredijiligine özboluşly öwüşgin çaýýar. Biz şu makalamyzda şahyryň “Näme sen?” goşgusynda ulanan sinonimlerini stilistik öwüşgini nukdaýnazardan seljermegi maksat edindik. **Türkmen dilinde:** *Asla seni görmemişem, dildarym! // Gumrumy sen, bilbilmi sen, näme sen? // Gamgyn köňlüm hyýalyňda aldaram // Bag içinde gül-gülmi sen, näme sen?* [5, 26 s.].

**Pars diline terjimesi:** ای دلبر من!
هر گز نمی توانم تو را به چشم ببینم
آیا بلبلی یا قمری ای بگو چیستی؟
دل غمگینم را در خیالت فریب می دهم
تو گلی در میان باغی؟
آخر چیستی؟ [7, 55 s.]

**Pars dilinde okalyşy**: *Eý delbär-e män! // Här gäz nämitäwanäm tora be çäşm bebinäm // Aýa bolboli ýa gomreýi begu çisti? // Del-e gämginäm ra där hiýalät färib midähäm // To goli där meýan-e bagi? // Aher çisti?*

Şu bentde *altyn* hem *kümüş* sözleri “baýlyk, eşret çeşmesi” manysynda ulanylýar we sinonim hasaplanyp bilner. *Bilbil* hem *gumry* sözleri-de “ejizje guş” many öwüşgininde ulanylyp, sinonimiň hyzmatyny ýerine ýetirip biler.

Bu goşgy bendinde *gumry* sözi قمری – *gomri* – diýlip okalyp, pars we arap dillerinde işjeň ulanylýan sözdür. Sözüň asyl manysy *kepderä meňzeş, kül reňkli guş; bilbil* – بلبل – *bolbol* sözi bolsa pars

dilinden bolup, “hoş owazly kiçijik guş” diýen manyny aňladýar.

“Gumry, bilbil” sözleri pars we arap dillerinden biziň dilimize çuň aralaşan, hatda, sinonimleşen sözler bolup, çeper metafora bolup gelýär. Metaforanyň bu görnüşi sözleriň adam duýgusyna täsir etmek, zatlary, alamatlary, hereketleri has täsirli, obrazly atlandyrmak, aňlatmak maksady bilen ulanylmagynyň netijesinde emele gelýär [2, 34 s.]. Bu sözler goşgy setirlerinde sinonim hökmünde ulanylyp, goşgynyň çeperçiligine uly öwüşgin beripdir.

Goşgynyň indiki bendi: *Ýa müşkmi sen, ýa kokunar anbarmyň // Aýda bilmen, ýa çarhmy sen, çenbermiň // Ýa derýamyň, ýa möwçmi sen, lenbermiň // Ýa çyragmyň, ýa röwşenmiň, näme sen?* [5, 26 s.].

**Pars diline terjimesi:** مشکی یا عنبری خوش رایحه ای؟
من نمی توانم دریابم، تو خود بگو!
چرخی یا حلقهء طنابی؟
گردابی، یا پیچ و تاب آبی
یا ینکه دریایی و موج خروشان؟
بگو چیستی؟

**Pars dilinde okalyşy**: *Moşki ýa ämbäri hoş raýeheýi? // Män nemitewanäm därýabäm, to hod begu! // Çärhi ýa hälge-ýe tänabi? // Gärdabi,ýa piç wä tab-e abi // Ýa inke därýaýi wä mouj-e horuşan? // Begu çisti?*

Goşgy bendiniň şu setirinde gelip çykyşy taýdan pars sözi bolan *müşk* – مشک – *moşk* – keýigiň göbeginden alynýan gara reňkli we ýakymly, ýiti ysly maddany aňladýar. Bu setirde “*müşk*” sözüne manydaş söz *anbar* – عنبر– *ämbär* – arap sözi bolup, 1) hoşboý, ýakymly ysly jisim; 2) oňat, ýakymly ys diýen manyny aňladýar. Goşgy bendiniň ikinji setirinde *çarh* – چرخ – *çärh* 1) aýlanyş, aýlanma; 2) tigir; 3) dünýä, täleý ýaly manylary; *çenber* –چنبر – *çänbär* 1) halka, tegelek; 2) boýna dakylýan halka ýaly manylary aňladýar. Bendiň üçünji setirindäki *derýa* دریا – *därýa* sözi deňiz manysynda ulanylýar.

Arap dilinden türkmen diline aralaşan *möwç* – موج – *mouj* – sözüniň asyl manysy “tolkun, deňiz tolkuny” diýen manyny berýär. Bendiň soňky setirindäki “girdap, burgun” pars sözleri türkmen diline geçen sözler “derýada suwuň towlanyp akýan ýeri, howply ýer” diýen manylary aňladýar [6, 218 s.].

Ýokarky goşgy bendinde “*müşk, ambar, çarh, çenber, derýa, girdap, burgun*” ýaly sözler pars dilinden biziň dilimize geçip, doly özleşdirilen sözlerdir. Sözler ýazylyşlary taýdan tapawutlansalar-da, aňladýan manylary ýakyn bolup, şygyrda bu sözler sinonimler hökmünde ulanylypdyr.

Sinonimleriň dilde döremegi jemgyýetiň ösüşi bilen gös-göni baglanyşykly bolup, ol diliň sözlük düzüminiň barha kämilleşýändigini, onuň aňladyjylyk ukybynyň artýandygyny, täsirliliginiň ýitileşýändigini görkezýär. Şygryň çeperçilik serişdesi hökmünde sinonimleriň ikisi ýa-da üçüsi hem bir ýerde getirilip bilner. Bu goşgy setirleriniň täsirliligini artdyrýar.

Beýik akyldaryň “Näme sen?” goşgusynyň ýene bir bendi: *Altynmy sen, kümüşmi sen, zermi sen // Ýa arşmy sen, ýa kürsmi sen, ýermi sen // Ýa ýakutmyň, ýa merjenmiň, dürmi sen // Ýa çyragmyň, ýa röwşenmiň, näme sen?* [5, 26 s.].

**Pars diline terjimesi:** نقره ای یا زری و یا سیمی؟
عرشی یا کرسی یا زمینی؟
یاقوت، مروریدیا مرجانی؟
چراغی و یا روشنایی آبی؟
آخر چیستی؟

**Pars dilinde okalyşy**: *Nogreýi ýa zäri wä ýa simi? // Ärşi ýä korsi ýa zämini? // Ýagut,märwärid ýa märjani? // Çeragi wä ýä rouşänaýi abi? // Aher çisti?*

Bu goşgy bendinde gelýän *altyn* – طلا – *tela* – arap sözi bolup, “gyzyl, ýaldyrawuk etmek üçin suwuklyk halynda bolan altyn” manysyny aňladýar. Bu söz “gyzyl, tylla, zer” sözleri bilen manydaş bolup, alymlar ony türki söz hasaplaýar [1, 29 s.]. “Kümüş” sözi “نقره “ *nogre* diýlip okalýar we gymmat bahaly metaly aňladýar. “*Zer* – زر – *zar* pars sözi bolup, “*altyn, tylla, gyzyl, zer*” manysyndadyr we türkmen dilinde hem şol manylary aňladýar, “ýakut, merjen, dür” sözleri gymmat bahaly zatlary aňladyp, sinonimik hatary emele getirýär.

“Ýakut – یاقوت – ýagut” diýlip okalyp, arap dilinden geçen söz, bu sözüň asyl manysy gymmatbaha daş; “merjen – مرجان – märjan, kiçijik merwerit, korall-merjen daşy”; “dür, مروارید – märwarid” arap dilinden geçip, “gymmatbaha daş, žemçug, göwher, merwerit, hünji”; “çyrag – چراغ – çerag” pars sözi bolup, “çyra, garaňkylygy ýagtyltmak üçin peýdalanylýan lampa, şem”; “röwşen – روشن” pars sözi bolup, “rouşän” diýlip aýdylýar we 1) *ýagty, nurly, ýanýan, ýagtylyk salýan;* 2) *açyk aýdyň, aýan* ýaly manylarda ulanylyp, sinonimleşen sözlerdir.

Goşgy setirinde gelýän “ýakut, merjen, dür” ýaly sözleriň ählisiniň manysy birmeňzeş bolup,

gymmatbaha daş hasaplanylýar. Bentdäki “çyrag, röwşen” sözleri bolsa “ýagty, nurana, parlak” diýen manylary aňladýar. Bu sinonimleriň ählisi goşgynyň çeperçilik stiline uly öwüşgin berýär. Goşgy şeýle jemlenýär: *Magtymguly, geç namysdan, aryňdan // El götergil bu wepasyz käriňden // Jahan doly, sen gapyl sen ýaryňdan // Ýa mestmi sen, ýa şeýdamyň, näme sen?* [5, 26 s.].

**Pars diline terjimesi:**

مختومقلی!
وقت است که از ننگ و نام بگذری
وبی وفایی را پر پشت کنی
جهان سر شار از وجود یار است اما تو بی خبر از آنی
مگر مست شده ای یا شیدایی؟
بگو چیستی؟

**Pars dilinde okalyşy**: *Mähtomgoli! // Wägt äst ke äz näng o nam begozäri // Wä biwäfaýi ra por poşt koni // Jähan sär şar äz wojud ýar äst äma to bi häbär äz ani // Mägär mäst şodei ýa şeýdaýi? // Begu çisti?*

Goşgynyň soňky bendinde ulanylan “namys, ar” sözleri arap sözleri bolup, “namys, utanç, haýa, şerim, gaýrat; biabraý” ýaly manylary aňladýar.

Bu bentdäki sinonimler häzirki zaman türkmen dilinde işjeň ulanylýar.

Akyldar şahyryň “Näme sen?” şygrynyň çäginde ulanylan sözleriň aglaba bölegi pars sözleridir. Goşgy setirlerinde ulanylan pars sözleriniň köpüsi türkmen diliniň sözlük düzümine doly girip, häzirki wagtda hem giňden ulanylýar.

Dil öwreniş ylmynda sinonimleriň döreýiş çeşmeleri hakynda gürrüň edilende, ähli diller üçin mahsus bolan häsiýetler bardyr. Islendik dil üçin onuň içki serişdeleri sinonim döretmegiň ilkinji çeşmesidir. Şu nukdaýnazardan, Magtymguly Pyragynyň “Näme sen?” goşgusyndaky sinonimleriň türkmen we pars dillerinde şöhlelenişini ylmy taýdan öwrenmek iki dilde-de sinonimleriň döreýiş çeşmelerini anyklamakda ygtybarly çeşme bolup hyzmat eder.

**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 10-njy maýy**

## EDEBIÝAT

1. *Atanyýazow S.* Türkmen diliniň sözköki (etimologik) sözlügi. – Aşgabat: “Miras”, 2004.
2. *Baýjanow B.* Türkmen dili. Leksika (Amaly kurs). – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.
3. *Çöňňäýew Ý.* Häzirki zaman türkmen dili. – Aşgabat: “Magaryf”, 1988.
4. *Magtymguly.* – Aşgabat: TDNG, 2008.
5. *Magtymguly.* Saýlanan goşgular. – Aşgabat: “Türkmenistan”, 1976.
6. *Meredow A.* Magtymgulynyň düşündirişli sözlügi. – Günbed Kabus, 1997.
7. 1373، فراغی. تهران
عبدالرحمن دیه جی. زندگی نامه وبر گزیده اشعار مخنومقلی

## A. SETDAROVA
## REFLECTION OF SYNONYMS IN MAKHTUMKULI FRAGHI`S POEM “WHAT ARE YOU” IN THE TURKMEN AND PERSIAN LANGUAGES

In any literary work Synonims have a function of expressing stylistic coloring. Poems of Makhtumkuli Fraghi are rich in stylistic devices, especially in synonyms.

This article gives comparative analysis of synonyms in the English and Persian languages in the example of poem “What are you” by Makhtumkuli Fraghi.

## А. СЕТДАРОВА
## АНАЛИЗ СИНОНИМОВ В ТУРКМЕНСКОМ И ПЕРСИДСКОМ ЯЗЫКАХ В СТИХОТВОРЕНИИ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ «КТО ТЫ»

Синонимы в языках служат стилистической окраске любого литературного произведения. Стихотворения Махтумкули Фраги богаты стилистическими средствами, особенно синонимами. Это видно и при анализе его стихотворения «Кто ты?».

В данной работе проводится анализ синонимов в туркменском и персидском языках в стихотворении Махтумкули Фраги «Кто ты?».

**Selbi Batyrowa**

# TERJIMEÇILIK ÇÖZGÜTLERINDE MEDENI BARABARLYK

Terjime gadymy döwürlerden bäri dürli dilli halklaryň arasynda gatnaşygy ýola goýmaga ýardam edip gelýär. Medeniýetleriň özara gatnaşygynda terjimä diňe bir dilara gatnaşygyň däl, eýsem, medeniýetara gatnaşygyň aýratyn görnüşi hökmünde düşünilýär.

Alym O.Kornilowyň pikirine görä: “Etnik dil özboluşly köpçülikleýin sungat eseridir, halkyň medeniýetiniň aýrylmaz bölegidir, milli medeniýetiň özüni seljermeginiň, özüne aň ýetirmeginiň we özüni ýüze çykarmagynyň guralydyr” [6, 133 s.]. Dünýäniň “bellibir halkyň tutuş söze gaplanan pikirleniş binýadyndan” ybarat bolan milli dil barada aýtmak bilen, alym onuň düzüm bölegi hökmünde dil we pelsepe jähetden hökmany talabyny hem nazara almagy teklip edýär. Bu kategoriýanyň girizilmegi “diliň medeni filosofiýa taýdan ýüze çykmagyny maddylaşdyrmaga hem-de ony belgiler ulgamy we aragatnaşygyň hem aň ýetirişiň guraly hökmünde däl-de, sözüň giň manysynda halkyň milli häsiýetiniň, milli dünýägaraýşynyň, taryhynyň we medeniýetiniň anyk ýagdaýlarynyň jemlenen “ruhy öýi” hökmünde göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýär” [7, 139 s.].

Şu jähetden, azyndan biri-birinden tapawutlanýan iki dil giňişliginde, köplenç, birnäçe giňişlikde işleýän terjimeçiniň nähili düýpli meselelere duçar bolýandygyny göz öňüne getirmek kyn däldir, sebäbi tekstlerde hemişe başga bir medeni gurşawlar bilen bagly düzüm bölekleri gabat gelýär. Polýak ylmy edebiýatynda şeýle birlikler D.Urbanegiň kesgitlemesine görä, üçünji medeniýet diýilýäniniň düzüm bölekleri diýlip atlandyrylýar [8, 160 s.].

Asyl nusganyň, aýratyn-da, medeni taýdan has şertlendirilen birlikleriň laýyklyklaryny saýlap almakda terjimeçiniň aýratynlykda we köpçülikleýin medeni aň ýetirişiniň, başga bir medeniýete aralaşýan geljekki okyjysynyň bu çözgüdi nähili kabul etjekdigini öňünden aňmak zehininiň örän möhüm ähmiýetiniň bardygyny bellemek gerek. Bu ýerde asyl nusganyň gymmatlyklaryny başga bir diliň serişdeleriniň kömegi bilen saklamagyň – şol dilde aňlatmagyň zerurlygynyň ýa-da mümkinçiliginiň derejesine dogry baha bermek göz öňünde tutulýar. Käbir ýagdaýlarda, meselem, has ýaýraň bölegiň manysyny, onuň tekstdäki hyzmatyny, asyl nusgadaky we terjimedäki düzüm böleginiň kadalylygyny ýa-da tötänleýinligini, şeýle hem tekst kabul edilende bolup biläýjek özgermeleriň netijelerini nazara almaly bolýar. Bu ýagdaýda terjimeçiniň diňe bir dil syzgyrlygy däl, eýsem, onuň medeni syzgyrlygy hem ähmiýetlidir.

Medeni barabarlygyň diňe bir tutuş eseriň medeni gurşawyny döredýän bölekleri üçin däl-de, milli ýagdaýlary, hadysalary aňladýan adam atlary üçin hem uly ähmiýeti bar. Medeni degişliligi barabarlaşdyrmak gahrymanlary kabul etmäge ýa-da suratlandyrylýan ýagdaýa düşünmäge täsir edýän käbir pursatlarda terjimeçiniň, şeýlelikde, okyjynyň hem öňünde duran meseledir. Munda terjimäniň transliterasiýa, kalkalaşdyrma, takyklaşdyrma görnüşleri ulanylýar.

**Transliterasiýa:** *Şygryýet nazaryýetinde “tahmys” diýilýän düşünje bar* [1, 240 s.] – *There is a notion “tahmys” in the poetry* [2, 240 s.].

*Sebäbi eger-de obada her syrgynda ýa-da her ýerräkde bir tamdyr bar bolsa, bu obanyň agzybirligini aňladypdyr* [1, 240 s.] – *Because, if there was a tamdyr on each corner or everywhere it meant that there was concord in this village* [2, 240 p.].

*Petir we maýapetir çaýçorba etmek üçin hem amatly* [1, 242 s.] – *Petir and mayapetir are also good for making chaychorba* [2, 242 s.].

**Transkripsiýa:** *Oguz hanyň tebigata, daşymyzy gurşan gözýetmez giňişlige bolan şol düýpli garaýşy halkymyzyň däp-dessuryna, akyl-parasadyna ornady* [ 1, 26 s.] – *The deep look of Oghuz Khan at the nature and endless space surrounding us penetrated into the culture and the wisdom of our people* [2, 24 s.].

*Belli türkmen alymy Zamahşary “Ylym pikirlenmekdir” diýipdir* [1, 85 s.] – *A well-known scientist Zamahshary said, “Science means thinking over”* [2, 84 s.].

*Maýapetir, hamyrmaýaly çörek çekdirme bilen iýlende, has lezzetlidir* [1, 242 s.] – *Mayapetir, chorek cooked from yeast dough are very tasty when you have them with chekdirme* [2, 242 s.].

**Kalkalaşdyrma:** *Biz enelere “namazlyk ýaly päkize” diýýäris* [1, 102 s.] – *We say mothers are pu-*

*re as prayer rug* [2, 102 s.] – *Sen maňa öz sagat synaň birini berseň, baýlyk diýýäniňi dag ýaly edibem berip bilerdim – diýip, ýagşyzada oňa seredipdir* [1, 102 s.] – *If you give me one part of your healthy body parts, I will give you much wealth as you say – the goodness maker said and looked at him* [2, 102 s.].

**Takyklaşdyrma:** *Kitap okan gullar magnydan dokdur* [1, 77 s.] – *Slaves who read much can understand the meaning of many things* [2, 77 s.].

*Dünýäniň iň gymmatly baýlygy ylym hem-de hünär öwrenmekdir. Ogluň şondan geregini edinip bilse, ol soňra hor bolmaz, rysgaly üstüne geler* [1, 82 s.] – *The most valuable wealth in the world is education and to master the profession. If your son is able to get enough education, he will not suffer, he will always live in abundance* [2, 82 s.].

*Eli hünärli adam baýdyr* [1, 88 s.] – *A man who has learned a trade is rich* [2, 88 s.].

*Asmandan arkaly, Zeminde zynatly ajaýyp Watanymyzyň taryhynyň beýik eýýamyna gadam basdyk* [1, 4 s.] – *We stepped into a new epoch of the history of our miraculous and glorious Motherland* [2, 4 s.].

*Oglum üçin göwnüme bolmasa, süri-süri malymam, müň tanap mülk ýerimem az ýaly* [1, 82 s.] – *In spite of my wealth, it seems insufficient for my son* [2, 82 s.].

*Başyň amanlygy, on iki süňňüň abatlygy ýaşaýşyň hözirliligini duýmagyň üçin gerekdir* [1, 103 s.] – *If you want to feel pleasure of life, you need to be healthy and have unharmed parts of the body* [ 2, 103 p.].

*Bir obada üç sany aga-ini, dogan ýaşapdyr* [1, 252 s.] – *Three brothers lived in a village* [2, 252 s.].

**Many taýdan özgertme:** *Men baýlyk islemeýärin, maňa sagat syna gerek* [1, 102 s.] – *I don't want any wealth. I need a health* [2, 102 s.].

Asyl nusganyň hem, terjimäniň hem dilinde gürleýän halklaryň medeniýetine mahsus bolmadyk, medeniýete ýa-da medeniýetlere degişli bolan düzüm bölekleri arkaly berilýän medeni gymmatlyklary saklamak babatda aşakdaky bölegi we onuň terjimesini seljermek hem ýeterlik:

*На кого тявкать вздумали? В камень стрелять, только стрелы терять. Это ж силища, пирамида Хеопсова. Лбом не сковырнешь* [4, c. 185.] – *At whom did you decide to yelp? To shoot at a stone is only losing arrows. It is such a huge force – the Great Pyramid of Cheops. You won`t knock it downa with your forehead* [5, 185 s.] – *Kime üýrmekçi bolýaň? Daşa ok atmak diňe peýkam ýitirmek ahyry. Ol ägirt uly güýç, Heopsyň ähremi ýaly. Maňlaýyňy ýararsyň.*

Deňeşdirme gurluşda "Heopsyň ähremi" durnukly söz düzümi görnüşinde ulanylan Gadymy Müsür medeniýetiniň hazynasyny aňladýan has at terjimede şeýle häsiýetli, ýöne başga bir medeni gurşawa, hytaý medeniýetine degişli *mur chiński* (Beýik Hytaý diwary) durnukly söz düzümi bilen çalşyrylypdyr. Heopsyň ähreminiň takyk barabarlygy berilmändir. Şu ýerde: "Başky birligi şeýdip çalyşmak bilen, medeni gurşawy üýtgetmek gerekmi?" diýen sorag döreýär. Her niçigem bolsa, terjimede geň galdyrýan ýagdaý ýüze çykýar. Başky berlen söz düzümi asyl nusganyň medeniýeti bilen baglanyşykly bolup, terjime edilen dilde okaýan okuwçy kanagatlanan bolsa, onda bu çözgüt ýerine düşen hasaplanardy. Has laýyk gelýän serişdäni saýlamakda terjimeçi nämeden ugur almaly? Garalýan birlikleriň denotatiw manysy biri-birinden düýpli tapawutlanýar, ýöne iki serişde hem dünýä medeni mirasyna degişli we olary asyl nusganyň awtorynyň ulanan deňeşdirmesi üçin esas bolýan "ägirt uly desga" diýen umumy many birleşdirýär. Pikirleniş (kognitiw) nukdaýnazaryndan olar desga aň ýetiriş ýaýrawyna degişli we olaryň uly, gurluşygyň üstünligi, meşhur we ş.m. ýaly alamatlary bar. Barabarlygyň saýlanyp alynmagyna iň ýakyn kontekst, ýagny *mur* daýanç sözüne degişli, derňelýän jümläniň yz ýanyndan gelýän sözlemiň terjimesi hem täsir edipdir, bu bolsa terjimeçä aýlawly ýol arkaly durnukly söz düzümi bilen baglanyşykly kabul etmeleri gazanmaga mümkinçilik beripdir.

Getirilen materiallary derňemek bilen, biz, esasan, asyl nusgadaky eser okalanda ýüze çykýan we hemişe terjimäniň diliniň serişdeleri arkaly ýa-da başga bir terjimede ýüze çykmaýan ýa-da üýtgeýän sebäplere görä, meselem, terjimeçilik çözgüdi sebäpli, dikeltmek mümkin bolmaýan konnotasiýalaryň saklanmagyna üns berdik, ýöne bu dil birlikleriniň medeni taýdan şertlendirilmegine degişli ýeke-täk mesele däldir, sebäbi käbir ýagdaýlarda başky medeniýetiň gymmatlyklary ýitirilmän, gaýtam, ol kabul edýän medeniýetiň gymmatlygyna öwrülýär.

*Ýagşylyga ýagşylyk diýipdirler. Men hem seni öldürjek däl* [3, 2 s.] – *They say, "Scratch my back and I'll scratch yours". I'm not going to kill you either* [9, 2 s.].

Getirilen mysallardan görnüşi ýaly, edebi eserler terjime edilende, terjimeçiler her ädimde medeni mazmunyň ýitirilmeginiň ýa-da olaryň alynmagynyň meselelerine duş gelýärler. Terjimeçi mümkin bolan kabul etmeleriň toplumyny nazara almak bilen, asyl nusganyň tekstiniň haýsy medeni giňişlikde döredilendigini hem, kabul edýän medeniýetiň aň-düşünjeli wekilleriniň terjimäniň tekstini nähili kabul etjekdigini hem gözegçilikde saklamalydyr. Medeni agramy biderek artdyrmazlyga-da aýratyn üns bermeli. Terjimeçi medeni konnotasiýaly düzüm bölekleriniň berlişine aýratyn üns bermeli, ony terjimäniň tekstine girizmäge seresap çemeleşmeli, sebäbi medeni taýdan has şertlendirilen birlikleri saklamakdan ýüz döndermek hem, tersine, has ulaldylan uýgunlaşmagy bermek üçin terjimäniň tekstinde ýüze çykýan şeýle birlikleriň agdyklygy hem tutuş eseriň we onuň käbir bölekleriniň kabul edilişine täsir edip biler.

**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 23-nji maýy**

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi. – Aşgabat: TDNG, 2020.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedov.* Tradition of Turkmen Statehood. – Aşgabat: TSPS, 2020.
3. Akylly guşjagaz (ertekiler). – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2024.
4. *Акунин Б.* Азазель. – Москва: «Захаров», 1998.
5. *Akunin B.* Azazel, przeł. J. Czech, Świat książki. – Warszawa, 2003.
6. *Корнилов О.А.* Языковые картины мира как производные национальных менталитетов. – Москва, 2011.
7. *Lewicki R.* Obcość w odbiorze przekładu. – Lublin, 2000.
8. *Urbanek D.* Pęknięte lustro. Tendencje w teorii i praktyce przekładu na tle myśli humanistycznej. – Warszawa, 2004.
9. A smart little bird (fairy tales). – Ashgabat: TSPS, 2024.

**S. BATYROVA**

## CULTURAL EQUIVALENCE IN TRANSLATION SOLUTIONS

When the literary works are translated, the translators are faced with the issues of loss or acquisition of cultural content at every step. Considering the range of possible perceptions, the translator should control the cultural space in which the original text was created and how the conscious representatives of target culture will perceive the translated text. A particular attention should also be given not to unnecessarily increase of the cultural weight. The translator should accentuate on conveying the elements of the system with cultural connotations, and should be careful to introduce such characteristic units into the translation text, because by neutralization both avoid retaining more culturally conditioned units, or on the contrary: predominance of such units appearing in the translator's text to give greater adaptation may affect the acceptance of the whole work or its parts.

**С. БАТЫРОВА**

## КУЛЬТУРНАЯ ЭКВИВАЛЕНТНОСТЬ В ПЕРЕВОДЧЕСКИХ РЕШЕНИЯХ

При переводе литературных произведений переводчики на каждом этапе сталкиваются с проблемами потери или приобретения культурного компонента содержания. Переводчик должен учитывать диапазон возможных рецепций, культурное пространство, в котором создавался исходный текст, и то, как представители принимающей культуры осознанно будут воспринимать переведенный текст. Следует также обращать внимание на то, чтобы чрезмерно не была представлена культурная нагрузка. Переводчику необходимо акцентировать внимание на передаче компонентов культурной коннотации и осторожно подходить к включению единиц такого характера в текст перевода, поскольку отказ от сохранения культурно обусловленных единиц путем их нейтрализации или, наоборот, их преимущественное представление в тексте перевода для обобщённой адаптации окажет влияние на восприятие всего произведения или его отдельных составных частей.

**Orazmuhammet Berdiýew**

# IŇLIS DILI MUGALLYMLARYNYŇ MAGLUMAT-KOMMUNIKASIÝA BAŞARNYGY WE ONY KÄMILLEŞDIRIŞLERI

Türkmen halkynyň Milli Lideri Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň: "Her bir mugallym müňýyllyklaryň dowamynda toplanan tejribäni çuňňur öwrenmelidir we durmuşda şol tejribä daýanmalydyr. Şonuň bilen birlikde, okatmak, bilim bermek, hünär öwretmek işinde ulanylýan innowasion usullar ylmyň, maglumatlar tehnologiýalarynyň iň täze gazananlaryna esaslanmalydyr" [1, 226-227 s.] diýen gymmatly sargytlary her bir bilim işgäri üçin döwrebap pedagogik ýörelgedir.

Häzirki döwürde maglumat tehnologiýalary önümçilikde, telekeçilikde, ylymda, bilimde, saglygy goraýyşda giň gerimde we uly üstünlik bilen ulanylýar. Dürli maglumatlary geçirmegiň we gaýtadan işlemegiň innowasion tehnologiýalary jemgyýetde adamlaryň arasynda kommunikasiýanyň we tejribeleri alyşmagyň täze mümkinçiliklerini döretdi. Bilim ulgamyny maglumatlaşdyrmak bolsa halk hojalygynyň bu möhüm pudagynyň depginli ösmegine ýiti täsirini ýetirdi. Maglumat-kommunikasion tehnologiýalaryň we internetiň ösdürilmegi kagyz işleriniň möçberini azaltmaga, statistik maglumatlary sanly görnüşde alyp barmaga, *onlaýn* sapaklary guramaga we geçirmäge giň mümkinçilikleri döretdi [5, 98-102 s.]. Munuň özi pedagogda kämil derejede maglumat-kommunikasiýa başarnyklarynyň bolmagyny talap edýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 1-nji martynda gol çeken "Türkmenistanda umumy orta bilim bermegiň meseleleri hakynda" taryhy Karary bilen tassyklanan "Türkmenistanda on iki ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň Konsepsiýasynyň" "Pedagogik işgärler" diýlip atlandyrylan bölüminde mekdep mugallymynyň birnäçe başarnygynyň bolmalydygynyň nygtalýandygyny bellemek gerek. Şol başarnyklaryň hatarynda aşakdakylar görkezilýär:

– ýörite başarnyk – ýeterlik derejede öz hünäri boýunça meşgullanmaga ukyply bolmak we hünär taýýarlygyny yzygiderli kämilleşdirmegi meýilleşdirmek;

– durmuş başarnygy – bilelikdäki (köpçülikleýin, toparlaýyn) hünär işi bilen meşgullanmaga ukyply bolmak, ylalaşyp işleşmek we kabul edilen hünär gatnaşyklarynyň ýollaryny peýdalanmak;

– bilim başarnygy – bilim bermek işinde hünäri boýunça bilimleri, başarnyklary, endikleri, öňdengörüjiligi özleşdirmäge gyzyklanmak, pedagogikanyň we psihologiýanyň esaslaryny ulanmagy başarmak;

– tehniki başarnyk – bilim bermek işinde okatmagyň innowasion tehnologiýalaryndan, döwrebap okuw-tehniki serişdelerinden giňişleýin we netijeli peýdalanyp bilmek.

Umumybilim berýän mekdeplerde ýaş nesle daşary ýurt dillerini, has takygy, iňlis dilini öwretmek bilen baglanyşykly alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik işlerinde maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryndan (MKT) peýdalanmak okatmagyň netijeliligini ýokarlandyrmagy, okuwçylaryň şahsyýetiniň sazlaşykly ösüşini, maglumatlar jemgyýetiniň şertlerinde uçurymlaryň durmuşa taýýarlygyny, älem möçberli (global) maglumatlaşdyrma işi bilen şertlenen durmuş sargytlary adamzadyň ýaşaýyş-durmuşyna amal etmegi üpjün edýär. Şu sebäpli-de, ähli bilim işgärleri bilen bir hatarda, iňlis dili mugallymlarynyň hem MKT boýunça başarjaňlyklaryny ýokarlandyrmak döwrümiziň möhüm wezipeleriniň biri bolup, bu meselä ýurdumyzda aýratyn ähmiýet berilýär.

Mugallymçylyk işinde MKT-den peýdalanmak iňlis dili mugallymyna her bir okuwçynyň şahsy bilim almak we ösmek islegini üpjün edýän açyk görnüşdäki bilimi guramaga, okatmagy düýpli suratda üýtgetmäge, ýaşlarda ulgamlaýyn pikirlenmek başarnygyny kemala getirmäge, okuw-terbiýeçilik işlerini indiwiduallaşdyrmak maksady bilen, kompýuter tehnologiýalaryny ulanmaga we akyl ýetiriş serişdesiniň düýpli suratdaky täze bir görnüşine ýüzlenmäge, onuň bilen yzygiderli iş salyşmaga mümkinçilik berýär.

Hormatly Prezidentimiziň milli bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, okuw-terbiýeçilik işlerine innowasion tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, ýaş nesle berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmak babatda durmuşa geçirýän giň gerimli syýasatyndan gelip çykýan wezipelerden ugur alyp, Türkmenistanyň

Milli bilim institutynda döwrebap okuw kitaplaryny we olaryň ýany bilen elektron okuw gollanmalaryny taýýarlamak işine aýratyn üns berilýär. Mysal üçin, *iňlis dili dersi* boýunça 2 – 6-njy synplar üçin neşir edilen okuw kitaplarynyň ýany bilen ykjam disklerde ýerleşdirilen audio-wideo ýazgylaryň toplumy umumybilim berýän mekdeplere ýetirildi. Elektron göterijidäki şol okuw serişdelerinde neşir edilen okuw kitaplarynyň her babyna degişli sapaklar boýunça audio-wideo ýazgylar aýry-aýrylykda ýerleşdirildi, sebäbi mekdep okuwçylaryna daşary ýurt dilleri, şol sanda, iňlis dili öwredilende, okuw maglumatlarynyň 80 göterimden gowragy audio ýazgylary eşitmek, diňläp düşünmek arkaly özleşdirilýär. Şu sebäpli-de, elektron göterijidäki şunuň ýaly goşmaça materiallar okuwçylar we mugallymlar üçin zerurdyr, olar iňlis dilini öwrenmekde we öwretmekde möhüm çeşme bolup hyzmat edýär. Bu elektron didaktik serişdeler Türkmenistanyň Prezidentiniň 2024-nji ýylyň 25-nji maýynda gol çeken Karary bilen tassyklanan “Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasynda” kesgitlenen “döwrebap innowasion tehnologiýalary, şeýle hem sanly bilim tehnologiýalaryny okuw-terbiýeçilik işlerinde giňden ulanmak arkaly umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmäge degişli täze elektron okuw-usulyýet toplumlaryny taýýarlamak” [4] wezipesini çözmekde, şeýle hem, iňlis dili mugallymlarynyň maglumat-kommunikasion başarnygyny kämilleşdirmekde möhüm orna eýedir.

Iňlis dili boýunça taýýarlanan we mekdeplere ýetirilen elektron göterijidäki okuw serişdelerinde beýanyny tapan maglumatlar aşakdaky ýaly mazmunda bolup, olarda animasiýaly aýdymlar we görkezmeler, subtitrli animasiýalar, dialoglar, öwrediji aýdymlar, sesli ýazgylar bar.

Bu maglumatlaryň ählisi bilelikde okuwçylara iňlis dilini öwretmekde mugallymlar üçin örän amatly we gymmatlydyr. Olar bilen okuwçylar hem özbaşdak işläp bilerler. Munuň özi “Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasynda” kesgitlenen “okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek arkaly okuw işini okaýanlaryň her biri bilen aýratynlykda alyp barmak (indiwiduallaşdyrmak) ýörelgelerini bilim ulgamyna tapgyrlaýyn ornaşdyrmak” [4] babatdaky wezipäni çözmäge hem ýakyndan ýardam edýär.

Ýeri gelende ýatlasak, elektron göterijidäki okuw serişdeleri iňlis dili mugallymlaryndan ýeterlik derejedäki maglumat-kommunikasiýa başarjaňlygynyň bolmagyny talap edýär. “Türkmenistanda on iki ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň Konsepsiýasynda” mekdebiň pedagogynda bolmaly ýokary derejedäki zerur başarnyklaryň hatarynda ýörite, durmuş, bilim, tehniki başarnyklar aýratyn nygtalyp bellenendir [2].

Iňlis dili mugallymlarynyň MKT boýunça başarjaňlyklary diýip, mugallymyň gündelik alyp barýan okuw-terbiýeçilik, ylmy-usuly işlerinde maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryny peýdalanyp bilmek taýýarlygynda we ukybynda ýüze çykýan hünär başarjaňlygyna, şahsy sypatyna düşünilýär. Şeýlelikde, MKT başarnygy mugallymyň hünär işindäki bitewi şahsy iş sypaty bolup, oňa aşakdakylar mahsusdyr:

– iňlis dilini, şeýle hem bu dilde gatnaşyk saklaýan halklaryň taryhyny, medeniýetini, däp-dessurlaryny öwretmekde MKT-ni ulanmagyň zerurlygy; didaktik maksada laýyklygyň şertlerinde okuw sapaklarynda hünär taýdan yzygiderli kämilleşmäge bolan höwes we oňa taýýarlyk;

– bilim bermek işinde MKT-ni ulanmak boýunça zerur başarnyga eýe bolmak hem-de dünýäde we adamzat jemgyýetinde maglumat hadysasynyň ösüşiniň kanunalaýyklyklaryny bilmek;

– maglumatlar bilen işlemekde we hünär işi bilen baglanyşykly wezipeleri çözmekde MKT bilen işlemegiň tehnologik başarnyklaryna we endiklerine eýe bolmak;

– anyk pedagogik ýagdaýyň çäginde maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryny didaktik taýdan amatly saýlap almaga degişli netijeli çözgütleri kabul etmäge taýýar we ukyply bolmak;

– hünär tejribesini toplamaga taýýar bolmak hem-de maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň didaktik mümkinçiliklerini peýdalanmagyň dowamynda täze tejribeleri toplamaga bolan açyklyk.

Belli bolşy ýaly, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda gol çeken Karary bilen bilim edaralarynyň işini kämilleşdirmek, bilim bermegiň ähli basgançaklaryny ýokary hilli elektron bilim maglumatlary bilen üpjün etmek, sanly serişdeleri giňden peýdalanyp, bilim edarala-

rynda berilýän bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmak, hiliniň dünýä derejesine laýyk bolmagyny üpjün etmek maksady bilen, “Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy”, şeýle hem bu Konsepsiýany durmuşa geçirmegiň Meýilnamasy tassyklanyldy [3]. Bu möhüm resminama dokuz bölümden ybarat bolup, ol ýurdumyzda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň maksadyny, wezipelerini we esasy ugurlaryny kesgitleýär. Konsepsiýadan ugur alyp, dersler boýunça döwrebap elektron okuw-usuly toplumlary (elektron okuw kitaplary, gollanmalary, audio-wideo materiallary, interaktiw-multimedia programmalary, tanyşdyryşlary, okuw-görkezme esbaplary, maglumat kitapçalary) işläp taýýarlamak esasy orna çykaryldy. Şu möhüm wezipeleri üstünlikli çözmek üçin iňlis dili mugallymlarynyň kämil derejede ösen maglumat-kommunikasiýa başarnygy bolmalydyr, olaryň ony yzygiderli kämilleşdirmegi zerurdyr. Mugallym bu ugurdaky başarnygyny yzygiderli kämilleşdirmek üçin hemişe pedagogik ussatlygyny ýokarlandyrmak, täze tehnologiýalara başarjaňlyk bilen erk edip bilmek, milli we dünýä tejribesini öwrenmek we özleşdirmek ugrunda aladalanmalydyr, okuw-terbiýeçilik işlerine döredijilikli çemeleşmelidir.

Hünär derejesini ýokarlandyryş usuly-amaly okuwlaryny geçen her bir mugallym öwrenen döwrebap bilimlerini, hünär başarnyklaryny we endiklerini alyp barýan okuw-terbiýeçilik işlerinde yzygiderli ulanmalydyr, çünki bu Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösen kämil şahsyýetleri kemala getirmäge hyzmat edýän nesil terbiýesinde möhüm wezipedir.

**Türkmenistanyň Milli bilim institutу**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 31-nji iýuly**

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 6-njy tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.

2. Türkmenistanda on iki ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň Konsepsiýasy. – Aşgabat, 2013.

3. Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy. – Aşgabat, 2017.

4. Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy. – Aşgabat, 2024.

5. *Селезнева И.В., Бородина Е.В., Рамазанов Э.Р.* Электронные образовательные ресурсы как средство обучения иностранным языкам // XII Международный открытый педагогический Форум «Образование: реалии и перспективы» 16-17 мая 2024 года. – Набережные Челны. Вестник НГПУ. – 2024. – №2 (50).

**O. BERDIYEV**

## INFORMATION AND COMMUNICATION COMPETENCIES OF ENGLISH LANGUAGE TEACHERS AND THEIR IMPROVEMENT

This article is devoted to modern information and communication competencies of English language teachers in secondary schools in the educational process. The author describes electronic educational resources in the English language, which are fruitfully used in the process of teaching foreign languages. The main types of information and communication competencies of English language teachers in secondary schools and ways of their continuous improvement are considered as well.

**О. БЕРДЫЕВ**

## ИНФОРМАЦИОННО-КОММУНИКАЦИОННЫЕ КОМПЕТЕНЦИИ УЧИТЕЛЕЙ АНГЛИЙСКОГО ЯЗЫКА И ИХ СОВЕРШЕНСТВОВАНИЕ

Данная статья посвящена современным информационно-коммуникационным компетенциям учителей английского языка общеобразовательных школ в образовательном процессе. Автор описывает электронные образовательные ресурсы на уроках английского языка, которые эффективно используются в процессе обучения иностранным языкам. Также рассматриваются основные виды информационно-коммуникационных компетенций учителей английского языка общеобразовательных школ, пути их непрерывного совершенствования.

**Maral Annagulyýewa**

# MEKDEBE ÇENLI BILIMDEN BAŞLANGYÇ BILIME GEÇIŞ DÖWRÜNIŇ PEDAGOGIK-PSIHOLOGIK ESASLARY

Hormatly Prezidentimiz eziz Watanymyzyň berkararlygynyň, güýç-kuwwatynyň, abraý-mertebesiniň her bir türkmen ýigidiniň we gyzynyň biliminde, şahsyýet hökmünde kämilliginde jemlenendigi baradaky ajaýyp pikirini yzygiderli nygtaýar we ýaş nesliň ruhy we beden taýdan sagdyn hem-de kämil şahsyýetler bolup ýetişmegine möhüm ähmiýet berýär. Döwlet bilim syýasatynda ýaş nesilleriň heniz çagalyk döwründen başlap, kämil bilim almagy, şahsyýet hökmünde kemala gelmegi üçin watansöýüjilik, dostluk, zähmetsöýerlik, ynsanperwerlik ruhunda terbiýelenmegi esasy wezipeleriň hatarynda kesgitlenilýär.

Asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alyp, häzirki zaman bilim-terbiýeçilik işinde ähmiýetli ornuny eýeleýän etnopedagogik däpler bilen baglanyşyklylykda, döwrebap döwlet bilim syýasatynda ýaş nesliň çagalyk döwründen kämil bilim almagy, şahsyýet hökmünde kemala gelmegi üçin, mekdebe çenli bilimiň we terbiýäniň mekdep bilimine, aýratyn-da, başlangyç bilime ýetirýän oňaýly täsiri, bu bilim basgançaklarynyň “köprüsiniň” pedagogik-psihologik esaslary, şunuň bilen baglylykda, bilim işgärleriniň – terbiýeçileriň, mugallymlaryň üns bermeli möhüm wezipelerini pedagogik esaslarda ylmy-usuly taýdan seljermegi makul bildik.

Çaga terbiýesinde Gahryman Arkadagymyzyň nusgalyk ýörelgeleri bilim işgärleri üçin bahasyna ýetip bolmajak hünär mekdebidir. Gahryman Arkadagymyz “Älem içre at gezer” atly romanynda körpeleriň mekdebe taýýarlygynyň ähmiýetini şeýle beýan edýär: “Çagany mekdebe taýýarlamak işi guralsa, çagalar üçin gowy bolmazmy? Elbetde, gowy bolar. Çünki dünýäni öwrenmek – bilmek çaga doglandan beýläk başlanýar. Ol şondan beýläk, belki, şondanam öň töweregindäki sesleri eşidip ugraýar. Diýmek, okamak, öwrenmek üçin hiç bir ýaş ir hasap edilip bilinmez. Çagalary okatmagy näçe ir başlasaň, şonça-da gowy. Ýöne olarda okuwa, bilime bolan höwes, gyzyklanma döredip biljek degişli sapaklary saýlap bilmegi hem başarmaly” [2, 148 s.].

Şu ýerde Gahryman Arkadagymyzyň parasatly başlangyçlaryny üstünlikli dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň durmuş tejribesine we çuňňur many-mazmuna ýugrulan “Ýaşlar – Watanyň daýanjy” atly kitabyndan bir bölege üns bermek ýerlikli bolar: “Atam pahyr her bir wakany rowaýatdyr tymsallaryň üsti bilen berkidip gürrüň bermegi halardy. Şeýdilende, ýaňzydylýan söz aňda has mäkäm orun alýar. Rowaýatlara görä, akyldarlaryň biri: “Haýsy daragt has köp wagtlap hasyl berýär?” diýip sorapdyr. Şägirtleriniň hersi bir pikiri orta oklapdyr, ýöne jogaplaryň hiç biri akyldary kanagatlandyrmandyr. “Iň bereketli hasyl diňe nesil daragtynda bolar. Sowatly, terbiýeli, düşünjeli bir nesil ýetişdirip bilsek, halkyň onlarça asyrlyk bagtly ykbalyny kepillendirdigimizdir. Sowatly nesil geljegi sowgatly halkdyr” diýip, akyldar jogap beripdir” [1, 390 s.]. Diýmek, durmuş gazanynda gaýnan beýik pederlerimiz iň bereketli hasyly, ýagny özlerinden soňa müdimilik galjak mirasy nesil terbiýesinde – ruhy baýlykda görüpdirler. Pedagogik nukdaýnazardan, sowatly nesli ýetişdirip bilýän halkyň kitapda beýan edilýän rowaýatda aýdylyşy ýaly, geljegi röwşendir, beýikliklerden-beýikliklere barýandyr, dowamat-dowam edýän ýoludyr.

Sowatly nesli ýetişdirmekde mekdebe çenli bilimden başlangyç bilime geçiş döwrüniň pedagogik-psihologik esaslaryny özleşdirmegiň bu ugurda zähmet çekýän bilim işgärleriniň işiniň netijeli guralmagynda ähmiýetli orny bardyr. Biz hem şundan ugur alyp, mekdebe çenli bilimiň we terbiýäniň mekdep bilimine, aýratyn-da, başlangyç bilime ýetirýän oňaýly täsiri, bu bilim basgançaklarynyň “köprüsiniň” pedagogik-psihologik esaslary, şunuň bilen baglylykda, bilim işgärleriniň – terbiýeçileriň, mugallymlaryň hem-de ata-eneleriň üns bermeli möhüm ýagdaýlary, öňünde durýan derwaýys wezipeler dogrusynda pedagogik nukdaýnazardan gürrüň etmegi makul bildik. Halk pedagogikasynyň ýaş nesle sowat öwretmek we terbiýeçilik tejribesinde olary deň-duşlarynyň arasynda, çagalar gurşawynda terbiýelemäge uly ähmiýet berlipdir [4].

Türkmen halk pedagogikasynda çaga terbiýesine körpeliginden başlamak esasy düzgünleriň biri

bolupdyr. “Halk pedagogikasy özüniň köp asyrlyk terbiýeçilik işiniň tejribesi esasynda şeýle bir hakykaty ýüze çykarypdyr ...“Çagany ýaşdan” diýip, terbiýäni çaga gundagyndaka diýen ýaly ir başlamaklygy maslahat berýär” [3, 24 s.].

Ýaş nesle bilim-terbiýe bermek, olary özbaşdak durmuşa we zähmete taýýarlamak boýunça halk köpçüliginiň köp asyrlyk tejribesinden, däplerinden we ideýalaryndan peýdalanmak bilen dowam etdirilýän häzirki zaman bilim-terbiýeçilik işiniň düýp esaslary “Bilim hakynda” (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunynda, “Türkmenistanda on iki ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň Konsepsiýasynda”, “Türkmenistanda çaganyň irki ösüşini we mekdebe taýýarlygyny ösdürmek babatda 2020 – 2025-nji ýyllarda mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işini kämilleşdirmegiň Maksatnamasynda”, “Mekdebe çenli Döwlet bilim standartlarynda”, “Çaganyň hukuklary hakyndaky” Konwensiýada, “Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunynda, “Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasynda” we beýleki kadalaşdyryjy resminamalarda öz beýanyny tapýar.

“Türkmenistanda çaganyň irki ösüşi boýunça 2020 – 2025-nji ýyllar üçin milli strategiýasynda” çagalaryň mekdebe ýeňillik bilen geçmegine ýardam bermek hem-de olaryň mekdebe taýýarlygyny üpjün etmek üçin, mekdep maksatnamalarynyň hilini ýokarlandyrmak, çagalar bilen ata-eneleriň arasynda sagdyn gatnaşyklary ýola goýmak, oýun arkaly okatmaga gönükdirilen we bilim standartlaryna laýyk gelýän okuwy guramak, ata-eneleri çagalaryny öýde okatmaga çekmek, mekdebe çenli çagalar edaralarynyň we başlangyç mekdebiň gatnaşyklaryny berkitmek ýaly işler göz öňünde tutulandyr.

“Türkmenistanda çaganyň irki ösüşini we mekdebe taýýarlygyny ösdürmek babatda 2020 – 2025-nji ýyllarda mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işini kämilleşdirmegiň Maksatnamasy” mekdebe çenli bilim bilen başlangyç bilimiň üznüksiz arabaglanyşygyny üpjün etmäge, okatmagyň pedagogik-psihologik usullaryny kämilleşdirmäge, mekdebe çenli bilimiň elýeterliligini we bäş-alty ýaşly çagalaryň mekdebe taýýarlygyny üpjün etmäge ýardam edýär.

Çaganyň durmuşynda mekdebe çenli bilimden başlangyç bilime geçmek döwri möhüm orny eýeleýär we onuň pedagogik-psihologik esaslaryna üns bermek meselesi ör-boýuna galýar. Bu ýagdaý psihologiýada krizis – gapma-garşylyklaryň döwri hasaplanylýar. Mekdebe çenli ýaşdaky çaga maşgalada we çagalar bagynda toplan bilimlerini, başarnyklaryny, endiklerini “arka geçirip”, psihologik nukdaýnazardan täze döwre – başlangyç bilime gadam basýar.

Mekdebe çenli we başlangyç bilimiň arasyndaky arabaglanyşygy, üznüksizligi gazanmak uýgunlaşmagyň pedagogik-psihologik esaslaryna degişli talaplary bildirýär. Uýgunlaşmagyň möhüm pursatlaryna ünsümizi çekeliň:

**1. Mekdebe bolan psihologik taýýarlyk.** Çaganyň emosional we kognitiw ösüşiniň derejesini, ýetişigini bahalandyrmagyň zerurlygydyr. **Kognitiw ösüş** çaganyň daş-töweregini gurşap alýan dünýä barada ýönekeý bilimleri, maglumatlary toplap, okuwa bolan ukyp-başarnyklarynyň kemala gelmegini, pikirlenip bilmegini aňladýar. Başlangyç bilim çaganyň kognitiw ukybyna degişli bolan logiki pikirlenmesine, ünsüniň we ýadynyň ösüşine has ýokary talaplary bildirýär. Şonuň üçin-de, mekdebe çenli kabul edilýän bilim maksatnamalary çagalaryň ukyp-başarnyklarynyň kemala gelmegine gönükdirilendir. Maksatnamalarda dürli oýunlar we ýumuşlar göz öňünde tutulandyr. **Emosional ösüş** çaganyň duýgular esasynda ýüze çykýan emosiýalarynyň ösüşi we olara erk edip bilijiligi bilen häsiýetlendirilýär. Psihologik taýýarlyk bilim babatda hereket edýän düzgünleri berjaý etmegi, mugallym we deň-duşlaryň bilen ýagşy gatnaşykda bolmagy, şeýle-de emosional kynçylyklary ýeňip geçmegi öz içine alýar.

**2. Täze tertibe uýgunlaşmak.** Oýun oýnamakdan guramaçylykly okuw işine geçmek çagada sussupeslik ýagdaýyny döredip biler. Şonuň üçin pedagogik işde çaganyň oýun we gyzyklandyrma usullarynyň üsti bilen okuwa bolan höwesini artdyrmak zerur şertleriň biridir.

**3. Durmuş başarnyklarynyň ösüşi.** Mekdebe çenli döwürde körpeler çagalar baglarynda toparlarda hyzmatdaşlyk etmegi öwrenýärler. Başlangyç bilimde bu başarnyklar dowam etdirilýär, ýöne şeýle başarnyklar mekdepde berk tertip-düzgünlilik, ýokary guramaçylyk esasynda ösdürilmelidir.

**4. Bu döwürdäki ösüşde ata-eneleriň orny.** Mekdebe geçiş döwri ata-eneleriň çagalarynyň terbiýesine işjeň gatnaşmagyny talap edýär. Olar çagalarynyň mekdebe uýgunlaşmagyna kömek etmelidirler, täze talaplaryň hötdesinden geler ýaly gurşawy döretmelidirler.

**5. Pedagogik usullar.** Mugallym çagalaryň taýýarlyk derejeleriniň tapawudyny nazara almalydyr. Okatmakda her bir okuwça aýratyn çemeleşme (differensirlenen) usulyndan peýdalanmalydyr. Şeýlelikde, çagalaryň taýýarlyk derejeleriniň tapawudyny döretmelidir we her bir çaga üçin amatly şertleri döremelidir.

**6. Emosional goldaw.** Çaganyň öz güýjüne ynamlylygy we okuwa bolan höwesi goldanylmalydyr. Bilimde çagany öwmegiň, özbaşdaklygy höweslendirmegiň, işine oňyn baha bermegiň orny uludyr. Bu ýagdaýlar mekdebe çenli döwürden başlangyç bilime geçiş döwründe çaganyň hemmetaraplaýyn ösüşini we üstünlikli okuwyny üpjün eder.

**Akademiki uýgunlaşma** (okuwçynyň özüni alyp barşynyň mekdep düzgünlerine laýyk gelmeginiň derejesini häsiýetlendirýär) **durmuş gurşawy** (çaganyň täze sosial gurşawa üstünlikli girişmegi), **şahsy ösüş** (çaganyň täze sosial toparyň agzasy hökmünde özüni kabul etmegi) görnüşlerine bölünýär. Okuw işiniň başlangyç ädimleriniň üstünlikli amala aşmagy üçin çaganyň mekdebiň talaplaryna düşünmegine we olary kabul etmegine, täze okuwçynyň öz statusyna aňsatlyk bilen eýe bolmagyna kömek, goldaw berilmeli; çagalara ýazmagy we sanamagy öwretmezden ozal, ilkinji nobatda, olaryň gün tertibini we gigiýenik talaplary berjaý etmeklerini gazanmaly.

***Mekdepde uýgunlaşma döwründe çaganyň özüni duýşuny gowulandyrmak üçin mugallymyň ýerine ýetirmeli wezipeleri:***

1. Okuwça uly möçberli öý işi bilen agram salmaly däl. Birinji synpda mugallymyň esasy maksady okuwça durmuşyň täze şertlerine üstünlikli uýgunlaşmagyna ýardam bermekden ybaratdyr.
2. Öý işi hökmünde diňe çaganyň özbaşdak ýerine ýetirip biläýjek ýumuşlaryny saýlamaly.
3. Mekdepdäki sapaklar goşmaça işler – gysga guralýan oýunlar, bedenterbiýe minutlary, arassa howadaky gezelençler bilen baýlaşdyrylmalydyr.
4. Çagalaryň sapakdan soň sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmaklaryny gazanmaly, şunuň bilen baglylykda, ata-eneler bilen söhbetdeş bolup, olaryň özlerini hem bu çärä gyzyklandyrmaly.

***Birinji synp okuwçylarynyň mekdebe üstünlikli uýgunlaşmagynyň görkezijileri:***

• mekdebe höwesli gatnawyny gazanmak we bilimlerini özleşdirmäge bolan islegini kanagatlandyrmak;

• okatmagyň öňdebaryjy usullaryndan we täze tehnologiýalardan işjeň peýdalanmak;

• çaganyň synpyň durmuşyna girişmegini gazanmak we mugallym bilen oňyn gatnaşyklaryny ýola goýmak;

• çaganyň saglygynyň görkezijilerindäki oňaýsyzlygy aradan aýyrmak;

• çaganyň wagtlaýyn şowsuzlyklara we kynçylyklara çydamlylygyny, asuda garaýşyny gazanmak.

Şu meselede "Pedagogik köprüden" çagany üstünlikli, netijeli geçirmegiň bir usulyna siziň ünsüňizi çekmek isleýäris. Mekdebe taýýarlanýan çaganyň **"PORTFOLIOSYNY"** – çaganyň geljegini nazarlamakda, kämilligini ilerletmekde gerek bolan işleriň dürli görnüşlerinde (okuw, döredijilik, oýun, sport) şahsy üstünliklerini açyp görkezýän maglumatlar toplumyny döretmeli. Çaganyň portfoliosyny terbiýeçi, ata-ene we çaganyň özi özara hyzmatdaşlykda döretmäge gatnaşmalydyr.

***Portfolionyň bölümleri:***

• çaga degişli şahsy maglumatlar;
• fiziki görkezijiler;
• başarnyklar, ukyplar;
• gyzyklanmalar we höwesler.

Portfolio çaganyň çeken suratlary, taýýarlan el, matematiki, ýazuw işleri, sport, döredijilik, çeperçilik çykyşlaryny beýan edýän wideolar, fotosuratlar, bäsleşiklerde gazanan üstünlikleri we ş.m. degişlidir.

***Portfolionyň maksady.*** Mekdebe taýýarlanýan çaganyň dürli ugurlarda gazanan üstünliklerini toplamagy we ulgamlaşdyrmagy, ukyp-başarnyklaryny, bilimini, gyzyklanmasyny, höwesini, endigini, indiwidual aýratynlyklaryny açyp görkezmegi maksat edinýär. Çaganyň özüniň portfoliosy bilen gatnaşykda bolmagyny gazanmak arkaly, onuň bilim baýlygyny artdyryp bileris. Okuwçy resmi ýagdaýda deň-duşlaryna we mugallyma özi, durmuşy, üstünlikleri barada gürrüň berip, kommunikatiw ukyplaryny berkider. Şeýlelikde, onuň özüne bolan oňyn bahasy artar, öz-özüne ynamlylygy, mertebesi, topara aragatnaşygy has-da berkär.

***Portfolionyň wezipeleri:*** anyklaýyş (bellibir wagtda ösüşi we üýtgemeleri anyklaýar); pedagogik işiň mazmunyny açyp görkeziş (ýerine ýetirilýän işleriň aýratynlyklaryny, gerimini, hilini açyp görkezýär); reýting (çaganyň başarnyklarynyň, ukyplarynyň ösüş derejesini açyp görkezýär).

Portfolionyň kömegi bilen mugallym okuwçynyň statusyny döredýär, ösüş derejesini kesgitleýär we ýekebara iş geçirmegiň strategiýasyny düzýär. Şeýlelikde, bu usul mekdebe çenli bilimden başlangyç bilime geçiş döwrüniň käbir kynçylyklaryny ýeňmäge kömek edýär.

Mugallymçylyk mekdebiniň talyplary pedagogika we mekdebe çenli pedagogika, psihologiýa we mekdebe çenli psihologiýa, dürli dersleri okatmagyň usulyýeti dersleri boýunça guralýan umumy we söhbet okuwlarynda çaganyň mekdebe uýgunlaşma döwrüniň nazaryýeti hem-de amalyýeti barada giňişleýin maglumatlary özleşdirýärler, şeýle-de “Çaganyň mekdepde ilkinji günleri” atly pedagogik tejribelikde alan bilimlerine amal edýärler, usulyýetini çuňňur öwrenýärler. Mugallymlar bu wajyp mesele bilen baglanyşykly usuly gollanmalary taýýarlaýarlar, talyplar ýyllyk, döredijilik işlerini ýerine ýetirýärler.

Nesil terbiýesini döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hasap edip, ýaşlarymyza döwrebap terbiýe bermäge giň ýol açan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun, il-ýurt bähbitli, adamzat ähmiýetli döwletli tutumlary rowaçlyklara beslensin!

**Hydyr Derýaýew adyndaky**
**Mugallymçylyk mekdebi**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 27-nji awgusty**

## EDEBIÝAT

1. *Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: TDNG, 2023.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. Roman. – Aşgabat: TDNG, 2011.

3. *Pirliýew G.* Etnopedagogika we häzirki zaman terbiýesi. – Aşgabat: “Magaryf”, 1995.

4. *Pirliýew G.* Türkmen halk pedagogikasy. – Aşgabat: “Magaryf”, 1981.

**M. ANNAGULIYEVA**

## NATIONAL EDUCATION AND INNOVATION: PEDAGOGICAL AND PSYCHOLOGICAL BASIS OF THE TRANSITION PERIOD FROM PRESCHOOL EDUCATION TO PRIMARY EDUCATION IN SCHOOL

Spiritual and cultural heritage is the basis of the spiritual education of the future generation. The main tasks in the educational field of the state policy, starting from childhood, are to obtain quality education and develop as a personality. The transition period from preschool education to primary education is one of the key issues of all times. The period of transition from preschool education to primary education is considered to be the most complicated and vulnerable period in the life of a child, and it is necessary to pay attention to its pedagogical and psychological factors. The article describes the important stages of adaptation to school, the role of educators, teachers and parents in this process, as well as the pedagogical conditions that create the child's self-esteem during the period of school adaptation. The nation capable of raising a literate generation will have bright future.

**М. АННАГУЛЫЕВА**

## НАЦИОНАЛЬНОЕ ОБРАЗОВАНИЕ И ИННОВАЦИИ: ПЕДАГОГИЧЕСКИЕ И ПСИХОЛОГИЧЕСКИЕ ОСНОВЫ ПЕРЕХОДНОГО ПЕРИОДА ОТ ДОШКОЛЬНОГО ОБРАЗОВАНИЯ К НАЧАЛЬНОМУ ОБРАЗОВАНИЮ В ШКОЛЕ

Духовно-культурное наследие является основой духовного воспитания подрастающего поколения. Основными задачами государственной политики в сфере образования, начиная с детства, являются получение качественного образования и личностное развитие. Проблема преемственности между дошкольным и начальным образованием актуальна во все времена. Переходный период от дошкольного образования к начальному образованию считается наиболее сложным и уязвимым в жизни ребенка, и необходимо уделять внимание психолого-педагогическим факторам. В статье описаны важные этапы адаптации к школе, роль воспитателей, учителей и родителей в этом процессе, а также педагогические условия формирования самооценки ребенка в период школьной адаптации. Народ, способный воспитать грамотное и высокообразованное поколение, будет иметь светлое будущее.

**Şöhrat Jumalakow**

# BAŞLANGYÇ SYNPLARDA MATEMATIKANY ÖWRETMEKDE ÖWREDIJI OÝUNLAR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly başlangyçlaryny Gahryman Prezidentimiz mynasyp dowam etdirýär. Ýurdumyzda, ähli ulgamlar bilen bir hatarda, ylym-bilime aýratyn ähmiýet berilýär. Bu ulgamy sanlylaşdyrmaga uly mümkinçilikler we şertler döredilýär. *Matematika dersindäki* tematik oýunlary ösüp gelýän ýaş nesliň aňyna ýetirmekde birnäçe işjeň usullardyr sanlylaşdyrylan tehnologiýalaryň ähmiýeti uludyr.

Adamzat jemgyýeti öz ösüş ýolunda bilimleri kämilleşdirmegiň, ösdürmegiň we ony geljekki nesillere ýetirmegiň ýollaryny gözläpdir. Şeýlelikde, esasy maksat oýlanmagy, gözlemegi, kämilleşmegi başarýan ýaş nesli terbiýeläp ýetişdirmek bolupdyr. Bu zerurlyk biziň günlerimizde hem öz güýjünde galýar.

Mekdep döwrüniň ilkinji ýyllarynda, umuman, çagalar üçin matematikanyň kyn dersdigi, munuň analiz, sintez, umumylaşdyrmak, deňeşdirmek, tapawutlandyrmak, toparlamak ýaly pikirleniş işiniň çagalarda ýeterlik derejede ösen däldigi bilen baglanyşyklydygy bellidir. Şoňa görä-de, okuwçylara matematikany öwretmegiň ilkinji ädimlerinde çagalarda bu dersi öwrenmäge bolan höwesi, gyzyklanmany oýarmagyň zerurdygy, munuň netijeli serişdeleriniň biriniň öwrediji oýunlardygy geljekki mugallymlara giňişleýin düşündirilmelidir.

Öwrediji oýunlar barada alymlar, halypalar hem birnäçe işleri ýerine ýetirdiler. A.Kaşaňow we beýlekileriň "Başlangyç synplar üçin matematikadan öwrediji oýunlar" diýen kitabyndan "Näme üýtgedi?", "Gije-gündiz", "Nirede ýygşyrylandygyny bil", "Haýsy elimde näçe?", "Haýwanat bagy", "Jadyly haltajyk", "Kim iň ünsli?", "Ýalňyşma" we şuňa meňzeş oýunlary görkezmek bolar [2, 11 s.].

Öwrediji oýunlarda okuwçylara matematiki düşünjeleri oýun görnüşinde öwretmek göz öňünde tutulýar. Şeýlelikde, öwrediji oýunlarda:

– öwretmek işi oýnuň düzgünlerini kanagatlandyrmaly;

– matematiki düşünjeler oýnuň serişdesi hökmünde ulanylmaly;

– öwretmek işine bäsleşik elementlerini girizilmeli.

Hödürlenýän makalada başlangyç synp okuwçylaryna matematiki düşünjeleri öwretmegiň bir usuly, ýoly baradaky pikirlerimizi kärdeşlerimiz bilen paýlaşmak isleýäris. Bu ýerde tematik öwrediji oýunlar barada durup geçeris.

Tematik öwrediji oýunlarda, beýleki öwrediji oýunlardan tapawutlylykda, sapak döwründe ulanmak göz öňünde tutulyp, bu ýerde bellibir matematiki düşünjäni okuwçylara düşündirmek, öwretmek işi ýerine ýetirilýär. Şoňa görä-de, sapak döwründe ulanylýan tematik öwrediji oýunlara aşakdaky ýaly talaplar bildirilýär:

– oýun tematik häsiýetde guralmaly;

– oýun pursatlaýyn häsiýetde bolmaly;

– oýun okuwçylara güýç ýeterli bolmaly;

– oýnuň mazmuny öwredilýän matematiki düşünjeleriň manysyna okuwçylaryň düşünmekligine ýardam bermeli;

– oýun terbiýeleýjilik häsiýetine eýe bolmaly.

Käbir tematik öwrediji oýunlarda goşmak, aýyrmak, köpeltmek, bölmek amallary bilen baglanyşykly häsiýetler öwredilende, ulanjak oýnumyza "matematiki şaşka" diýip at bereliň. Bu oýny oýnatmagyň serişdeleriniň biri hökmünde reňkli (1-nji surat) galamlary ulanmak bolar.

**1-nji surat**



Mysal hökmünde, Gurbansähet Atabaýew bilen Tirkişmyrat Gulamowyň matematikadan umumybilim berýän mekdepleriň IV synpy üçin ýazan synag okuw kitabyndaky [1, 78 s.] bir ýumşa seredeliň:

Amallary ýerine ýetirmegiň tertibini ýatlap, hasaplaň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| 7 + 7 – 7 | 7· 7 : 7 | 7 – 7 : 7 | 7 + 7 : 7 |
| 7 – 7 + 7 | 7· 7 – 7 | 7 : 7 · 7 | 7 + 7· 7 |
| 7 + (7 – 7) | 7· (7 – 7) | (7 + 7)· 7 | (7 – 7) : 7 |

Bu ýumuşda reňklenen amallaryň birinji ýerine ýetirilýänligini düşündirmek bolar. Şuňa meňzeşlikde özbaşdak iş hökmünde aşakdaky ýaly ýumuşlary hem hödürlemek bolar. Bu ýumuşlarda,“Hasaplamany amatly usulda ýerine ýetirmeli” şertini goýmak maksadalaýykdyr.

1) 35+18+25= 60+18=78

2) 5410+1020+80+900+2390=7800+1100+ +900=7800+2000=9800

3) 42+35+28+73+65+27=70+100+100=200+ 70=270 we ş.m.

Okuwçylaryň goşmagyň häsiýetini öwrenmekleri we ýatdan çalt hasaplamak endiklerini ösdürmek üçin bu usul has amatlydyr. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylaryna goşmak, aýyrmak amallary öwredilende, mugallym hatarlaryň arasyna aýlanyp ýa-da interaktiw tagtada okuwçylara ilki haýsy sanlary goşanyňda ýa-da aýranyňda amatly bolýanlygynyň reňklenen görnüşini görkezse, has gowy bolar. Okuwçy, ilki bilen, meňzeş reňkli sanlary goşmagyň amatly bolýanlygyna göz ýetirýär. Bu usuly okuwçy arassa iş depderinde ulansa, talabalaýyk bolar diýen pikirimiz bar. Sebäbi okuwçy depderi açanyndan, haýsy sanlary goşanyňda, aňsat we tiz hasaplap bolýanlygyna göz ýetirýär.

Muňa mysal edip, bir taryhy maglumata ýüzleneliň. Nemes alymy Karl Gauss matematikleriň şasy hasaplanýar. Onuň matematika bolan höwesi ýaş döwründe döräpdir. Bir gezek mekdepde, Gauss 10 ýaşyndaka, mugallym, okuwçylary güýmemek maksady bilen, 1-den 100-e çenli sanlaryň jemini tapmak meselesini hödürleýär. Mugallym ýumşy ýazdyrýança, Gauss eýýäm jogabyny taýýarlapdyr (Ol jogaby nädip tapypdyr?): 101 · 50 = 5 050. 1-den 100-e çenli sanlary Karl Gaussyň nähili goşandygyny bilmäge synanyşyň [3, 51s.].

Bu ýumşy Karl Gauss aşakdaky usulda hasaplaýar:

1+2+3+4+...+97+98+99+100 =101·50=5050.

Bu ýerden alymyň çepden we sagdan deň uzaklykda duran sanlary goşup alandygyny aňsatlyk bilen reňkli galamlaryň üsti bilen okuwçylara düşündirmek bolar. Bu ýerden hem islendik iki belgili sany 101-e köpeltmegiň aňsat usulyndan peýdalanmak ýeterlikdir. Islendik iki belgili sany 101-e köpeltsek, ol sany yzly-yzyna iki gezek gaýtalap ýazmak ýeterlik. Meselem, 25·101=2525 ýa-da 43·101=4343 we ş.m.



Sanlary köpeltmäge degişli ýumuşlar bilen baglanyşykly matematiki şaşka oýnuny oýnatmak üçin okuwçylara aşakdaky taýýar köpeltmek tablisasyny hödürlemeli:



1) 5·2=10

2) 25·4=100

3) 125·8=1000

Bu oýny "Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy" atly biraýlygyň dowamynda hem ýol yşygynyň reňklerini ulanmak arkaly oýnatmak bolar.

Soňra okuwçy 5 · 17 · 2 = 170; 24 · 25 = 4 · 6 · · 25 = 6 · 100 = 600;

32 · 125 = 4 · 8 · 125 = 4 · 1000 = 4000 ýaly mysallary çalt we ýeňillik bilen hasaplap biler. Şunda meňzeş reňkli sanlary ilki köpeltmelidigi düşündirilýär. Mundan başga-da, her ýumşuň deňinden degişli reňki, ýagny gyzyl, sary ýa-da ýaşyl reňki goýmaly. Şonda okuwçylar haýsy köpeltmek hasylyny saýlap almalydygyna düşünýärler.

Okuwyň barşynda öwrediji oýunlaryň orny we wezipesi köp derejede bu oýunlaryň ýerine ýetirýän amallaryna we ol oýunlary mugallymyň toparlara bölüşine baglydyr.

Matematika sapaklarynda öwrediji oýunlary ulanmak okuwçylarda diňe bir gyzyklanmalary oýarman, eýsem, özbaşdak pikirlenmäge höwes döredýär we olaryň özbaşdaklygyny, erkini ösdürýär. Okuwçy, oýun oýnamak bilen bir wagtda, *matematika dersine* degişli maglumatlary aňsatlyk bilen özleşdirýär, kesgitli bilimleri, başarnyklary, endikleri ele alýar. Şonuň üçin matematika sapaklarynda öwrediji oýunlary we öwrediji gönükmeleri ulanmak okuw işiniň gyzykly bolmagyna ýardam edýär, okuwçylaryň okuw materiallaryny özleşdirmegini ýeňilleşdirýär, olaryň ünsüni jemlemäge goldaw berýär we ýadawlygyny aýyrýar. *Matematika dersinde* guralýan şeýle öwrediji oýunlar ýaşlaryň aň taýdan kämilleşmegi üçin hem ähmiýetlidir.

**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 4-nji marty**

## EDEBIÝAT

1. *Atabaýew G., Gulamow T.* Matematika. I kitap. Umumy orta bilim berýän mekdepleriň IV synpy üçin synag okuw kitaby. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

2. *Kaşaňow A., Atabaýew G., Berdiýew R.* Başlangyç synplar üçin matematikadan öwrediji oýunlar. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

3. *Şadurdyýew G.* we başg. Matematika. Umumy orta bilim berýän mekdepleriň V synpy üçin synag okuw kitaby. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

**SH. JUMALAKOV**

## THEMATIC GAMES IN TEACHING MATHEMATICS AT PRIMARY SCHOOL

This article discusses the issue of using thematic educational games at Mathematics for primary school pupils. Taking into account the age of pupils and the main goal of thematic educational games in Mathematics, the author offers methods for conducting such games to form basic mathematical concepts. The introduction of thematic educational games and exercises into Mathematics contributes to effective learning of academic material and to the obtaining of the particular knowledge, skills and competencies.

**Ш. ДЖУМАЛАКОВ**

## ТЕМАТИЧЕСКИЕ ИГРЫ В ОБУЧЕНИИ МАТЕМАТИКЕ В НАЧАЛЬНЫХ КЛАССАХ

В данной статье рассматривается вопрос использования тематических обучающих игр на уроках математики в начальных классах. Учитывая возраст учащихся и основную цель тематических обучающих игр по математике, автор предлагает приемы проведения таких игр по формированию основных математических понятий. Введение тематических обучающих игр и упражнений на уроках математики содействует эффективному усвоению учебной информации по предмету, а также способствует приобретению конкретных знаний, навыков и умений.

**Maral Atajumaýewa**

# KÖRPELERI MEKDEBE TAÝÝARLAMAGYŇ ESASLARY

Türkmenistanyň milli bilim ulgamy hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda watansöýüji, giň gözýetimli ýaş nesli terbiýeläp ýetişdirmekde ösüşiň täze basgançaklaryna çykdy. Mekdebe çenli bilim edaralaryndan başlap, bilimiň ähli basgançaklarynda täze tehnologiýalar ornaşdyrylýar. "Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasyny tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararа gol çekmegi we 2028-nji ýyla çenli ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasynyň tassyklanmagy ýurdumyzyň mekdebe çenli bilim edaralarynda işleri gurluş we mazmun taýdan özgertmekde täze wezipeleri öňde goýýar.



Çagalaryň beden we ruhy taýdan ösüş aýratynlyklary nazarda tutulyp, mekdebe çenli çagalar edaralarynda alnyp barylýan işleriň mazmunyna düýpli täzelikler girizilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan, "Bilim hakynda" (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunyndan we birnäçe beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalaryndan ugur alýan Konsepsiýada mekdebe çenli bilim edaralarynda terbiýelenýän körpeler bilen işlemek boýunça öňde durýan anyk wezipeler beýan edilýär. Bu resminamada çagalar edaralarynda we umumybilim berýän mekdeplerde bilimiň üznüksizligini, okatmagyň hilini, mazmunyny halkara ülňülerine laýyk getirmäge, pedagogik işgärleri taýýarlamagyň gerimini giňeltmäge, hünär bilimlerini çuňlaşdyrmaga, berilýän bilimiň mazmunyny, görnüşini, hilini kämilleşdirmäge, halkara maksatnamalarynyň görkezijilerini milli bilim ulgamyna ornaşdyrmaga gönükdirilen giň gerimli çäreler göz öňünde tutulandyr. Konsepsiýada mekdebe çenli bilim edaralarynyň körpeleri bilen işlemek boýunça öňde durýan anyk wezipeler beýan edilýär.

Mälim bolşy ýaly, mekdebe çenli ýaşly çagalaryň esasy aýratynlygy olaryň daş-töweregi örän işjeň kabul edýändigi, dürli bilimleri öwrenýändigi, ukyp-başarnyklarynyň güýçli ösýändigi bilen "durmuş tejribesini" baýlaşdyrýanlygyndadyr. Çaganyň iň uly arzuwyny "Nädip uly adamlaryň durmuşyna goşulyşyp, şolar ýaly bolup bolarka?" diýen soraga jogap gözleýändigi bilen şertlendirip bolar. Mekdebe çenli ýaşly çagada şu soraga jogap tapmaga gyssanmak duýgusy örän ösendir.

Ýurdumyzda mekdebe çenli döwürde alnan bilim-terbiýe öňde durýan uly durmuşa girmegiň ilkinji basgançagydyr. Körpeleri irki döwründen terbiýelemegiň we okatmagyň, beden we ruhy saglygyny goramagyň, berkitmegiň, başarnyklaryny ösdürmegiň tertibi düzgünleşdirilendir.

Mekdebe çenli bilim edaralarynyň okuw maksatnamasynda çagalaryň duýgularynyň, emosional, ownuk hereketleriniň, medeni-arassaçylyk endikleriniň sazlaşykly ösüşini gazanmak maksady bilen, terbiýe we bilim bermek işine öňdebaryjy, innowasion tehnologiýalary düýpli ornaşdyrmak, ylmyň we tehnikanyň iň täze gazananlaryna esaslanyp, okuw sapaklaryny dünýä tejribesine laýyklykda guramak bellenilendir.

Mekdebe çenli bilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek çagalarda kommunikatiw başarnyklary, dürli durmuş şertlerinde gepleşik serişdelerinden, oýun oýnamakda toplan tejribelerini, alan bilimlerini, endiklerini, bilesigelijiligini, daşky gurşawy oýlanyşykly aňlamak ukyplaryny, sagdyn durmuş ýörelgelerini okuw hem-de durmuş meselelerini çözmekde döredijilikli peýdalanyp bilmek başarnyklaryny kemala getirmäge gönükdirilendir. Şu maksatlara ýetmek üçin Konsepsiýada mekdebe çenli çagalar edaralarynda terbiýe we bilim bermek işini amala aşyrýan pedagogik işgärlere niýetlenen ýörite ylmy-usuly gollanmalary taýýarlamak, okuw-terbiýeçilik işlerini döwrebaplaşdyrmak göz öňünde tutulandyr. Häzirki döwürde mekdebe çenli çagalar edaralarynda körpeleriň sazlaşykly kemala gelmegini we ösmegini gazanmagyň esasy şertleriniň biri innowasion tehnologiýalardan netijeli peýdalanmakdyr. Resminamada bellenilişi ýaly, okuw-usuly toplumlary taýýarlamak bilen bir hatarda, innowasion tehnologiýalaryň saglygy goraýyş, taslama, gözleg-barlag, maglumat-kommunikasiýa, oýun, çagalaryň döredijilik ukyplaryny ösdürmäge gönükdirilen, okatmagyň ösdüriji, sungat, profolio tehnologiýalary ýaly ýokary netijeli usullaryny giňden peýdalanmak zerurdyr. Bu pedagogik tehnologiýalary döredijilikli ulanyp, körpeleri mekdebe taýýarlamak we olaryň geljekde üstünlikli okamaklaryny üpjün etmek üçin terbiýeçileriň hünär başarnyklary yzygiderli kämilleşdirilýär.

Saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçiligi çäkli çagalar bilen işlemegiň aýratynlyklary nazara alnar. Bilim işgärleriniň syýasy sowatlylygyny, hünär derejesini ýokarlandyrmak we pedagogik geňeşiň hem-de usuly sagatlaryň netijeliligi döwrüň talaplaryna laýyklykda yzygiderli ýokarlandyrylýar. Şeýle hem, terbiýeçilerdir pedagoglar üçin ylmy-usuly okuwlaryň mazmuny baýlaşdyrylýar we netijeliligi ýokarlandyrylýar. Şägirt-halypa gatnaşyklaryny ösdürmek boýunça ulgamlaýyn işler alnyp barylýar. Mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işi öňdebaryjy dünýä tejribesine laýyklykda guralýar. Mekdebe çenli çagalar edaralarynyň pedagogik işgärleriniň psihologiýa, pedagogika, okatmagyň usulyýeti babatdaky dünýä tejribesi boýunça hünär derejelerini ýokarlandyrmak maksady bilen, halkara hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşdirilýär.

“Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasynda” bellenilen wezipeleriň durmuşa geçirilmegi okatmagyň usulyýeti boýunça täze okuw-usulyýet toplumlarynyň, milli programma üpjünçilikleriniň taýýarlanylmagyna, ýurdumyzyň bilim ulgamynyň dünýäniň bilim giňişligine işjeň goşulyşmagyna, okatmagyň usulyýetiniň milli tejribä we halkara bilim standartlaryna laýyklykda döwrebaplaşdyrylmagyna ýardam berýär. Konsepsiýa körpeleri mekdebe taýýarlamagyň esasy ugurlaryny anyk kesgitlemek bilen, mekdebe çenli döwürde çagalara berilýän bilim-terbiýäniň hiliniň mundan beýläk-de ýokarlandyrylmagyna ýardam eder. Körpeler bilen alnyp barylýan işleri dünýä ülňülerine laýyk kämilleşdirmek, olara mähirli garamak strategiýasy Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary bilen ýola goýlup, häzirki döwürde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda üstünlikli dowam etdirilýär.

**Syn beren: Türkmenistanyň Milli bilim instituty**
**Kabul edilen wagty 2024-nji ýylyň 16-njy iýuly**

**Taýýarlan: Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň 4-nji çagalar bakja-bagy**

**Aýgül Poşaýewa**

# MEKDEBE ÇENLI ÇAGALAR EDARALARYNDA KÖRPELERE BERILÝÄN BILIMIŇ HILINI DÜNÝÄ DEREJESINE LAÝYKLYKDA ÝOKARLANDYRMAGYŇ ÝOLLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy has-da gülledip ösdürmek, halkymyzy bagtyýar durmuşda ýaşatmak üçin uly aladalary edýän hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen türkmen halky asuda we parahat durmuşda ýaşaýar. Ata Watanymyzyň röwşen ertirleriniň dowamaty bolan çagalar döwlet tarapyndan aýratyn alada we goldaw bilen gurşalýar.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň milli bilim ulgamyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine ýetirmäge gönükdirilen özgertmeler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda ähli bilim edaralary bilen bir hatarda, mekdebe çenli çagalar edaralarynda hem berilýän bilimiň hili yzygiderli kämilleşdirilýär, bilim ojaklarynyň ähli basgançaklarynda okuw işiniň derejesi ýokarlandyrylýar. Berkarar Watanymyzyň şu güni we ertiri edepli, kämil bilimli nesillerimize baglydyr.

Milli bilim ulgamyny kämilleşdirmekde, ýokary ylmy mümkinçiligi bolan giň gözýetimli, maksada okgunly, innowasion tehnologiýalary dolandyrmaga ukyply, ýokary hünärli, taýýarlykly ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmekde öňdebaryjy tehnologiýalardan we dünýä tejribesinden döredijilikli peýdalanýarys. Ýurdumyzyň mekdebe çenli çagalar edaralarynda terbiýelenýän körpeler mähir bilen gurşalyp alynýar, çagalaryň mekdebe taýýarlykly barmagy üçin milli we dünýä tejribelerini öwrenmek arkaly körpelere döwrebap terbiýe hem bilim berilýär. Okuw ýylynyň dowamynda çagalar bakja-bagynda sapaklar didaktiki oýunlar görnüşinde guralýar, baýramçylyk säherlikleri, bäsleşikler geçirilýär, sergiler guralýar. Şeýlelik bilen, çagalaryň wagtlaryny şadyýan hem peýdaly geçirmekleri gazanylýar.

"Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny" durmuşa geçirmek maksady bilen, çagalara daşary ýurt dilleri ýörite lingafon otaglarda öwredilýär. Körpeleriň sagdyn ösmeklerini gazanmak we başarnyklaryny ösdürmek maksady bilen, bedenterbiýe sapaklary ýörite otaglarda, gyzykly oýunlar görnüşinde guralýar. Çagalar bakja-bagynda "Açyk gapylar" güni geçirilip, ata-eneler okuw-terbiýeçilik işleriniň guralyşy bilen tanyşdyrylýar. Çagalar bakja-bagynyň işgärleri bilen okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek boýunça pedagogik geňeşleriň we usuly sapaklaryň hili gowulandyrylýar.

Biz Montessori okuw usulynyň gazananlaryndan döredijilikli peýdalanýarys. Bu usulyň artykmaçlygy mugallymlara we terbiýeçilere gündelik işi körpelere düşnükli dilde guramaga ýardam berýär. Bu usul nazaryýetde hem-de amalyýetde, şeýle hem tejribede oňat netijesini berýär.

Häzirki döwürde dünýä boýunça Montessori usulyndan peýdalanyp, çagalar baglary we irki çagalyk döwrüniň ösüşi boýunça merkezler öz işlerini üstünlikli guraýar. Pedagog M.Montessori: "Çaga öwrenýärkä, täze maglumatlary kabul edişini syn etme bilen anyklaýar" diýip belleýär. Ol çaganyň öwrenmegi üçin ulularyň esasy üç şerti berjaý etmelidigini nazarda tutýar: 1. Çaganyň tejribede ýa-da durmuşda öwrenmegi üçin mümkinçilik döretmeli. 2. Öwredilende yzygiderliligi saklamaly. 3. Çagada bilesigelijilige höwes döretmeli. Okatmagyň bu usulyny 3 – 6 ýaş aralygyndaky çagalar bilen iş geçireniňde ulanyp bolýar. Meselem, bu usuldan peýdalanyp, körpelere *matematika dersi* boýunça sada sanlary sanamagy öwredip, sensor ösüşini kämilleşdirip bolar.

Türkmenistanda bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge uly üns berilýär. Kabul edilen maksatnamalara laýyklykda, bu ulgam üçin goýulýan maýa goýumlarynyň möçberi ýylyň-ýylyna artdyrylyp, ýurdumyzyň çar künjünde bilim maksatly döwrebap binalaryň gurluşygy amala aşyrylýar. Täze gurlup ulanylmaga berilýän desgalar gurluşykbinagärlik nusgalary, hil derejesiniň ýokarylygy bilen düýpli tapawutlanýar. Şonuň ýaly-da, ýurdumyzyň bilim ojaklary döwrebap tehnologiýalar, okuw-tehniki enjamlar bilen yzygiderli üpjün edilýär. Munuň özi okuw sapaklaryny innowasion usullardan peýdalanyp guramaga doly mümkinçilik berýär. Netijede, berilýän bilimiň hili has-da ýokarlanýar.

Sebitde iň ilkinji "akylly şäher" diýen ada mynasyp bolan Arkadag şäheriniň bilim edaralary hem işini döwrüň talaplaryna laýyk alyp barýar. Geçen okuw ýylynda Arkadag şäherinde gurlup ulanylmaga berlen, dünýä ülňülerine laýyk gelýän, döwrebap tehnologiýalar bilen üpjün edilen çagalar bakjabaglarynda körpelere milli ruhda terbiýe bermekde giň gerimli işler alnyp baryldy. Arkadag şäheriniň çagalar baglarynda zähmet çekýän terbiýeçilerden öz hünärine ussatlygy, ukyp-başarnygy bilen tapawutlanyp, "Ýylyň terbiýeçisi" döwlet bäsleşigine gatnaşyp, baýrakly orunlara mynasyp bolanlaryň barlygy bizi has-da begendirdi, täze üstünliklere ruhlandyrdy.

Täze okuw ýyly biziň öňümizde uly jogapkärçilikli wezipeleri goýýar, çünki bu okuw ýylyndan "Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy" durmuşa geçirilip başlandy. Bu Konsepsiýanyň kabul edilmegi ýurdumyzyň bilim ulgamynyň işgärleriniň, pedagoglarynyň öňünde uly we jogapkärli wezipeleri goýýar. Şol wezipeleri üstünlikli amal etmek üçin olaryň yhlasly we döredijilikli zähmet çekmekleri talap edilýär.

Mekdebe çenli bilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek işi çagalarda esasy kommunikatiw, oýun, durmuş başarnyklaryny, bilesigelijilik ukyplaryny kemala getirmäge ýardam berýär. Döwlet bilim standartlaryndan gelip çykýan wezipeleri mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işine ornaşdyrmakda alnyp barylýan usuly işler boýunça "Mekdebe çenli çagalar edaralarynda çagalara daşary ýurt dillerini öwretmegiň öňdebaryjy iş usullary", "Çagalara berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmakda öňdebaryjy iş tejribäni öwretmek we ýaýratmak, halypaçylyk işlerini netijeli guramak boýunça alnyp barylýan usuly işleri kämilleşdirmegiň ýollary", "Çagalara bilim bermekde okatmagyň işjeň öwreniş usullaryndan, innowasion tehnologiýalardan peýdalanmak we şunuň bilen baglanyşykly okuw-görkezme esbaplary hem-de audio-wideo ýazgylary taýýarlamak boýunça hünärmenleriň iş tejribelerini kämilleşdirmek" ady bilen geçilýän usuly-amaly maslahatlar, okuw-terbiýeçilik, sanly bilim ulgamy boýunça alnyp barylýan işler kärimize kämilleşmäge ýardam berýär.

Mekdebe çenli çagalar edaralarynyň bilim işgärleriniň hünär derejelerini okatmagyň häzirki zaman ösen ylmy-usuly we halkara iş tejribeleriniň esasynda yzygiderli ýokarlandyrmak maksady bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň iri düzümi ÝUNESKO-nyň Çagalar gaznasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy we beýleki degişli halkara guramalary bilen bilelikde "Türkmenistan boýunça 2020 – 2025-nji ýyllar üçin ýokary hilli we inklýuziw bilim", "Türkmenistanda çaganyň irki ösüşi boýunça 2020 – 2025-nji ýyllar üçin Milli strategiýany durmuşa geçirmek" ýaly dürli temalardaky okuw maslahatlary yzygiderli geçirilýär. Bu ugurda toplanan milli we halkara tejribelerini mekdebe çenli bilim edaralaryna ornaşdyrmak boýunça işler dowam etdirilýär.

Mekdebe çenli çagalar edaralarynda saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçilikleri çäkli çagalara bilim bermegiň dürli çemeleşmelerinden giňden peýdalanylýar. Şolaryň biri-de inklýuziw bilim bermekdir. Inklýuziw bilimde umumy bilimiň ösdürilişinde saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçilikleri çäkli bolan çagalar üçin hem umumy bilim edaralarynda bilimiň elýeterliligi göz öňünde tutulandyr.

Bilşimiz ýaly, şu ýylyň awgust aýynyň 19 – 22-si aralygynda paýtagtymyz Aşgabatda ýurdumyzda ilkinji gezek "Kids Ekspo: ähli zat çagalar üçin" halkara sergi-ýarmarkasy üstünlikli geçirildi. Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy tarapyndan guralan bu ajaýyp sergi, "Türkmen sergisi" aýratyn kärhana bilen bilelikde, çagalar üçin niýetlenilip öndürilýän iň gowy önümleri bir ýere jemledi. Sergä gelenler oýunjaklardan we egin-eşiklerden başlap, okuw esbaplaryna çenli çagalar üçin öndürilen önümleriniň iň täzelerini edinmäge mümkinçilik tapdylar.

Milli bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmaga giň mümkinçilikleri döredip berýän hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza hem-de Milli Liderimiz Gahryman Arkadagymyza çäksiz sagbolsun aýdýarys! Goý, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hem-de mähriban Arkadagymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun, il bähbitli, ýurt ähmiýetli alyp barýan tutumly işleri rowaçlyklara beslensin!

**Syn beren: Türkmenistanyň Milli bilim instituty**
**Kabul edilen wagty 2024-nji ýylyň 27-nji awgusty**

**Taýýarlan: Arkadag şäheriniň bilim müdirligi**

**Enegül Şallyýewa**

# EDEBIÝAT SAPAGYNDA OKUWÇYLARA TUÝUGLARY ÖWRETMEK

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly başlangyçlary bilen bilim ulgamyndaky amala aşyrylýan özgertmeler dünýä tejribesine we ylmyň täze gazananlaryna esaslanýar. Häzirki döwürde çeper eserlerimizi içgin öwrenmek hem-de ony umumybilim berýän mekdepleriň okuwçylaryna öwretmek döwrümiziň esasy talaplarynyň birine öwrüldi. Şeýle wezipeler göz öňünde tutulyp, umumybilim berýän mekdeplerde türkmen edebiýatyny öwretmek işi barha kämilleşdirilýär. Türkmen ýaşlarynyň akyl-paýhasly, giň dünýägaraýyşly, arassa ahlakly, belent adamkärçilikli kemala gelmeginde çeper edebiýatyň, halk döredijilik eserleriniň orny uludyr.

Türkmen edebiýatynyň taryhynda döredilen şygyr eserlerini, olaryň görnüşlerini, kapyýalaşyş aýratynlyklaryny, pikir hem-de many özboluşlylygyny öwrenmek zerurdyr. Bu usuly makalany ýazmak bilen, esasy maksadymyz mekdep okuwçylaryna goşgy düzüliş görnüşi bolan tuýuglar dogrusynda maglumat bermekdir hem-de türkmen diliniň sözlük gorunyň çäksiz baýdygyny, şirindigini, many aňlatmak mümkinçiliginiň uludygyny şygyrlaryň üsti bilen açyp görkezmekdir.

*Edebiýat dersinden* sapak berýän mugallym okuwçylara ýazyjy-şahyrlarymyzyň ömri we döredijiligi, olaryň eserleri bilen birlikde, çeper edebiýatyň bir şahasy bolan edebiýat nazaryýeti (teoriýasy) hakynda hem giňişleýin düşünje bermelidir. Biz şu usuly makalamyzda umumybilim berýän mekdepleriň edebiýat kitaplarynda okuwçylara goşgy düzülişiniň görnüşleri barada düşünje berlende, gysgaça mysallar getirilýän türkmen şygryýetine mahsus bolan tuýug goşgy düzülişi dogrusynda maglumat bermegi makul bildik. Gadymy goşgy düzülişiniň bir görnüşi bolan tuýug baradaky beriljek maglumatlar goşgy düzmek bilen meşgullanýan okuwçylar, şeýle-de, *türkmen dili* we *edebiýaty dersinden* sapak berýän mugallymlar üçin hem degerli gollanma bolar, sebäbi tuýug goşgy düzülişi dogrusynda gürrüň etmek diňe bir edebiýat sapagy däl, eýsem, türkmen dili sapagy üçin hem ähmiýetlidir.

Mugallym edebiýat sapagynda okuwçylara tuýuglar barada düşünje bermek bilen türkmen dili sapagynda hem omonimleriň stilistik hyzmaty geçilende, dilimizdäki sesdeş sözleriň şahyrana eserlerde işjeň ulanylyşyny öwredip bilýär. Omonimleriň hyzmaty bilen ene dilimiziň sözlük gorunyň çäksiz baýdygyny, şirindigini, many aňlatmak mümkinçiliginiň uludygyny, dilimiziň dünýäde iň kämil dilleriň hatarynda öwrenilmäge mynasypdygyny okuwçylara mysallar arkaly düşündirýär. Mekdep okuwçylaryna tuýuglary öwretmek bilen, mugallym iki dersiň (türkmen dili we edebiýaty) arasyndaky baglanyşygy ýola goýýar. Mundan başga-da, mugallym okuwçylara tuýug goşgy düzülişi baradaky maglumatlary sözleýiş dilini ösdürmek sapagynda ýa-da saýlama okuwlarynda hem (ders ugurly okuwlarda, döredijilik we taslama işlerinde) giňişleýin düşündirip biler. Tuýug goşgy düzülişi dogrusynda beriljek maglumatlary okuwçylaryň edebiýatdan öwrediji iş depderlerine belletmek maslahat berilýär.

Tuýug dört setirden ybarat goşgy bendi bolup, *a-a-b-a* görnüşde kapyýalaşýar. Kapyýalaşyşy we bir bentde gutarnykly pikiri beýan edýänligi bilen, tuýug rubagylara meňzeşdir. Rubagy pars edebiýatyna mahsus bolsa, tuýuglar türki dilli edebiýatda, hususan-da, türkmen edebiýatynda ulanylýan goşgy düzüliş görnüşidir, ýöne tuýugy rubagydan tapawutlandyrýan esasy aýratynlyk tuýugda üç sany sesdeş sözüň (omonim) getirilmegidir. Tuýuglar ony ýazýan şahyrdan uly ussatlygy talap edýär, sebäbi şahyr türkmen diliniň söz baýlygyny oňat bilýän bolmaly we bir bentde üç sany sesdeş sözi getirmegi başarmaly.

Tuýuglar orta asyrlar edebiýatynda Burhaneddin Siwasly, Seýit Nesimi, Emiri, Ataýy, Muhammet Babyr, Alyşir Nowaýy ýaly şahyrlaryň döredijiliginde duş gelýär. Nowaýynyň tuýuglaryny okanyňda, onuň tuýug döretmek babatda ussatlyga ýetendigine göz ýetirmek mümkin:

*Ol gözele men köp diýdim: barmagyn!*
*Näme üçin ol goýmady barmagyn?*
*Gep eşitmez ketjedigini görüp,*
*Akyl haýran boldy, dişläp barmagyn* (Nowaýy. Saýlanan eserler. – Aşgabat: “Türkmendöwletneşir”, 1948. 81 s.).

Serkerde şahyr Seýitnazar Seýdiniň “Alyna” goşgusyny çeperçiligi we formasy boýunça kämil döredilen tuýug eseri hasaplamak bolar:

*Aşykdyr sen inçge bile Seýidi,*
*Her jepany rahat bile Seýidi,*
*Gezermiş diýp, ýaman bile Seýidi,*
*Meni aýp edeniň gelsin alyna*

(*Seýdi.* – Aşgabat: “Turan”, 1991. 27s.).

Türkmen edebiýatynyň taryhynda döredilen tuýuglary doly (arassa) tuýuglar hem-de doly däl görnüşdäki tuýuglar ýaly toparlara bölsek, ýerlikli bolar diýip pikir edýäris. Sebäbi şahyrlarymyzyň döreden tuýuglaryny okanyňda, goşgy setirlerinde getirilýän omonimler (sesdeş sözler) bilen birlikde, omograflara-da duş gelmek bolýar. Mysal getiren bendimizde tuýug goşgy düzülişiniň görnüş taýdan kapyýalaşyşy boýunça üýtgeşmä sezewar bolandygyna göz ýetirýäris. Goşguda “bile” sözi çeperçilik serişdesi hökmünde üç gezek gaýtalanyp, birinji setirde “-i ” çekimlisi uzyn aýdylyp, at söz topary bolup gelipdir. Sözdäki “-e” ýöneliş düşümiň goşulmasydyr. Ikinji setirde getirilen bu söz işlik söz topary bolup, “-e” goşulmasy hal işliginiň nusgawy edebiýatda işjeň ulanylan görnüşidir. Üçünji setirde gaýtalanyp gelen “bile” sözi sözsoňy kömekçi hökmünde getirilipdir. Goşguda ulanylýan bu gaýtalamalar şygryň çeperçiligini peseltmän, gaýtam, ony bezäpdir.

Edebiýatymyzyň taryhynda şahyrlarymyzyň döreden tuýuglary orta asyrlardan tä XX asyra çenli yşk-söýgi temasynda döredilen bolsa, XX asyr şahyrlarymyzyň tuýuglary durmuşyň dürli meselelerinden söz açýar. Bu döwürde tuýug goşgy düzülişi görnüş taýdan hem üýtgeşmelere sezewar bolupdyr. Sebäbi XX asyr şahyrlarynyň döreden tuýuglarynda iki setirden ybarat bolan bentlere (kelte tuýuglar) hem gabat gelinýär:

*Ýorgalapjyk gitdi misli bedene,*
*Boldy iňňe sanjylan dek bedene.*

*Ýar başyna atynypdyr al öýme,*
*Dile-dile jiger-bagrym gan öýme* (*Ýylgaý Durdyýew.* Goşgular. – Aşgabat: TDNG, 2011. 79 s.).

Garaşsyzlyk ýyllarynyň edebiýatynda hem tuýugçylyk däbi dowam etdirilýär. Bu döwürde tuýug ýazan şahyrlardan Süleýman Ilamanowy, Amandurdy Annadurdyýewi, Döwletgeldi Annamyradowy, Nurýagdy Seýitliýewi, Aşyr Baýryýewi, Oguljemal Çaryýewany we başgalary görkezmek bolar. Galkynyş eýýamynyň ruhunda döredilen tuýuglar Garaşsyz, Bitarap döwletimiziň ösüşini, gözel tebigatymyzy wasp edýän, şeýle-de, durmuş, dünýä, yşk-söýgi hakyndaky eserlerdir.

*Topraga nur akar çeşme-salmadan,*
*Göwün güllär ýary ýada salmadan.*
*Ýüregim joş eýläp, ömrüm görklener,*
*Ýaryň Aý jemalyn köňle salmadan*

(*Döwletgeldi Annamyradow.* Altyn asyryň tuýuglary // Edebiýat we sungat. – 2007. – 20 apr.).

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde edebi mirasymyzy, çeper edebiýatymyzy çuňňur öwrenmäge, ösdürmäge we kämilleşdirmäge giň mümkinçilikler döredilýär. Ata Watanymyzy, Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan döwletimizi, türkmen halkymyzyň agzybir, asuda, bagtyýar durmuşyny wasp edýän tuýuglar döredilýär. Bu döwürde Agajan Ataýew, Rejep Işangulyýew, Merdan Çarymuhammedow we beýleki şahyrlar tuýug görnüşli şygyrlary döretmekde öz ussatlyklaryny görkezýärler.

*Diýarym erkana, şatlyk hem joşgun,*
*Kalbyma ganat bu ajaýyp joşgun.*
*Ylhamym asmanda kakýar ganatyn,*
*Diýýär ol: “Bilbil deý saýragyn, joşgun*

(*Çarymuhammedow Merdan.* Bagtyýarlyk döwrüniň tuýuglary // Edebiýat we sungat. – 2013. – 29 noýb.).

Mugallym okuwçylara tuýuglar barada giňişleýin düşünje berenden soň, olara öý işi hökmünde edebiýatdan öwrediji iş depderlerine ýumuş berip biler. Okuwçylar edebiýat sapagynda şahyrlaryň döredijiligini öwrenenlerinde, olaryň ýazan eserlerini öwrenýärler. Edebiýat mugallymy her synpda geçilýän şahyrlaryň ýazan goşgularynyň arasyndan tuýug görnüşli şygyrlary toplamagy we manysyny düşündirmegi tabşyrsa ýerlikli bolar. Okuwçylara şeýle ýumuşlaryň tabşyrylmagy olaryň şahyrlarymyzyň döredijiligini içgin öwrenmegine, şygryýetde şahyrlar tarapyndan özboluşly tärleriň, edebi öwrümleriň ulanylandygyna, özboluşly goşgy görnüşleriniň bardygyna göz ýetirmeklerine ýardam berer.

**TYA-nyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 8-nji iýuly**

**Döwletgeldi Kulyýew, Myrat Rahmedow**

# OKUWÇYLARYŇ INFORMATIKA DERSINDEN ÖZBAŞDAK IŞLERINIŇ DÜZÜLIŞ AÝRATYNLYKLARY

Türkmenistanda bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak maksady bilen "Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy" üstünlikli amala aşyrylýar. Oňa laýyklykda, okuw dersleriniň okadylyşyny döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirmek üçin hormatly Prezidentimiz usulyýetçi alymlaryň, pedagoglaryň, mugallymlaryň öňünde uly wezipeleri goýdy.

1. Başlangyç synp okuwçylarynyň mekdepde okadylýan dersleri çuňlaşdyryp öwrenmekleriniň, logiki pikirlenişiniň, logiki pikirlenmegi talap edýän ýumuşlary işläp bilmekleriniň algoritmik çemeleşişlerini kämilleşdirmek sanly tehnologiýalaryň bilim ulgamyna çuň ornaşýan häzirki döwründe örän möhüm işleriň biri hasap edilýär. Türkmenistanyň umumybilim berýän mekdepleriniň 1-nji synp okuwçylary üçin niýetlenilip ýazylan "Informatikanyň esaslary" okuw kitabynda okuwçylaryň logiki pikirlenmelerine degişli ýumuşlar berilýär (*Rulyýewa L.* we başgalar. Informatikanyň esaslary. Umumy orta bilim berýän mekdepleriň I synpy üçin okuw kitaby. – Aşgabat: TDNG, 2019.).

Biz şu makalamyzda ýokarda ady getirilen okuw kitabyndaky "Logika" bölümine niýetlenilen düşünjeleri berkitmek maksady bilen, okuwçylaryň özbaşdak ýerine ýetirmekleri üçin aşakdaky ýumuşlary hödürleýäris. Ýumuşlar bilen bir hatarda, her düşünjä degişli bir ýumşuň doly çözülişi berilýär. Okuwçylar ýumuşlary özbaşdak ýerine ýetirenlerinde, çözülişleri görkezilen ýumuşlardan döredijilikli peýdalanyp bilerler.

**1-nji ýumuş.** 5, 2, 7, 5 sanlary diňe bir gezek ulanyp, berlen gatnaşyklary dolduryň.

□ [=] □ , □ [<] □

**Çözülişi.** Ýumşy ýerine ýetirmek üçin deň, uly we kiçi düşünjelerden peýdalanýarys. Ýumuşda iki sany deň 5 hem-de dürli: 2 we 7 sanlar berlen. Sanlaryň berlişine görä 5=5, 2<7 gatnaşyklar alynýar.

Aşakdaky ýumuşlarda boş ýerleri sanlar bilen doldurup, dogry pikir ýöretmäni düzmeli:

1) 7 [<]
2) 5 [>]
3) □ < 3
4) □ > 7
5) 7, 3, 7, 9 : □ [=] □, □ [>] □
6) 8, 3, 6, 8 : □ [<] □, □ [=] □
7) 6, 2, 4 : □ [+] □ [=] □
8) 1, 1, 3 : □ [+] □ [>] □
9) 1, 1, 3 : □ [-] □ [>] □
10) 0, 1, 1, 3 : □ [+] □ [<] □ [-] □

**2-nji ýumuş.** Aşakda getirilen setirdäki boş öýjükleri bogunlar bilen doldurmaly.

bel, bar, ber, bi, ba, □, □, bol.





**Çözülişi.** Ýumşy ýerine ýetirmek üçin berlen setirdäki bogunlary seljermeli. Ol bogunlaryň her birine mahsus bolan aýratynlygy kesgitlemeli. Bogunlar düzgün boýunça açyk we ýapyk bogunlara bölünýär. Biziň seredýän ýumşumyzda bogunlaryň ikisi hem bar. Şoňa görä-de, bu aýratynlyklary esas edinip, boş öýjükleri dolduryp bolmaýar. Ýumuşda getirilen bogunlaryň ählisi “b” harpy bilen başlanýar. Diýmek, ýumşy ýerine ýetirip, boş orunlary doldurmak üçin birinji harpy “b” bilen başlanýan bogunlary tapmaly. Mysal üçin, boş ýerlere *beg, bu* bogunlary goýup bolýar.

Aşakdaky ýumuşlarda logiki pikirlenmek arkaly netije çykaryp, boş ýerleri harplar, sanlar we bogunlar bilen dolduryň:

1) Z, Ý, Y, □, Ü, U
2) A, b, Ç, d, E, ä, □, □, H
3) A, Ç, E, F, H, J, □, □, Ň
4) A, O, E, I, Ä, Ö, U, □, □
5) 1, 3, 5, □, 9
6) 0, 0, 0, 1, 1, 1, 2, 2, □, □, □, 3, 4, 4, 4
7) ba, ma, ge, di, □, □, dy
8) tap, dep, rat, mer, □, □, par
9) gel, gör, ger, gi, gy, □, □, gar
10) bir, üç, □, □, on

11)

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Duşenbe | Tuesday | Среда | Penşenbe | Friday | Суббота | ○ |

12)

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Ýanwar | Mart | Maý | I ýyl | ○ | Oktýabr | Dekabr |

**3-nji ýumuş.** Synpda jemi 26 okuwçy bar. “Synpyň gyzlary oglanlaryndan 2 esse köp” diýlen pikir aýtmanyň çynlygyny ýa-da ýalanlygyny kesgitlemeli.

**Çözülişi.** Synpda okuwçylaryň sany 26. Ýumşuň şertine görä, gyzlaryň sany oglanlaryň sanyndan iki esse köp. Onda synpdaky jemi okuwçylaryň sany özara deň üç topara (2+1=3) bölünýär, emma 26 san 3-e galyndysyz bölünmeýär. Şoňa görä-de, okuwçy sany 26 bolan synpda gyzlaryň sany oglanlaryň sanyndan 2 esse köp bolup bilmeýär. Diýmek, ýumuşda berlen synpyň gyzlary oglanlaryndan iki esse köp diýlen pikir aýtma ýalan.

Aşakdaky ýumuşlarda dogry pikiri saýlamaly.

1)

Bu – pişik.
*a) çyn, b) ýalan*

2)

Bu – sygyr.
*a) çyn , b) ýalan*

3)

Bu – öý haýwany.
*a) çyn , b) ýalan*

4)

Bu üzüm däl.
*a) çyn , b) ýalan*

5)

Bu düýe däl.
*a) çyn , b) ýalan*

6) Düýäniň çagasyna *göle* diýilýär.
*a) çyn, b) ýalan*

7) 2 täk san.
*a) çyn, b) ýalan*

8) Meret jigisinden 7 ýaş uly. Olar çagalar bagyna gatnaýarlar.
*a) çyn, b) ýalan*

9) Aman 5 ýaşynda. Ol 2-nji synpda okaýar.
*a) çyn, b) ýalan*

10) Iki sany täk sanyň jemi täk sandyr.
*a) çyn, b) ýalan.*

Ýokarda getirilen özbaşdak işleri ýerine ýetirmek üçin niýetlenilen ýumuşlarda dersara baglanyşyklara uly üns berilýär. Bu bolsa 1-nji synp okuwçylarynyň ähli derslerde berilýän başlangyç düşünjeleri doly özleşdirmeklerine ýardam edýär. Şeýle hem okuwçylaryň bu özbaşdak işleri ýerine ýetirmekleri bilen olaryň logiki pikirlenmek, döredijilikli işlemek, özbaşdak pikirlenmek endikleri kämilleşýär.

**Seýitnazar Seýdi adyndaky**
**Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 3-nji ýanwary**

Hemra Täçgylyjow

# UMUMYBILIM BERÝÄN MEKDEPLERDE TARYH SAPAKLARYNY OKATMAGYŇ DÖWREBAP USULLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy bilen, ýurdumyzyň bilim ulgamynda düýpli özgertmeler amala aşyrylýar, türkmen ýaşlary üçin döredijilikli bilim gurşawy döredilýär. Şu jähetden, ýurt Baştutanymyz bilim ulgamynyň ähli basgançaklary üçin döwrebap okuw meýilnamalaryny döretmek we olaryň many-mazmunyny yzygiderli kämilleşdirmek hem-de döwrebaplaşdyrmak, okatmagyň interaktiw usullaryny bilim bermegiň tejribesine işjeň ornaşdyrmak, okuw-terbiýeçilik işlerinde maglumat-kommunikasiýa, multimedia tehnologiýalaryny netijeli peýdalanmak meselesini bilim işgärleriniň öňünde wezipe edip goýdy.

Okuwçylary ruhy-ahlak taýdan terbiýelemegiň baş maksady pederlerimiziň döreden ruhy we medeni gymmatlyklarynyň esasynda, häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda, ýokary derejede ylymly-bilimli, edepli-ekramly, watansöýüji, ynsanperwer, ata-enäni, ýaşuly nesli sylaýan, dost-doganlyga sarpa goýýan, jemläp aýdylanda, arassa ahlakly şahsyýeti kemala getirmekdir.

Taryh mugallymy habar beriş serişdelerinden, döwürleýin neşirlerden, täze çap edilýän kitaplardan hökman habarly bolmalydyr. Mugallym sapak wagtyny rejeli peýdalanyp, her bir minuty netijeli sarp etmelidir. Taryh sapagynda geçilenleri berkitmek pursadynda her dürli adaty däl usullar – krossword, skanword, ýumuşly sorag, seneli ýumuş, anagramma, test peýdalanylyp bilner.

Biz – mugallymlar sanly bilim ulgamyna geçilýän döwürde sapakda sanly bilim serişdelerinden, sanly ýumuşlardan, test barlaglaryndan peýdalanmagy başarmalydyrys.

Taryh sapaklarynda okuwçylarda taryh ylmyna gyzyklanmanyň kemala getirilmegine aýratyn üns berilmelidir, okuwlaryň täsirli bolmagy üçin, mugallym mydama ülke taryhy bilen gyzyklanmalydyr.

Mekdep okuwçylarynyň *taryh dersi* boýunça çuňňur bilim almaklaryny üpjün etmek üçin, okatmagyň dürli usullaryny toplumlaýyn peýdalanmak zerurdyr, sebäbi dürli ýaşdaky çagalaryň akyl taýdan intellektual ösüş derejeleri, zehin-ukyby deň bolmaýar. Şonuň üçin mugallymyň gürrüň, düşündiriş arkaly öwretmegi bilen, temalaryň mazmuny doly özleşdirilmeýär. Munuň dürli-dürli sebäpleri bar. Olaryň hataryna okuwçylaryň ünsüniň derejesiniň tebigy taýdan üýtgäp durmagyny, pikirlenmek üçin wagt talap edýän we mugallymyň gürrüňine düşünmegi kynlaşdyrýan adalgalaryň, sözleriň ulanylmagyny, okuwçylary ýadadýan adatdan daşary çalt geplemegi, soraglar, aýratyn hem çylşyrymly soraglar düşündirilende, howlukmaç beýan etmegi goşmak bolar.

Her bir usulyň okuwçylaryň bilimleri, başarnyklary gazanmaklarynyň ýollary, tärleri bolup durýan we olary terbiýelemekde, taryhy okatmagyň beýleki usullaryndan tapawutlanýan ýörite, ýagny özüne mahsus aýratynlyklary bar. Taryhy okatmagyň usullary örän çalt üýtgäp durýar. Olar aýratyn sapagyň temasyna, dersiň mazmunyna we meselelerine, okuwçylar synpdan-synpa geçdiklerisaýy, toplanýan täze bilimlere we başarnyklara laýyklykda ösýärler we çylşyrymlylaşýarlar. Okatmagyň usullary öz aralarynda örän berk baglanyşyklydyr. Taryhy okatmagyň usullary örän köpdürli bolup, *taryh dersiniň* esasy düşünjelerini, bilim-terbiýe berijilik meselelerini okuwçylaryň ýaşlaryna, bilimlerine we başarnyklaryna laýyklykda amala aşyrmagyň serişdesi hökmünde-de hyzmat edýär.

Maglumat tehnologiýalaryndan peýdalanmagyň has giň ýaýran görnüşi multimedia tanyşdyryşlarydyr. Taryh sapaklarynyň tutuş ulgamynyň tanyşdyryşlary, şeýle-de, aýratyn multimedia tanyşdyryşlary taýýarlanylsa ýerlikli bolýar.

Sapakda mugallymyň ýa-da okuwçylaryň öýde özbaşdak taýýarlan hem-de taýýar görnüşdäki krosswordlardan interaktiw tagta arkaly peýdalanylsa, okuwçylar sapaga has işjeň gatnaşýarlar.

10-njy synpda *Türkmenistanyň taryhy dersinden* "Garrygala söweşi" diýen temany okuwçylara öwredenimizde, diňe bir okuw kitabyndaky maglumatlar bilen çäklenmän, şol söweşe işjeň gatnaşan, biziň welaýatymyzyň çäklerinde ýaşap geçen şahsyýet Päli Mergeniň ömür ýoluny giňişleýin

öwretmäge çalyşýaryn. Şunda interaktiw tagtada şeýle ýazgyny görkezýärin:

Günbatar Türkmenistanda ýaşap geçen taryhy şahsyýetleriň biri hem Päli Mergendir. Garrygala söweşinde 1858-nji ýylda Gyzylarbatdan Päli Mergen diýen bir batyr türkmen ýigidi garşydaşy bilen söweşip, ony ýeňipdir.

Taryhda Päli Mergen ýa-da Poly Mergen barada maglumatlar azlyk edýär. Bu şahsyýet teke türkmenleriniň garaýörme tiresiniň mökrüp şahasyndan eken. Päli Mergen 1823-nji ýylda Gyzylarbat töwereginde doglupdyr we şol ýerlerde ýaşap geçipdir. 1858-nji ýylda üstlerine Japarguly hanyň agyr goşun bilen gelýändigini eşiden gökleňler kömek sorap tekelere, ýomutlara ýüz tutýarlar. Gökleň doganlarynyň üstüne howp abanýandygyny eşiden ahally tekeleriň 10 müň atlysy, ýomutlaryň hem 8 müň atlysy Garrygala ýetmäge howlugýarlar. Biziň gürrüňini edýän Päli Mergenimiz hem şol wagtlar Gyzylarbatda ýaşaýar eken. Maglumatlara görä, 1858-nji ýylyň Garrygala söweşinde Päli Mergen 35 ýaşynda eken.

Päli Mergeniň neberesiniň bäşinji arkadaky dowamy – gowlugy, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde 30 ýyllap gulluk eden maýor, häzirki Gyzylarbat etrabynyň ýaşaýjysy, hormatly dynç alyşdaky Suhan Mämiýew bize Päli Mergeniň 63 ýaşynda aradan çykandygy barada eşiden gürrüňini aýdyp berdi.

Taryhyň sahypalary göreşlerden doludyr. Türkmen halkynyň üstüne sürnüp gelen duşmana gaýtawul bermekde Päli Mergen ýaly ýigitleriň söweş wagty: “Sen dur, men öleýin!” diýip orta çykmagy bu söweşe gatnaşan gerçekleriň il-halkynyň bähbidini goramakda gara başyny orta goýmakdan gaýtmaýan gaýduwsyz gahrymanlardygyndan habar berýär. Garrygala söweşini özüniň “Jeňnama” poemasynda diýseň janly, ähli dartgynlylygy bilen beýan eden Abdysetdar Kazy ýüzbe-ýüz duran leşgerleriň öňüne Päli Mergeniň çykyp, Japarguly hanyň pälwanyny orta çykaryşyny şeýle suratlandyrýar:

*Jeň-jedelde garşy-garşy durdular,*
*Bir-birege gylyç salyp gördüler.*
*Biziň pälwan, ady Päli Mergendi,*
*Gyzylarbat diýaryndan gelgendi.*
*Oň özi sünniniň batyry erdi,*
*At sürüp, ýagynyň gaşyna bardy.*
*Birden gylyç urdy onuň serine,*
*Iki bölüp, ýetdi at eýerine.*

(*Pirjanow Rejep*. Päli mergen // Esger. – 2001. – 19 iýul.).

Görşümiz ýaly, Garrygala söweşinde Päli Mergeniň, şol wagtky adata görä, duşmanyň goşunyndan bir ýigit bilen, söweş başlanmanka, ýekeme-ýeke söweşendigi we ony ýeňendigi aýdylýar. Päli Mergeniň Garrygala söweşinden sag-aman öz obasyna gaýdyp gelendigini habar berýän başga-da maglumatlar bar.

Päli Mergeniň il-günüň aladasy bilen ýaşandygy baradaky gürrüňler häzirki günlere çenli saklanyp galypdyr. Maglumatlar, *bir tarapdan*, Päli Mergeniň hemişe ejiziň howandary bolup ýaşandygyna güwä geçse, *beýleki tarapdan*, onuň abraýynyň il içinde-de, öz obasyndan daşarda-da ýokarydygyna şaýatlyk edýär. Päli Mergeniň Nobat, Tugun, Hojanyýaz atly ogullary bolupdyr. Päli Mergen Gökdepe söweşine-de gatnaşypdyr. 1886-njy ýylda ýarawsyzlykdan 63 ýaşynda aradan çykypdyr.

Milli taryhymyzy we möhüm tejribeleri özleşdirmek mugallymlar üçin usuly pikir alyşmagyň özboluşly meýdançasy bolup, umumybilim berýän mekdeplerde taryh sapaklaryny okatmagyň döwrebap usullarynyň kämilleşdirilmegine getirýär. Taryh sapaklary taryhy şahsyýetleri öwrenmegiň, olaryň taryhda galdyran gahrymançylykly ýoly, edermenlikleri baradaky maglumatlary ýaş nesle öwretmegiň didaktiki mümkinçiligidir. Şeýle mümkinçiliklerden ýerlikli peýdalanyp, umumybilim berýän mekdeplerde taryh sapaklaryny okatmagyň döwrebap usullaryndan peýdalanmagyň hötdesinden gelmek bolsa her bir häzirki zaman mugallymynyň hünär borjudyr. Gülläp ösýän döwletimizde bilim ulgamyna aýratyn üns berip, medeni mirasymyzy, taryhy şahsyýetlerimizi ýaş nesle öwretmekde we ony geljekki nesillere ýetirmekde ähli tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, tutýan tutumly işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Syn beren: Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty**
**Kabul edilen wagty 2024-nji ýylyň 9-njy awgusty**

**Taýýarlan: Balkan welaýatynyň Balkanabat şäherindäki umumybilim berýän 17-nji orta mekdep**

**Aşyrmät Gurbanow**

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ EDEBI DÖREDIJILIGINIŇ ORTA MEKDEPLERDE ÖWRENILIŞI

Türkmen halkynyň beýik akyldary, özüniň ajaýyp, ynsanperwer pikirleri bilen adamzadyň ruhy dünýäsini nurlandyran Magtymguly Pyragynyň döredijiligine ýokary baha bermek bilen, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz şeýle belleýär:

“Magtymgulynyň döredijiligi dünýä we türkmen edebiýatyny öwreniş ylmynda ýeterlik derejede gowy öwrenildi. Biziň ýurdumyzda şahyryň goşgularyny uly-kiçi bilýär, çagajyklar onuň setirlerini ýatdan aýdýarlar, durmuş tejribesine baý aksakgal ýaşulular bu goşgulary mysal hökmünde getirýärler. Ýöne öz döwründe geljegi öňden gören nusgawy şahyrymyzyň mirasyny öwrenmekde häzirki zaman ylmynyň nukdaýnazaryndan seredeniňde heniz doly düşünilmeýän zatlar bar” (*Magtymguly.* Saýlanan eserler ýygyndysy. – Aşgabat: TDNG, 2014. 13 s.).

Magtymguly Pyragynyň edebi döredijiliginiň alymlar, edebiýatçylar, taryhçylar, bilermenler, ylmy jemgyýetçiligiň wekilleri tarapyndan hemmetaraplaýyn öwrenilmegi öz gözbaşyny XIX asyryň başlaryndan alyp gaýdýar. Şahyryň döredijiliginiň içgin öwrenilmegi bilen, türkmen edebiýatynyň taryhynda täze sahypanyň, söz äleminiň nusgawy ýolunyň açylandygyny bellemek örän möhümdir.

Şahyryň käbir goşgulary we şahsy durmuşy hakyndaky maglumatlar XIX asyrda polýak alymy Aleksandr Hodzko-Boreýko, wenger alymy Arminiý Wamberi tarapyndan öwrenilipdir.

Kämil nesli kemala getirmekde Magtymguly Pyragynyň baý edebi hem ebedi mirasy bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr. Akyldar şahyryň filosofik mazmunly, ylmy garaýyşlary özünde jemleýän köptaraply şygryýetinde türkmen durmuşynyň ähli taraplary giňişleýin suratlandyrylýar.

Söz ussadynyň ynsanperwerlige ýugrulan eserleriniň üsti bilen öz halkyna ruhy güýç, tükenmez gaýrat, sabyrlylyk arzuw edipdir, çünki türkmen halkynyň milliliginiň özeninde ruhy gymmatlyklar ýatýar.

Nusgawy şahyrymyz özüniň ajaýyp eserleri bilen edebiýatyň milliligini, halkylygyny, türkmen edebi dilini ýokary derejelere çykarmagy başarypdyr. Şunuň bilen birlikde hem, akyldar şahyrymyzyň eserlerini okadygyňça, XVIII asyryň edebiýatynda mazmun taýdan täze bir akymyň emele gelendigini, temalarynyň sanynyň öňkülere görä artandygyny görmek bolýar. Aýdaly, şol döwre çenli eser döreden şahyrlar durmuşyň bellibir ugry boýunça ýazan bolsalar, Magtymguly Pyragy watançylyk, erkinlik, parahat durmuş, azatlyk, agzybirlik, özbaşdak döwlet gurmak, pespällilik, kiçigöwünlilik, ynsaplylyk, kanagatlylyk, mertlik, halallyk, bir sözlülik, birek-birege goldaw bermek, myhmanparazlyk, dost-doganlyk, uly-kiçini sylamak-hormatlamak, wepalylyk ýaly durmuşy temalary ýüze çykardy.

*Edebiýat dersini* okatmagyň özboluşly aýratynlygy bar, çünki edebiýat okuwçylarda ýokary medeniýetliligi, giň dünýägaraýşy, belent adamkärçiligi, pespälliligi, ahlaklylygy, ynsaplylygy, dostanalygy, milli we dünýä gymmatlyklarynyň gazananlaryny giňişleýin öwrenmeklige we çagalarda gözellige, daşky tebigata söýgini kemala getirýär.

Akyldar şahyrymyzyň edebi döredijiliginiň çuňňur many-mazmunyny ýaş nesillere kämil derejede öwretmek mekdep mugallymlarynyň mukaddes borjudyr. Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň V – XII synplary üçin edebiýat dersinden okuw maksatnamasynda okuwçylaryň güýçýeterligine laýyklykda, synplar boýunça Magtymguly Pyragynyň edebi döredijiligini öwretmeklige ýörite okuw sagatlary berilýär. Orta mekdepleriň V – IX synplarynda şahyryň 50-den gowrak goşgusyny öwrenmek göz öňünde tutulýar.

Okuwçylara söz ussadymyzyň 1724-nji ýylda Etrek derýasynyň boýunda Hajygowşan diýen ýerde Döwletmämmet mollanyň maşgalasynda doglandygyny düşündirýäris. Şahyryň hakyky adynyň Magtymguly bolup, onuň edebi lakamynyň Pyragydygyny, türkmen edebiýatynyň taryhynda görnükli yz goýan şahyrdygyny sada dilde, okuwçylara düşnükli bolar ýaly öwretmek bilen sapaga girişýäris. Magtymgulynyň ilkinji bilimi we terbiýäni öz kakasy Döwletmämmet Azadydan alandygyny, soňra, bilimini artdyrmak maksady bilen, häzirki Lebap welaýatynyň Halaç etrabynda-

ky Idris babanyň medresesinde okandygyny anyk mysallaryň üsti bilen giňişleýin düşündirýäris. Magtymguly Pyragynyň ýaşlykdan ylym-bilime örän teşne bolandygyny, elinden kitap düşürmän okandygyny, şonuň üçin hem ol Idris babanyň medresesini tamamlandan soňra, Buhara gidip, ol ýerde şol döwrüň meşhur ylym ojaklarynyň biri bolan Gögeldaş medresesinde bilimini artdyrandygyny, munuň bilen hem çäklenmän, Hywadaky Şirgazy han medresesinde kämil bilim alandygyny, bu okuw mekdebini tamamlap gelenden soňra, öz obalarynda oglan okatmak hem-de ussaçylyk işi bilen meşgul bolandygyny sada dilde okuwçylaryň aňyna ýetirýäris.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz Magtymguly Pyragynyň belent adamkärçilik baradaky garaýyşlarynyň, çuň manyly öwüt-ündewleriniň täze hyruç, täze ylham bilen gurşalan bagtyýar türkmen halkynyň kalbynda ruhubelentligi, çäksiz joşguny döredýändigini belleýär.

Magtymguly Pyragynyň öz goşgularynda türkmen tire-taýpalaryny agzybirlige, birleşige, merkezleşen döwlet gurmaga çagyrandygyny, bu barada “Türkmeniň”, “Türkmen binasy”, “Döker bolduk ýaşymyz”, “Öňi-ardy bilinmez”, “Ajap eýýam gelmedi”, “Gidiji bolma”, “Il gözlär”, “Başy gerekdir”, “Depe nedir, düz nedir” ýaly ajaýyp şygyrlaryny döredendigini mysallaryň üsti bilen okuwçylara düşündirýäris. Beýik şahyryň adamkärçiligi, ynsanperwerligi, lebzihalallygy, medeniýetliligi ündeýän goşgularynyň, öwüt-nesihatlarynyň biziň häzirki döwrümiziň ýaşlary üçin aýratyn durmuş mekdebi bolup durýandygyna okuwçylaryň ünsüni çekýäris. Şonuň bilen birlikde hem, şahyryň ýaramaz endikleri: gybatkeşligi, ýaltalygy, ýalançylygy, betniýetliligi berk ýazgarandygyny mysallara salgylanyp, okuwçylara öwredýäris.

Okuw maksatnamasynyň talaplaryna laýyklykda, IX – XII synplarda okuw sapaklary edebiýat taryhy görnüşinde öwrenilýär. Bilşimiz ýaly, *edebiýat dersi* boýunça okuwçylara berilmeli bilim maglumatlarynyň pedagogikanyň öňde goýan esaslary boýunça sadadan çylşyrymla ýa-da aňsatdan kyna diýen usulda ýerleşdirilendigi sebäpli, X synplarda şahyryň goşgulary hem ýörite temalara bölünip öwredilýär, ýöne pedagogik taglymaty göz öňünde tutmak bilen, VIII synpda berilýän bilim maglumatlary edebi okuw görnüşinde berilýän hem bolsa, ýuwaş-ýuwaşdan bu synpdaky temalar edebiýat taryhy görnüşinde öwredilip başlanýar. IX synpdan bolsa edebi eserler tematik tertipde däl-de, eýsem, döreýiş taryhy, gelip çykyşy jähetden – etimologiýasy boýunça yzygiderlilikde öwredilýär.

IX – XII synplarda edebiýat taryhyna, şol sanda, okuw maksatnamasyna giren ähli eserler, mümkingadar, döreýiş taryhy boýunça öwredilýär. Çünki edebiýatyň öňünde duran esasy mesele berilýän maglumatlary okuwçylaryň aňly-düşünjeli özleşdirip bilmekleri üçin her bir mugallym özüniň toplan baý iş tejribesi esasynda, häzirki zaman sapaklaryndan edilýän talaplara laýyklykda, öwredilýän temalary dürli usulda, esasan hem, sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanyp guramagy başarmalydyr. Sebäbi, *birinjiden*, ýokary synplaryň okuwçylary durmuşa aňly-düşünjeli garap başlaýar, *ikinjiden*, öňki synplarda alnan nazary bilimleriň, düşünjeleriň üsti ýetirilip, umumylaşdyrylýar, *üçünjiden*, olar ýuwaş-ýuwaşdan ýokary okuw mekdepleriniň bilim basgançaklary bilen tanyşdyrylýar. Şu nukdaýnazardan, Magtymguly Pyragynyň ömri we döredijiligi hem-de goşgulary barada X synplarda öwredilmegi göz öňünde tutulýan goşgularynyň ýörite temalara bölünmegi ýöne ýere däldir. Bu synpda “Magtymgulynyň ömri we döredijiligi”, “Magtymguly we Gündogar edebiýaty”, “Şahyryň durmuşy, öwüt-nesihat, ahlaky goşgulary” (“Döke başlady”, “Janyna degmez”, “Kyly-kal bolar”, “Durasyň geler”, “Çilimkeş”, “Nas atan”, “Gybatkeş”, “Il ýagşy”, “Bolar sen”, “Paş eder seni”, “Delalat ýagşy”, “Salar guşun aňlamaz”, “Ýaraşmaz”, “Aýrylma!”, “Käre döndi”, “Ajap eýýam gelmedi”), “Watançylyk, gahrymançylyk häsiýetli goşgulary” (“Türkmeniň”, “Ýeli Gürgeniň”, “Hasar dagyndadyr”, “Çowdur han”, “Depe nedir, düz nedir?”, “Öňi-ardy bilinmez”, “Başy gerekdir”, “Döker bolduk ýaşymyz”, “Gözlär men”, “Mala seretmez”, “Mert olmaz”), “Yşk-söýgi temasy” (“Gülzardan aýryldym”, “Boýlaryňa”, “Gözüm düşdi”, “Uýat eýleýir”), “Magtymgulynyň eserleriniň dili we çeperçiligi”, “Magtymguly we halk döredijiligi”, “Magtymguly we bagşylar”.

“Magtymguly – türkmen şahyrlarynyň halypasy”, “Magtymgulynyň öwrenilişi”, “Magtymguly

dünýä halklarynyň, alymlarynyň, ýazyjylarynyň dilinde", "Magtymgulynyň türkmen edebiýatynyň we dünýä edebiýatynyň ösüş taryhyndaky orny", "Magtymgulynyň sarpasy, adynyň ebedileşdirilmegi" ýaly temalara bölünip, has giňişleýin öwredilýär.

Umumybilim berýän orta mekdepleriň V – XII synplary üçin *edebiýat dersiniň* okuw maksatnamasynda Magtymguly Pyragynyň ömrüni we durmuşyny hem-de köptaraply döredijiligini öwretmeklige V synpda 2, VI synpda 3, VII synpda 4, VIII synpda 2, X synpda 6 okuw sagady berlip, jemi 17 okuw sagadynyň dowamynda öwretmek göz öňünde tutulýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň: "Türkmen halkynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragy indi üç ýüz ýyla golaý wagt bäri öz ady bilen hem-de gaýtalanmaýan çeper döredijiligi bilen türkmeni şöhratlandyryp gelýär. Şahyryň mertebesi, onuň türkmeniň taryhyndaky, jemgyýetçilik-syýasy, medeni-edebi durmuşyndaky orny müdimidir" (*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ynsan kalbynyň öçmejek nury. – Aşgabat: TDNG, 2014. 46 s.) diýip belleýşi ýaly, bu günki günde ady äleme ýaň salan ajaýyp söz ussadynyň edebi döredijiligini ýaş nesillerimize öwretmek örän jogapkärli hem-de mukaddes işdir. Şundan ugur alyp, orta mekdeplerde zähmet çekýän mugallymlar görnükli şahyrymyzyň çuňňur many-mazmuna ýugrulan edebi döredijiligini geljegimiziň parlak ýyldyzlary bolan ýaş nesillerimize – mekdep okuwçylaryna öwretmekde özleriniň yhlas-başarnyklaryny gaýgyrman zähmet çekýärler.

Magtymguly Pyragy ajaýyp eserleri bilen edebiýatyň milliligini, halkylygyny, türkmen edebi dilini ýokary derejelere çykarmagy başarypdyr. Şunuň bilen birlikde hem, akyldar şahyrymyzyň eserlerini okadygyňça, XVIII asyryň edebiýatynda mazmun taýdan täze bir akymyň emele gelendigini, temalarynyň sanynyň öňkülere görä artandygyny görmek bolýar.

Orta mekdeplerde edebiýat sapagynda öwredilýän temalaryň üsti bilen okuwçylaryň ruhy dünýäsini baýlaşdyrmaklyga, döredijilik ukyplaryny ýüze çykarmaklyga, sözleýişlerini, ýazuw endiklerini kämilleşdirmeklige we ösdürmeklige uly üns berilýär. Edebiýat sapaklarynda okuwçylarda edebiýatyň durmuş bilen üznüksiz baglydygyny we sungatyň bir görnüşi hökmünde jemgyýetiň ösüşi bilen deň derejede kämilleşýändigini öwretmek mugallymlaryň ussatlygyna baglydyr.

Edebiýat sapagynyň beýleki okuw derslerinden häsiýetli aýratynlygynyň biri-de, sapakda we sapakdan daşary geçirilýän köpçülikleýin işlerde çeper eserleri yzygiderli baglanyşykda okamak arkaly, sapagyň mazmunyny özleşdirmegi amala aşyrmakdan ybaratdyr. Mugallym okuwçylara eseriň çuňňur many-mazmunyny hem täsirini giňişleýin açyp bermek bilen, sapaklarda öwredilýän temany anyk mysallaryň üsti bilen häzirki zamanyň ösen tehnologiýalary, sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden döredijilikli peýdalanyp, giňişleýin düşündirmegi başarmalydyr.

Magtymgulynyň edebi döredijiligi orta mekdepde öwredilende, şahyryň reňkli portreti, suraty, öwüt-nesihat häsiýetli goşgulary, tebigaty wasp edýän eserleri we mekdep okuw meýilnamasynda öwredilmäge degişli bolan şygyrlarynyň ählisi aýry-aýrylykda *PowerPoint* programmasynda, slaýdlarda görkezmek üçin taýýarlanylmalydyr. Mundan başga-da, mugallym şahyryň (okuwçylaryň ýaş aýratynlygyna laýyklykda saýlanyp alnan) goşgularynyň audio (ses) ýazgysyny taýýarlamalydyr we degişli sapaklarda olardan ýerlikli peýdalanmalydyr, çünki häzirki zaman bilim ulgamynda sanlylaşdyrmagyň barşynda okuw-usuly tehnologiýalar uly ähmiýete eýe bolýar. Edebiýat sapaklaryny innowasion usullarda guramakda hem döwrebap kompýuter programmalaryndan, interaktiw tagtadan we beýleki okuw-usuly serişdelerden peýdalanmak möhümdir.

Halkymyzy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşadýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň belent başlary aman bolsun!

**Syn beren: Türkmenistanyň Milli bilim instituty**
**Kabul edilen wagty 2023-nji ýylyň 24-nji maýy**

**Taýýarlan: Aşgabat şäherindäki umumybilim berýän 108-nji orta mekdep**

**Mahym Orazowa, Daýanç Mämmetmyradow**

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ GOŞGULARYNDAKY ASTRONOMIK ADALGALARY ÖWRETMEGIŇ USULÝÝETI



Türkmen halkynyň milli Lideri Gahryman Arkadagymyz Magtymguly Pyragynyň ylmyň, edebiýatyň, dünýä medeniýetiniň özünden öňki gazananlaryny akyl eleginden geçirip, dürdäne eserleri döredendigini belleýär. Şahyryň goşgularynda bilim bermegiň dürli ugurlaryna degişli baý maglumatlar bar. Magtymguly asman jisimleri bolan ýyldyzlaryň hereketi bilen baglanyşykly hadysalary öz goşgularynda örän gyzykly beýan edipdir. Bu bolsa häzirki zaman fizika, astronomiýa mugallymlarynyň ünsüni özüne çekýär.

Şahyryň goşgulary we goşgularyna degişli rowaýatlar *astronomiýa dersinde* ulanylanda, adaty we interaktiw usullardan ýerlikli peýdalanmak bolar. Mysal üçin, "Ömrüzaýa ýyldyzy" diýen söz (adalga) baradaky düşünjeler rowaýat arkaly öwredilende, gürrüň we sorag-jogap usulyndan peýdalanmak netijelidir.

Söz ussadynyň şygyrlarynda astronomik adalgalaryň ulanylmagy okuwçylara bu ders barada çuňňur düşünje bermekde ulanarlyklydyr we şahyryň şygyrlaryndan alnan mysallary sapakda gaýtalamak usulyndan peýdalanyp, mugallym okuwçylara astronomiýa degişli adalgalary öwredip biler. Sapakda ulanylmagy mümkin bolan käbir mysallara seredeliň.

Pyragynyň "Bilmezmiň?" goşgusyndaky "*Magtymguly sözleýir, dokuz pelek Zöhresi*" diýen setir Zöhre ýyldyzyna degişlidir. Rowaýat barada beýik Pyragynyň "Atly, ýaranlar" goşgusynda şeýle setir bar: "*Depderler içinde bir kitap gördüm, "Kyssasyl enbiýa" atly, ýaranlar.*" Bu rowaýat Nasretdin Rabguzynyň "Kyssasyl enbiýa" eserinde duşýar. *Zöhre* (Wenera planetasyna) ýyldyzyna parlaklygy, ýalkym saçyp duranlygy üçin, "*Zöhre*" diýlen.

"*Zöhre*" ýyldyzyna başgaça "*Ömrüzaýa ýyldyzy*" hem diýilýär. Bu ýyldyza näme üçin "*ömrüzaýa*" diýýärlerkä? Ol agşamlaryna görünýän mahaly, Gün ýaşandan soň, derrew ýaşýar. Şonuň üçin oňa "gysga ömürli" – "ömrüzaýa" diýipdirler.

Bu rowaýata görä şeýleräk aýtgylaram bar. Erbet niýetli aýal şol ýyldyza öwrülipmiş, ol ýyldyz betbagtlygyň alamaty hasaplanypdyr. Oňa "*Myrryh ýyldyzy*" (Mars planetasy) hem diýilýär. Köne düşünjä görä, ol ýyldyz aýyň biri güni gündogar tarapda, ikisi güni – guşluk tarapda, üçünde – günorta tarapda, dördünde – günorta bilen günbataryň aralygynda, bäşinde – günbatar tarapda, altysynda – günbatar bilen demirgazyň aralygynda, ýedisinde demirgazyk tarapda, sekizinde – demirgazyk bilen gündogaryň aralygynda bolýarmyş. Aýyň dokuzynda – ýerde, onunda – gökdemiş. Aýyň beýleki iki ongünlüginde hem şeýle ýagdaý gaýtalanýarmyş. Halk arasynda şowsuzlyk bilen baglanyşdyrylyp aýdylýan "ýyldyza ýörän ýaly" diýilýän düşünje hem ýokarda görkezilen ýyldyz bilen baglydyr. Şonuň üçin toý edilip, *gelnalyjy* gitmeli bolanda, adamlar "ýyldyz bar" diýilýän tarapa ugraman, başga tarapa gidip, aýlanyp barýarlar ýa-da toýuň sähedini başga bir güne geçirýärler.

Magtymgulynyň şeýle setirleri özünden soňky nesiller üçin hem azaşany ýola salmaga kömek edýän *Ülker, Ýedigen, Üçýyldyz, Akmaýanyň ýoly, Daň ýyldyzy* ýaly tebigy kompaslar ýol görkeziji bolup durýar. *Magtymguly, sözleýir, dokuz pelek Zöhresi // Ýedi ýyldyz gardaşy, Aýyň, Günüň parasy // Nury-didäm ýagtysy, gözüm agy, garasy // Aby-Zemzem çeşmesi, Sapa, Merwe arasy // Süleýman dek ähdimni syndyrdygym bilmezmiň?* (*Magtymguly.* Saýlanan goşgular. – Aşgabat: "Türkmenistan", 1976. 259 s.).

Okuwçylaryň we talyp ýaşlaryň ýatda saklamak ukybyny ösdürmek, astronomik kanunlaryň, kanunalaýyklyklaryň ýatlarynda gowy galmagy üçin, okatmagyň täzeçe usullaryndan peýdalanyp, ýagny birnäçe sanawaçlaryň, goşgularyň üsti bilen netije gazanyp bilýäris. Edil şonuň ýaly, Gün ulgamyndaky sekiz sany uly planetanyň yzygiderliligini ýatda saklamak üçin hem, şular ýaly sanawajy ulanyp, mnemotehnikanyň tärlerinden peýdalanyp bolar.

Merkuriý – Magtymguly. Wenera – wagt. Ýer – ýaly. Mars – mydama. Ýupiter – ýanyňda. Saturn – saňa. Uran – uly. Neptun – nesihatçy.

Bu sanawaja girýän her bir sözüň baş harpy planetalaryň baş harplary bilen gabat gelýär.

Astronomiýa ylmynda ýyl we pasyl çalşygyny öwretmekde hem şahyryň döredijiligi uly mekdepdir. Türkmenleriň ýyldyz senenamasy boýunça fewral aýynyň 22-sine togsan dolup, gyş gutarýar we ýaz pasly başlanýar.

“Eýsem, gyşyň gutaryp, ýaz paslynyň başlandygyny haýsy ýyldyzlar bilen düşündirmeli?” diýen sorag ýüze çykýar. Şol senede has görnükli bolan Şir ýyldyzlar toparynyň *Regul ýyldyzy* ilkagşam dogup, daňdanlar ýaşýar. *Ülker ýyldyzlar* toplumy hem ilkagşam dik depämizde bolýar. Muny türkmenleriň: “*Ilkagşam Ülkerim depämde bolsa, ýazym üstümde bolar*” diýen parasatly sözleri hem tassyklaýar.

Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň: “*Ilimiz ulaşsyn sowulmaz ýaza // Togsan dolup, tamam bolsun gyşymyz*” diýen setirleri hem onuň şaýadydyr (*Şol ýerde*, 207 s.).

Hormatly Arkadagymyzyň howandarlygynda çap edilen “Paýhas çeşmesi” atly kitapdaky “*Nowruzdan soň gyş bolmaz, mizandan soň – ýaz*” (Paýhas çeşmesi. – Aşgabat: TDNG, 2016. 545 s.) diýen nakyldan hem ýyldyzlaryň dogmagy ýa-da batmagy bilen baglanyşykly howa şertleriniň üýtgeýänligini bilip bolýar. Ondan başga-da, ata-babalarymyz *Ýaldyrak ýyldyzyny* hem öz senenamalarynda ulanypdyr. Olar *Ýaldyragyň* awgust aýynyň 14 – 15-ine daňdan üç ýyldyzdan soň görnüp başlaýanlygyndan ugur alyp: “*Üç ýyldyzda tün sowar // Ýaldyrakda gün sowar*” diýip (*Gurbandurdyýew G.* Wagt we senenama. – Aşgabat, 2020. 25 s.) howanyň ýagdaýynyň hil taýdan üýtgeýänligini bilipdirler.

Magtymgulynyň goşgy setirlerinde duş gelýän “*Suha*” diýlen söz *Alkor* ýyldyzydyr.

Gadymy Gresiýada harby gulluga gidýän ýigitleriň göreji *Alkor* ýyldyzynyň kömegi bilen kesgitlenipdir. Ýigit şol ýyldyzy saýgarsa, onuň göreji şikessiz hasaplanylypdyr. *Misar* bilen Alkor ýyldyzlaryna başgaça “*At*” we “*Atly*” hem diýlipdir. Olaryň özara aradaşlyklary Ýer bilen Günüň aradaşlygyndan 17000 esse artykdyr. *Alkor* we *Misar* umumy agramlyk merkeziniň töwereginden 20000 ýylda bir aýlaw edýär.

Asmandaky geň-enaýy täsinlikleri Magtymguly Pyragy “Boldum girýana” atly goşgusynda: *Asmanyň ýüzünden kähkeşan uçdy // Nägehan üç äre nazarym düşdi // Iki ýaşyl geýmiş, bir sepitpoşdy // Gözüm gördi, tilim gelmez permana* (*Magtymguly.* Saýlanan goşgular. – Aşgabat: “Türkmenistan”, 1976. 102 s.). Ýa-da: “Uçdum, ýaranlar” goşgusynda: *Gördüm niçik çykyp dürli ömürler // Müň dürli miweler, horram şejerler // Narynjy, turunjy, leýmun-almalar // Bir abadan jaýa düşdüm, ýaranlar* (*Şol ýerde,* 44 s.) diýip, astronomiýa ylmynda öwrenilýän Akmaýanyň ýoluny ýa-da galaktikany agzap geçýär.

Şahyryň “Näme sen?” atly goşgusynda şeýle setirlere duş gelmek bolýar: *Ýa derýamyň, ýa möwçmi sen, lenbermiň // Ýa çyragmyň, ýa röwşenmiň, näme sen?* (*Şol ýerde,* 26 s.).

Bu ýerde Burgun – 1) derýanyň towlanyp akýan ýeri. 2) Girdap – Eýnşteýniň otnositellik taglymatyna görä, asman gümmezinde bolaýmaly, emma Ýerden gözegçilik edip bolmaýan, täsirine düşen hemme zady özüne çekip ýuwudýan asman jisimi. Onuň dartyş güýjünden sypmak üçin, ýagtylygyň tizliginden ýokary tizlik bilen hereket etmeli. Olaryň bar ýerleri, diňe gara girdaba gaçýan gazlaryň togtamaklary zerarly şöhläniň gyzyp, gysga rentgen tolkunlaryny goýberýändiklerine gözegçilik etmek bilen anyklanylýar.

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

**Kabul edilen wagty
2024-nji ýylyň 15-nji maýy**

**Merjen Ýalkapowa**

# IŇLIS DILINI ÖWRETMEKDE INNOWASION KOLLABORATIW OKUW USULYNY GURAMAGYŇ ÝOLLARY

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalarynyň netijesinde ata Watanymyzda bilim ulgamynda ýokary netijeler gazanylýar. Bilim bermegiň täze döwrebap usullary tejribä ornaşdyrylýar, ylymda täze açyşlar edilýär. Bilim bermekde ýokary netijeleri gazanmak mugallymlaryň esasy işidir. Mugallymyň irginsiz zähmetiniň netijesinde çagada bilime bolan höwes has-da artýar. Bu barada Gahryman Arkadagymyzyň "Mugallym çaganyň kir-kimirsiz, arassaja düşünjesine düýp alsyn, şinelesin diýip bilimiň tohumlaryny sepýär, munuň üçin ylhamyny, zähmetini, bilimini, tejribesini sarp edýär. Diňe öz ömrüni bu käre bagyşlan adamlar öz zähmetiniň netijesini görmegiň nähili ýakymlydygyny bilerler" (*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. – Aşgabat: TDNG, 2011. 219 s.) diýip bellemegi çaganyň bilimli, giň dünýägaraýyşly bolup ýetişmeginde esasy ornuň mugallyma degişlidigініň aýdyň subutnamasydyr. Şol sebäpli hem mugallym hemişe gözlegde bolýar.

Sapagyň netijeliligini ýokarlandyrmagy maksat edinýän mugallym okuwçynyň, talybyň ünsüni sapaga gönükdirmek üçin, okatmagyň täzeçe usullaryny ýa-da öňden bar bolanlaryny okuw işiniň dowamynda peýdalanýar. Bu barada Gahryman Arkadagymyz: "Mugallymyň sapak geçende özüni alyp barşy çaga terbiýesine uly täsir edýär. Her gezek birmeňzeş usuly, ençe gezek gaýtalanýan äheňi seçip alýan mugallym öz geçýän sapagyndan lezzet almaz. Okuwçylaryň kitap okanlaryndaky ýaly, özlerini hereketsiz alyp barman, eýsem, olaryň hereketde bolmagyny, okanlarynda daşyndan – sesli okamagy, özlerini edil mekdep otagynda alyp baryşlary ýaly bolmagy olaryň endigine öwürjek bolmaly... Umuman-a, sapagyň özi asyl gyzykly oýun ýaly bolup geçmelidir..." (*Şol ýerde,* 210 s.) diýip belleýär.

Okatmagyň täzeçe usullary ösüp gelýän ýaş nesliň döwrebap bilim almagyna ýardam edýär. Häzirki zaman bilim syýasatynyň baş maksady hem ökde hünärmenleri taýýarlamagyň halkara talaplara laýyk gelmegini gazanmakdan ybaratdyr. Tehnologiýalaryň ösmegi bilen, bilim bermegiň esaslary hem täzeçil usullara daýanýar. Täze innowasiýa usullarynyň döredilmegi netijesinde okatmagyň dürli ýörelgeleri ýüze çykdy. Okatmagyň ýörelgelerine okatmagyň maksatlaryny, mazmunyny, usullaryny we guralyşyny kesgitleýän başlangyç hökmünde düşünilýär. Her bir özleşdirilmegi göz öňünde tutulan temanyň maksadyna ýetmegi bolsa mugallymyň üstünligidir. Bu işde diňe bir okatmagyň usulyýet ýörelgeleri göz öňünde tutulman, eýsem, täze we dikeldilen usullary yzygiderli gözlemeli bolýar. Täze ýa-da dikeldilen usullar talyplara diňe bir bilim bermek bilen çäklenmän, eýsem, olaryň akyl zähmetinden döredijilikli peýdalanyp biliş başarnyklaryny, endiklerini kemala getirýär we kämilleşdirýär, şeýle-de, sapakda işjeňligiň ýokarlanmagyna ýardam edýär.

Adaty sapakdan tapawutlylykda, okatmagyň täzeçe usullary peýdalanylanda, sapagyň üstünlikli, täsirli hem-de "işjeň ýagdaýy" döretjekdigi tejribeler arkaly subut edildi. Sapakda "işjeň atmosferany" döretmegiň usullarynyň biri hem okatmagyň kollaboratiw usulydyr. Iňlis dilinden alnan bu söz (colloborative) "bilelikdäki okuw" diýmegi aňladýar (*Артёмов В.А.* Психология обучения иностранным языкам. – Москва, 1969. с. 339.). Bu usuldan ýokary bilim berýän mekdepleriň şertlerinde peýdalanmak bilen çäklenmän, umumybilim berýän mekdepleriň tejribeli mugallymlary hem ýokary synplarda sapak berenlerinde peýdalanýarlar. Iňlis diliniň bölümlerini öwretmekde, başarnyklary we endikleri kemala getirmekde bu usul möhüm pedagogik usullaryň biridir. Dil öwretmekde kollaboratiw usulyndan irki döwürlerden bäri peýdalanylýandygyna garamazdan, ol özüniň ähmiýetini ýitirmän gelýär. Sebäbi häzirki günlerde bu usula innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly geçilýän sapagyň ýokary netije berýänligi onuň dilçi usulyýetçiler tarapyndan goldanmagyna şert döretdi. Alym J.Makjorjyň: "Kollaboratiw okuw usuly bir meseläni çözmek, bir işi ýerine ýetirmek, döredijilikli pikirlenmegi artdyrmak üçin işleýän talyplaryň toparyny öz içine alýan okuw usulydyr" (*MacGregor, J.T.* Collaborative learning: Shared inquiry as a process of reform. In Svinicki,

M.D. (Ed.), The changing face of college teaching, New Directions for Teaching and Learning. No. 42. San Francisco; USA, Jossey-Bass Publishing,1990.) diýip bellemegi kollaboratiw okuw usulynyň talyplaryň pikirlenme mümkinçiliklerini has-da ýokarlandyrýandygyny görkezýär. Mundan başga-da, görnükli pedagoglar Ý.A.Komenskiý, B.Belýaýew we başgalar hem bu okuw usulynyň ähmiýetini öz işlerinde belleýärler.

Okatmagyň bu usuly berilýän bilime talyplaryň höweslenmelerini, gyzyklanmalaryny has-da artdyrýar. Kollaboratiw okuw usuly geçilýän her bir sapagyň has netijeli özleşdirilmegi üçin möhüm okuw usullarynyň biridir. Bu usulda diňe bir mugallym sapagy düşündirmek bilen çäklenmän, mugallym bilen talybyň arasyndaky işjeňlik güýçlenýär. Kollaborasiýa bilelikde işlemäge, pikirleri we düşünjeleri paýlaşmaga mümkinçilik berýän esasy okuw usulydyr. Göz öňünde tutulan temany bu okuw usuly arkaly özleşdirmek bilen, talyplaryň arasynda täze dünýägaraýyşlar, döredijilikli pikirler ýüze çykýar.

Tema dogrusynda köp pikirleriň döremegi bolsa şol temanyň düýp mazmunyna aňryýany bilen düşünmäge ýardam edýär. Ýüze çykan soraglara talyplaryň öz garaýyşlary bilen düşündiriş bermegi, soragyň jogapsyz galan wagtynda mugallymyň öz pikirlerini orta atmagy bilen, sapak çekişmä öwrülip biler. Başgaça aýdanymyzda, kollaboratiw okuw usulyny "çekişme" usuly diýip hem atlandyrsa bolar, sebäbi her bir gatnaşyjynyň aýratyn pikiri, garaýşy bar. Pikirleri, garaýyşlary beýleki birine ýetirmek üçin maglumatlary subut etmeli bolýar.

Pikiriňi subut etmek üçin bolsa innowasion tehnologiýalardan peýdalanmak ýüze çykan soraglara bolan ikirjiňlenmäni ýeňmäge şert döredýär. Şeýle dowam edýän yzygiderlilikde bolsa çylşyrymly çekişmeler peýda bolýar.

Talyplar bilen "Diskursiw sözleýiş" (Listening and speaking) geçilende, kollaboratiw okuwy innowasion usulda guran wagtymyzda, şu aşakdaky tertipde iş geçirdik. "Turkmen national meals" ("Türkmen milli tagamlary") diýen temada talyplaryň arasynda ýönekeý tertipde başlanan soraglar çylşyrymly soraglara utgaşyp, anyk maglumatlar bilen talyplaryň döredijilikli pikirlenmesini artdyryp, sapaga gatnaşýan her bir talybyň işjeňligini ýokarlandyrdy: *What traditional meals do we prepare on holidays? (Biz baýramçylyklarda haýsy milli tagamlary taýýarlaýarys?). What is the most important meal for Turkmen people? (Türkmen halkynyň esasy tagamy haýsy?). What is the traditional Turkmen breakfast? (Türkmen halkynyň ertirlik üçin milli tagamlary haýsylar?). What is the most important meal of the week? (Hepdäniň dowamynda haýsy tagamlar möhüm?). How enjoyful are the Turkmen meals for foreings? (Beýleki halklar üçin türkmen tagamlarynyň lezzeti nähili?).* Soraglaryň dowamynda mugallymyň innowasion tehnologiýalardan peýdalanyp, tanyşdyryşlary, gysgajyk wideolary talyplara görkezmegi olaryň döredijilikli pikirlenmesini artdyryp, sapagyň hilini ýokarlandyrýar.

Tanyşdyryşlar, soraglara jogap hökmünde görkezilen wideolar anyk hadysalaryň keşpler arkaly şöhlelenmegini gazanýandygyna, olar barada anyk we täsirli maglumat berýändigine kollaboratiw okuw usulyny guramagyň esasynda göz ýetirildi.

Diňläp düşünmek endikleri toparyň talyplarynyň sapaga gatnaşygyny 50% ýokarlandyran bolsa, tanyşdyryşlar, wideolar esasynda gören hadysalaryny sözleýşe geçirmekde bolsa toparyň talyplarynyň ählisiniň gatnaşyp, işjeňligi gazanylyp, sapagyň hili ýokarlandy. Sorag-jogap yzygiderliliginiň uzak wagtlap ýatda galmagyny, sapagyň esasy maksady bolan talyplaryň ýetişiginiň ýokarlanmagyny üpjün edýändigini talyplaryň Gahryman Arkadagymyzyň "Bereketli türkmen saçagy", "Çaý – melhem hem ylham" kitaplarynyň iňlis dilindäki terjimelerini ulanmak arkaly beren jogaplary iňlis dilini okatmagyň usulyýetiniň esasy mazmuny hökmünde göz öňünde tutulan fonetik, grammatik, morfologik, leksik talaplary doly berjaý edýändiginiň subutnamasydyr. "Paýhas çeşmesi" kitapdan tagamlar dogrusyndaky nakyllaryň iňlis dilindäki ekwiwalentleriniň ulanylmagy medeniýetleriň arasynda berk baglanyşygyň bardygyny görkezdi.

Ýokardaky geçirilen gözegçilikler ylmy-usuly işde öňde goýlan maksatlara ýetilendigini subut edýär. Tema dogrusynda talyplarda dürli garaýyşlaryň, gyzyklanmalaryň peýda bolmagy sapagyň uly täsir galdyryp, çekişme ýa-da işjeň gurşawy döredendigini subut edýär.

Okatmagyň bu usuly döredijiligi ýokarlandyrýan pedagogik usul bolup, onuň artykmaçlygy talyplaryň döredijilik ussatlygyny paýlaşmakdyr.

Bu usulda sapaga gatnaşýanlaryň pikirleriniň peýdalylygyny bahalandyrýan baha beriş ulgamyny döretmek talyplaryň höwesini has-da artdyrýar. Häzirki günlerde kollaboratiw okuw usulyndan peýdalanylanda, tanyşdyryşlaryň, audio we wideo ýazgylaryň, şeýle hem interaktiw tagtalaryň ulanylmagy sanly tehnologiýalary ýerlikli peýdalanmaga şert döredýär. Okatmagyň kollaboratiw usulyndan peýdalanmagyň esasy wezipesi talybyň pikirlerini soraglar arkaly aýdyňlaşdyrmakdygyna garamazdan, kollaboratiw usulda iki tarap (mugallym – talyp) özleşdirilýän tema dogrusynda bellibir netijä gelmäge synanyşýar we netijede, sapak dogrusyndaky pikirleri giňelýär.

Sapak wagtynda mugallym bilen talybyň gatnaşygyny yzygiderli öz içine alýan bu usuly her bir sapakda ulanmak netijelidir. Mugallymlar her sapakda kollaboratiw usuly ulanyp, bilim derejelerine we talyplaryň şübhelerini ýeňip geçmek arkaly, olar bilen has netijeli okuw aragatnaşygyny gurap bilerler. Mugallymyň bu okuw usulynda sapak geçmegi islendik temanyň içgin öwrenilmegine ýardam eder hem-de okuwa gatnaşýanlar işjeň ýagdaýda bolup, her bir talypda sorag-jogap endikleri dörär.

Aýdylanlardan şeýle netije çykarmak bolar:

Bu usul peýdalanylanda, talyplarda ünsüň we döredijiligiň has ýokarlanýandygy belli edildi.

Işiň dowamynda talyplaryň öwrenýän dilinde diňlemek, geplemek, pikirlenmek ukyplarynyň artýandygy anyklanyldy.

Kollaboratiw okuw usuly peýdalanylanda, sapaga gatnaşyjylaryň ählisi innowasion tehnologiýalary ulananda, ýetişiginiň ýokarlanýandygy ýüze çykaryldy. Häzirki döwürde dürli sapaklary döwrebap guramaga ýokary derejede mümkinçilikler bardyr. Innowasiýa tehnologiýalarynyň okuw işine giňden ornaşdyrylmagy guralýan sapaklaryň hiliniň ýokarlanmagyna we mazmunynyň baýlaşmagyna oňyn täsir edýär. Şonuň ýaly-da, talyplaryň öwredilýän didaktik maglumatlary çalt özleşdirmeklerine hem-de uzak wagtlap ýatda galmagyna ýardam edýär.

**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 3-nji ýanwary**

## MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ ADYNY GÖTERÝÄN BILIM OJAKLARY

2024-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Täjigistan Respublikasynyň Hatlon welaýatynyň Dusti etrabynyň Ergeş Sultanow daýhan birleşiginde gurlan 540 orunlyk Magtymguly adyndaky umumybilim berýän orta mekdep açylyp, ulanylmaga berildi. Onuň açylyş dabarasyna sanly ulgam arkaly iki döwletiň Prezidentleri Serdar Berdimuhamedow we Emomali Rahmon gatnaşdylar. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy boýunça gurlan täze, döwrebap mekdep taraplaryň tagallalary netijesinde, hil taýdan täze derejä çykarylýan türkmen-täjik hyzmatdaşlygynyň geljekde hem ösdürilmegine giň ýol açýar.

***

Russiýanyň Astrahan oblastynda 2018-nji ýylyň 18-nji maýynda Magtymguly Pyragy adyndaky mekdep açyldy. Funtowo obasynda mekdebi gurmagyň taslamasyna türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen 2016-njy ýylyň martynda badalga berildi. Mekdep Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň güýji bilen guruldy. Funtowo obasynda Astrahan sebitinde iň köp türkmen kowçumlary ýaşaýar. Mekdebiň binasy 3,5 müň inedördül metrden gowrak bolan umumy meýdany tutup, 190 okuwça niýetlenen iki gatly okuw toplumydyr. Iň döwrebap enjamlar bilen enjamlaşdyrylan giň, oňaýly, ýagty otaglarda häzirki wagtda okuwçylara bilim-terbiýe berilýär.

***

1969-njy ýylda döredilen Magtymguly kitaphanasy köp ýyllaryň dowamynda akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň eserlerinde dostluga, agzybirlige, ynsanperwerlige, milli däp-dessurlara we ruhy gymmatlyklara ýugrulan hormat goýulýan ýerdir. Türkmenistanyň Ukrainadaky Ilçihanasy we Kiýew şäherindäki Magtymguly adyndaky kitaphanasy bilen bilelikde tanymal türkmen şahyry we akyldary, türkmen nusgawy edebiýatynyň görnükli wekili Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanyp bu kitaphanada medeni we şahyrana çäreler geçirilýär.

***Orazgül Nyýazmyradowa,*** **Gyzylarbat etrabynyň umumybilim berýän 10-njy mekdebiniň mugallymy.**

Läle Allaberdiýewa

# TARYH WE JEMGYÝETI ÖWRENIŞ YLYMLARYNA DEGIŞLI DERSLERI ÖWRETMEKDE INNOWASION TEHNOLOGIÝALARDAN PEÝDALANMAK

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow beýik işleriň bilime daýanýandygyny, bilimiň bolsa terbiýe bilen geçmeli gymmatlykdygyny belleýär. Hut şu jähetden-de, Türkmenistanda bilim ulgamyny dünýä ülňülerine, umumy ykrar edilen halkara kadalaryna we öňdebaryjy tejribelere laýyk kämilleşdirmek, ýaş neslimizi milli hem-de umumadamzat gymmatlyklarynyň esasynda terbiýelemek, olara döwrebap bilim bermek döwlet bilim syýasatynyň baş ugrudyr.

Bilim işgärleri döwrebap tehnologiýalardan oňat baş çykaryp, ony okuw-terbiýeçilik işlerinde ýerlikli peýdalanmagy başarmaly. Halypalar maglumatlaryň elýeterli bolan häzirki döwründe öňdebaryjy tehnologiýalary peýdalanmak bilen, geljekki mugallymlara we terbiýeçilere görelde bolup, olaryň hem okuw-terbiýeçilik işlerinde tehniki serişdelerden ýerlikli peýdalanmagyny gazanmalydyr.

Bilşimiz ýaly, her bir okuwçynyň indiwidual aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, sapagy ýokary hilli meýilnamalaşdyrmak, dürli görnüşlerde guramak mugallymyň baş wezipesidir. Bu işde taryh we jemgyýeti öwreniş ylymlaryna degişli sapaklaryň aýratyn orny bardyr. Häzirki döwürde bu sapaklardan edilýän esasy talap döwletiň bähbitlerini gorap bilýän, işjeň, tutanýerli, watançy raýaty terbiýeläp ýetişdirmekden ybaratdyr. Ýurduň geljegi bolan ýaş neslimiz geçmişimize akyl ýetirip, adamzadyň gazanan maddy we ruhy medeniýetine daýanyp bilýän bolmalydyr.

Häzirki zaman dünýäsinde okuw işini netijeli ýola goýmakda tehniki serişdelerden giňden peýdalanylýar. Görnükli usulyýetçileriň, pedagoglaryň nygtamagyna görä, mekdebiň we pedagogikanyň häzirki zaman ösüşiniň häsiýetli aýratynlyklaryndan biri sapakda tehniki serişdeleriň ýerlikli ulanylmagydyr. Maglumatlary, hadysalary we wakalary diňe okuw kitabyna esaslanyp, ýekeje surat hem ulanmazdan, "guraksy" öwretmek, elbetde, sapagyň hiline oňaýsyz täsir eder. Şonuň üçin häzirki zaman medeniýetiniň şertlerinde barha artýan durmuşy hem medeni islegleri kanagatlandyrmak maksady bilen, taryh we jemgyýeti öwreniş ylymlaryna degişli sapaklary sanly tehnologiýalaryň, internet ulgamynyň mümkinçiliklerinden peýdalanyp okatmak oňyn netije berýär.

Belli pedagog K.D.Uşinskiý: "Bilimleri kabul etmek işine näçe köp duýgy agzalary gatnaşsa, bilim şonça-da berk ýatda galar we doly bolar" diýip belläpdir (*Ушинский К.Д.* Избранные педагогические произведения. – Москва, 1968. с. 106-107.). Gadymy grek akyldary Geraklit bolsa: "Gözler gulaklardanam has ynamdar şaýatdyr" diýip nygtapdyr (Фрагменты ранних греческих философов [Часть 1.]. – Москва, 1989.). Türkmen halk döredijiliginiň gaýmagy bolan nakyllarda bolsa "Eşiden deň bolmaz gören göz bilen" diýilýär.

Häzirki wagtda okatmagyň tehniki serişdeleri jemgyýetçilik durmuşynyň ähli gurşawlary bilen bir hatarda, okuw işinde-de giňden ulanylýar. Görkezip okatmak işini durmuşa geçirmäge tehniki serişdeler ýakyndan ýardam berýär. Usulyýetçi alymlar wideo ýazgylaryň elýeterliliginiň okatmak işinde hyzmatynyň uludygyny belleýärler. Olar wideo ýazgylary "janly surat" diýip atlandyrýarlar. Wideo we audio ýazgylar ulanylyp guralýan sapaklarda okuwçylar ýadamaýar. Öwrenilýän maglumatlar aýdyň bolýar. Mugallym okuw maglumatyny keşpli beýan etmäge mümkinçilik alýar. Elbetde, wideo, audio ýazgy bellibir taryhy waka barada doly derejeli bilim bermeýär, emma ol pikirlenmäge we göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýär.

Wideo we audio ýazgylar ulanylyp guralýan sapaklaryň birnäçe aýratynlyklary bardyr:

1. Sapak mugallymlaryň ikisiniň bilelikde guraýşy ýalydyr, ýagny düşündirmek işine mugallym bilen bilelikde tehnika hem gatnaşýar.

2. Esasy bilimiň mazmunyny mugallym berýär. Tehnika bolsa mugallymyň sözüni aýdyňlaşdyrmaga, janlandyrmaga ýardam edýär.

Taryh we jemgyýeti öwreniş sapaklarynda wideo we audio ýazgylaryň ulanylmagynyň birnäçe artykmaçlyklary bardyr: sapagy has gyzykly gurap, okaýanyň ünsüni möhüm meselelere işjeň çekmäge; taryhy maglumatlara we hadysalara akyl ýetirmäge, olary seljermäge; taryhyň dürli döwürlerinde adamzat paýhasy bilen döredilen gymmatlyklary baýlaşdyrmaga we gorap saklamaga, toplanan tej-

ribäni öwrenmäge; bilim bermek işine döredijilik, meseleleýinlik, gözleýjilik häsiýetlerini bermäge; öwrenilýän temany dürli tarapdan seljerip, özleşdirmäge ýardam edýär.

Şeýle-de, sapakda wideo we audio ýazgylaryň ulanylmagy okuwçylaryň göz öňüne getirmesini ösdürýär. Olar dersi öwrenmekde gyzyklanmasyny artdyrýar; döredijilikli pikirlenmesini kemala getirýär; özbaşdak işlemek endiklerini kämilleşdirýär; estetiki garaýyşlarynyň kemala gelmegine ýardam edýär.

Wideo we audio ýazgylar sapakda, synpdan daşary işlerde, gurnak işlerinde ulanylýar.

Dokumental filmlerden anyk mysallara ýüzleneliň: Amyderýanyň üstünden gurlan köprüleriň taryhyna, gadymy dünýäniň ýedi täsinligine, dürli döwürde bolup geçen taryhy söweşlere, şanly wakalara degişli wideo ýazgylar we beýlekiler. Çeper filmlerden anyk mysallar: "Mukamyň syry", "Magtymguly", "Gizlin ilçi", "Şükür bagşy", "Aýgytly ädim" we beýlekiler.

| Wideo ýazgylaryň görnüşleri | Audio ýazgylaryň görnüşleri |
|---|---|
| Dokumental filmler | Taryhy resminamalardan parçalaryň audio ýazgysy |
| Çeper filmler | Halk döredijiliginden parçalaryň audio ýazgysy |
| Teleýaýlymlardan alnan wideo ýazgylar | Aýdym-saz eserleriniň, goşgularyň audio ýazgysy |

Teleýaýlymlardan alnan wideo ýazgylar: belli alymlaryň, taryhçylaryň, arheologlaryň çykyşlary, maddy we ruhy gymmatlyklar baradaky ýazgylar, "Miras" teleýaýlymynda ýazgy edilen gepleşiklerden parçalar we ş.m.

Taryh we jemgyýeti öwreniş ylymlaryna degişli sapaklarda peýdalanylýan audio ýazgylaryň görnüşleri: halk döredijiliginden parçalar; aýdym-saz eserleri; goşgular; taryhy resminamalardan parçalar.

Sözümiz gury bolmaz ýaly, ýene-de mysallara ýüzleneliň. *Filosofiýa dersinde* wagt barada düşünje berenimizde, Türkmenistanyň halk ýazyjysy Kerim Gurbannepesowyň "Sagat" goşgusyndan, ýene-de şol dersde *jan, ruh, ten* barada düşündiren wagtymyz Magtymguly Pyragynyň "Ýaranlar" goşgusyndan, taryh sapagynda audio ýazgy edilen dürli rowaýatlardan peýdalanyp bolar. Şeýle mysallary näçe uzaltsaň, uzaldyp oturmaly.

Okuw işinde wideo we audio ýazgylardan peýdalanmaklyga bildirilýän talaplar:

1. Sapakda ulanylýan wideo we audio ýazgylar bilim berijilik, terbiýeleýjilik talaplaryna laýyk gelmeli. 2. Maglumatlar takyk bolmaly. 3. Ulanylýan ýazgylar ylmy häsiýetde bolmaly. 4. Görkezilýän çeper keşp gürrüňi edilýän eýýama laýyk gelmeli. 5. Sapakda wideo ýazgylar ulanylsa, olaryň dowamlylygy orta mekdeplerde 5 – 8 minutdan köp bolmaly däl. 6. Sapakda ulanmak üçin saýlanylýan wideo we audio ýazgylar okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyk gelmeli. 7. Sapakda wideo we audio ýazgylary ulanmak işi ulgamlaýyn, maksatnamalaýyn amala aşyrylmaly. Bu iş öňünden taýýarlykly bolmaly, tötänleýin bolmaly däl. 8. Mugallym sapagyň haýsy döwründe wideo we audio ýazgylary ulanjak bolsa, oňat taýynlyk görmeli. Ol ýazgylary ünsli diňlemeli. Ulanylan okuw materialy boýunça soraglary, ýumuşlary taýynlamaly.

Görnüşi ýaly, sapakda wideo we audio maglumatlardan peýdalanmak mugallymyň ykjam taýýarlygyny, zähmetini talap edýär. Dogry ulanylan wideo we audio ýazgylar bilim-terbiýeçilik işinde ýokary netije berýär. Şoňa görä-de, başda belleýşimiz ýaly, öňümizde durýan möhüm wezipelere dogry düşünip, bilim bermegiň döwrebap tehnologiýalaryndan ýerlikli peýdalanmak möhümdir, çünki Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bütin durky bilen Watan mukaddesligine uýýan, şöhratly geçmişimize, häzirki günümize hem-de nurana ertirimize buýsanýan ýaşlaryň biziň geljegimizdigi baradaky aýdanlaryndan ugur almaly.

Ýaş nesle döwrebap bilim-terbiýe bermek babatda bilim işgärlerine döredip berýän giň mümkinçilikleri üçin hormatly Prezidentimize, Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden sagbolsun aýdýarys. Goý, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň, Milli Liderimiziň janlary sag, ömürleri uzak, alyp barýan il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleri hemişe rowaç bolsun!

**Hydyr Derýaýew adyndaky Mugallymçylyk mekdebi**

**Kabul edilen wagty 2024-nji ýylyň 27-nji awgusty**

**Maksat Çaryýew**

# ÝOKARY OKUW MEKDEPLERINDE HYTAÝ DILINI ÖWRETMEGIŇ WAJYP MESELELERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe daşary ýurt dillerini öwretmek ýurdumyzyň bilim ulgamyndaky esasy talaplaryň hatarynda goýulýar. Ýurdumyzyň bilim edaralarynda daşary ýurt dilleriniň okadylyşyny kämilleşdirmek, bilimiň hilini ýokarlandyrmak, okuw maksatnamalaryny döwrebaplaşdyrmak we kämil okuw kitaplaryny taýýarlamak hem-de mugallymlara usuly taýdan ýardam bermek işini talabalaýyk ýola goýmak maksat edinilip, halkara guramalary bilen ikitaraplaýyn şertnamalar baglaşylýar, hökümetara, pudagara ylalaşyklara laýyklykda, bilim edaralarynda işlemek üçin daşary ýurtly hünärmenler, usulçy mugallymlar yzygiderli çagyrylýar.

Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde, beýleki daşary ýurt dilleri bilen bir hatarda, hytaý dili hem öwredilýär. Hytaý dilini öwretmegiň usulyýetiniň beýleki daşary ýurt dilleri bilen umumylyklary we aýratynlyklary bardyr. Mysal üçin, daşary ýurt dillerini ýaşlara öwretmekde usuly umumylyklar hökmünde dili öwretmäge umumy çemeleşmeleri, umumy maksatlary görkezip bolar:

**1. Başlangyç düşünjeleri öwretmäge bolan çemeleşmeler.** Öwrenilýän diliň seslerini, harplaryny, bogunlaryny, bellibir möçberdäki sözleri, söz düzümlerini we sözlemleri özleşdirmekden başlamaly. Şeýle çemeleşmeler aýratyn tapgyrda amala aşyrylyp, amaly-tejribe okuwlarynyň agdyklyk edýänligi bilen tapawutlanýar.

**2. Hytaý dili özüniň fonetik, leksik, grammatik aýratynlyklary taýdan beýleki daşary ýurt dillerinden düýpli tapawutlanýar.** Şeýle tapawut hytaý dilini öwretmegiň usulyýetinde has aýdyň ýüze çykýar. Başgaça aýdylanda, hytaý dilini öwretmegiň usulyýeti beýleki daşary ýurt dillerini öwretmekde ulanylýan umumy usulyýetlerden düýpli tapawutlanýar, ýagny bu daşary ýurt dillerine mahsus bolan umumylingwistik adalgalarda ýüze çykýar.

Bilim berlişiniň häzirki zaman milli we dünýä tejribesinde dil öwretmek meselesi barha giň gerime eýe bolýar. Dil öwretmekde (sapaklaryň beýleki görnüşlerini guramakda hem bolşy ýaly) mugallym anyk maksatlary kesgitlemelidir. Islendik sapagyň umumy we anyk maksady bolup biler. Dili öwretmekde, umuman, dersleri öwretmekde ýörgünli bolan maksatlar ähmiýetli bolup biler. Olar umumy maksatlardan we aýratyn (indiwidual) maksatlardan ybaratdyr. Umumy maksatlar pedagogika ylmynda XX asyryň 80-nji ýyllarynda peýda boldy we olaryň dört görnüşi: a) amaly-tejribe maksady; b) didaktik bilim öwredijilik maksady; ç) terbiýeçilik maksady; d) öwrenilen bilimleri kämilleşdirmek maksady işjeň häsiýetlidir we häzirki wagta çenli ähmiýetini ýitirmän gelýär. Häzirki döwürde bu maksatlara ýetmegiň usulyýeti yzygiderli kämilleşdirilýändigi bilen tapawutlandyrylýar.

**3. Hytaý dili okadylanda, amaly-tejribe maksadyna ýetmegiň usulyýeti.** Şu maksada ýetmek bilen mugallym hytaý dilini öwrenýänleriň şu dilde gepleşigi, kommunikatiwligi amala aşyrmak wezipesinde üstünlik gazanmagyna ýardam edip biler. Dil aragatnaşyk serişdesi bolmak bilen, jemgyýetde şahsyýetiň ähli gatnaşyklaryny amala aşyrmagyna ýardam edýär we onuň okuwynda, işinde, bilimini kämilleşdirmeginde, mahlasy, şahsyýetiň ähli hereketlerinde ýakyn ýardamçydyr. Mugallym talybyň hytaý dilini biliş derejesini amaly-tejribe maksadyna ýetirmek üçin dürli usullardan we okuw-usuly serişdelerden peýdalanyp biler. Mysal üçin, audiowideodan, internetden, elektron göterijidäki edebiýatlardan, talybyň özbaşdak taýýarlanan işlerinden (tekstler, gönükmeler, oýunlar, testler, ýumuşlar we başgalar) hytaý dilinden türkmen diline edilen terjimelerden, döwrebap didaktik maksatly okuw maglumatlaryndan peýdalanyp bolýandygyny eýýäm biziň iş tejribelerimiz subut edýär.

Ýokary bilim derejesinde hytaý dilini öwretmegiň maksady talybyň şu dili aragatnaşyk serişdesi hökmünde şahsy we jemgyýetçilik durmuşynda işjeň ulanyp bilmek başarnygynyň kemala getirilmegidir. Başgaça aýdylanda, dili öwredip, amaly-tejribe maksadyna ýetirmek talybyň öwrenýän dilinde şahsy pikirini dürs beýan edip bilmegini aňladýar. Dili öwredip, talyplaryň öwredilen okuw maglumatlaryna, ulanylmagy zerur bolan sözleýiş we ýazuw dil birliklerine sözlüksiz (aşa çylşyrymly sözlere sözlük bilen) düşünmegi we ony zerurlyga

görä, ýerlikli ulanyp bilmegi dili öwretmegiň amaly-tejribe maksadyna ýetilendigini aňladýar. Talyplaryň dili öwreniş derejesi olaryň geljekki hünär işinde özbaşdak işlemek, öwrenen biliminden hünär we durmuş meselelerinde döredijilikli ulanmak ukyplaryny berkitmek arkaly kämilleşdirilýär.

**4. Hytaý dilini öwretmekde bilim berijilik maksadyna ýetmegiň usulyýeti.** Dil dersleri okadylanda, şol sanda, hytaý dilinden sapak berlende: a) öwrenilýän dil babatda talybyň bellibir derejedäki (okuw ýüküniň çagindäki) düşünjelerini kemala getirmek; b) talybyň gözýetimini giňeltmek, dünýägaraýşynyň döwrebaplaşmagyny gazanmak maksatlaryndan ugur alynmalydyr.

Hytaý dilini öwretmegiň çäginde: a) maksada ýetmek, ýagny talybyň düşünjeliligini gazanmak hem-de öwredilenleri baýlaşdyrmak üçin, hytaý dili bilen türkmen dilini bilelikde ulanmak arkaly, terjime usulyny yzygiderli peýdalanmak, bu iki dildäki umumylyklary deňeşdirmek we (hytaý-türkmen diliniň) aýratynlyklaryny görkezip okatmak arkaly üstünlik gazanyp bolar. Tekstler bilen, sözlük üstünde işlemekde, grammatik gurluşlary öwrenmekde, mugallymçylykda sadaja düşünjelerden çylşyrymla kabul edilen we güýçýeterlik ýaly pedagogik ýörelgelerden peýdalanmak netijelidir. Mugallymyň gaýtalamak usulyndan yzygiderli peýdalanmagy ähli temalar geçilende, dürli ýaşdaky öwrenijiler üçin zerurlykdyr.

Dil, ilkinji nobatda, pikirlenmedir. Pikirlenme arkaly dil öz hyzmatyny amala aşyrýar. Aragatnaşyk bolsa birek-birege düşünmekdir, şahsyýetara pikir alyşmakdyr. Dil öz aragatnaşyk hyzmatyny pikiri ýüze çykarmak, aňlatmak bilen ýerine ýetirýär. Dil bilen pikirlenme berk baglanyşykly düşünjelerdir. Islendik dilde şahsyýetiň pikiri (ulanylýan dildäki) söz arkaly, söz görnüşinde şekile girýär. Şeýlelikde, beden saglygy kadaly adamyň pikirlenmesi sözleýiş arkaly mümkin bolýar. Dilsiz sözleýiş hem, pikirlenmezden dil hem öz hyzmatyny ýerine ýetirip bilmez.

Alymlar pikirlenme bilen dile bir bitewülik, dialektiki birlik hökmünde garaýarlar (*Annanurow. A.* Dil biliminiň esaslary. – Aşgabat: “Türkmenistan”, 1971. 65-66 s.). Şol bir wagtda-da, alymlaryň pikiriçe, dil bilen pikirlenmä aýry-aýry hadysalar hökmünde garalmalydyr. Bu pikir hakykata ýakyndyr, çünki pikirlenme bizi gurşap alan barlykdaky kanunalaýyklykdyr. Bu kanunalaýyklyga görä, adamlar umumy we aýry-aýry düşünjeler babatda hökman pikirlenýärler.

Pikir hemmeler üçin umumy bolan kanunalaýyklykdyr. Adam, tebigat, pikirlenme umumadamzat kanunlary babatda birleşýärler. Pikirlenmede milli tapawutlar ýüze çykmaýar. Dil barlykdyr we şol bir wagtyň özünde-de, köp görnüşlidir. Dünýä dilleri köp sanlydyr we olaryň hersiniň özüne mahsus bolan içki we daşky kanunlary we kanunalaýyklyklary bardyr. Şol sebäpli-de, islendik bir pikir dürli dillerde dürli hili ses gabygyna girip, dürlüçe aňladylyp bilner. Meselem, türkmençe: *Suw içesim gelýär*, rusça: *Мне пить хочется*, hytaýça: 我想喝水.

Ýokardaky bellenilenler arkaly talyplaryň pikirlenmek ukyplarynyň, akyl işiniň, intellektual derejesiniň, sözleýiş diliniň we medeniýetiň ösmegine itergi berýän ýagdaýlary anyklamakda mugallyma mümkinçilik döreýär. Okatmagyň öwrenilýän dili (hytaý dilini) aragatnaşyga gönükdirmek ugry talyplaryň beýan etjek pikirlerini aň arkaly kesgitläp bilmek endiklerini kämilleşdirýär.

Hytaý dilini özleşdirmekde mugallymyň maksat edinen bilim berijilik tarapy talyplary Hytaýyň medeni gymmatlyklary, taryhy, geografiýasy, ylmy, sungaty, ykdysadyýeti bilen tanyşdyrmaga gönükdirilýär. Hytaýça çeper eserleri, nusgawy we häzirki zaman edebiýatlaryny, dürli çeşmeleri güýçýeterligine laýyklykda okamak, oňa düşünmek, terjimesini öwrenmek ýaly usullarda dili özleşdirmäge çemeleşmek arkaly, lingwistik bilimlerini çuňlaşdyrýarlar. Şeýlelikde, agzalan usullardan peýdalanmak arkaly, mugallym hytaý dilini öwredende, talybyň gözýetimini giňeltmek, dünýägaraýşynyň döwrebaplaşmagyny gazanmak maksatlaryna ýetip biler.

**5. Terbiýeçilik maksadyna ýetmegiň usulyýeti.** Islendik diliň terbiýeçilik işinde baş hyzmaty ýerine ýetirişi ýaly, hytaý dilini öwretmekde hem mugallym sapagyň terbiýeçilik maksatlaryndan ugur almalydyr. Okuw sapagynyň maksady däp bolan iki görnüşdedir: 1. Bilim berijilik. 2. Terbiýeçilik. Diýmek, mugallym her bir okuw sagadynyň terbiýeçilik maksadyna ýetmegi üçin alyp barýan işleriniň netijesinde, umuman, okadýan dersiniň terbiýeçilik maksadyny gazanyp biler.

Sapagy bilim berijilik we terbiýeçilik maksatlaryna ýetirmek üçin, mysal hökmünde, bir pursada üns bereliň. Mysal üçin, hytaý dilinde çeper ýa-da ýönekeý teksti okap, onuň manysyna düşündiriş

bereniňde, talyplar okalan teksti özleşdirýärkäler (sapagyň bilim berijilik maksady amala aşyrylýan pursadynda), terbiýeçilik täsiri hem ýüze çykar. **Meselem, hytaýça: 尊重**

有一个人经过热闹的火车站，看到一个残疾人在卖东西，他随手丢下了一百元。但是不久，这个人又回来了，他抱歉地对这个残疾人说："不好意思，你是一个生意人，我竟然把你当成一个乞丐。"

过了一段时间，他再次经过火车站，一个商店的老板在门口笑着叫住他。"我一直期待你的出现。"那个残疾人说，"你是第一个把我当成生意人的人，你看，我现在是一个真正的生意人了。"

用心地去尊重每一个人，你的尊重可能会给别人很好的影响。

**Türkmençe: HORMAT**

*Bir oglan demirýol menziliniň içinden keýpihon ýöräp barýarka, bir maýybyň ownuk-uşak zatlary satyp oturandygyny gördi-de, ýanyndan geçip, oňa ýüz ýuan oklaýar. Emma uzak wagt geçmänkä, ol yzyna dolanyp, maýyba: – Bagyşlaň, men size dilegçilik edýänsiňiz öýdüpdirin, asyl siz söwdagär ekeniňiz... – diýýär-de, eden hereketi üçin ötünç soraýar. Birnäçe wagt geçenden soň ýaňky oglanyň ýene-de demirýol menziline ýoly düşüpdir. Birden bir dükanyň eýesi ony güler ýüz bilen çagyryp:*

*– Geleriňize kän garaşdym – diýýär. – Maňa söwdagär diýip ýüzlenen ýeke-täk adam sizsiňiz! Görşüňiz ýaly, men, hakykatdanam, söwda bilen meşgullanyp başladym.*

*Bu adam birmahal ownuk-uşak zatlary satyp ýören maýypdy. Adama ýürekden hormat goýsaň, oňa oňyn täsir edip bolýan eken.*

Talyplar okalan, öwrenilen çeper teksti özleşdirmek bilen, onuň ýagşy gylyk-häsiýetli gahrymanlaryna meňzemek duýgularyny başdan geçirerler we bu olaryň häsiýetine siňer. Sapakdan täsirlenip, mugallymyň geçirýän terbiýeçilik mazmunly işlerini içgin özleşdirmek bilen, talyplar dil maglumatlaryny hem-de sözleýiş endiklerini ösdürmek boýunça zerur bolan endiklere eýe bolýarlar. Şeýlelikde, mugallymyň okuw işi talyplaryň bilimli-terbiýeli, giň dünýägaraýyşly, kämil şahsyýet bolup ýetişmegine gönükdirilendir.

Hytaý dili öwredilende, mugallymyň wezipesi öwrenilýän diliň maglumatlaryny özleşdirmäge talybyň özbaşdak ymtylyşyny goldamakdyr. Talyby maglumat tehnologiýalaryndan peýdalanyp, hytaý dilindäki sözleri, olaryň manylaryny "janly" diňlemäge, internetden hytaý diliniň maglumatlaryny gözlemäge we olary özleşdirmäge ugrukdyrmalydyr. Öwrenilýän dili mazmun taýdan aýratynlygy, dili öwretmegiň usulyýeti we okuw-usuly serişdeleriniň ýerlikli, dogry ulanylmagy bilen, talyplarda, häzirki zaman pedagogikasynyň talap edişi ýaly, watanperwerligi, il-ýurda wepalylygy, ynsanperwerligi, belent adamkärçilik sypatlaryny terbiýeläp bolar.

**6. Öwrenilýän dili kämilleşdirmek maksadyna ýetmegiň usulyýeti.** Bu usulyýet, öwrenilýän hytaý dili babatda talyplar bellibir derejede didaktik maglumatlary özleşdirenlerinden soňra, mugallym üçin ulanmaga degişlidir. Adalganyň "kämilleşdiriş maksady" diýlip atlandyrylyşynyň manysyndan görnüşi ýaly, bu usulyýet öňki özleşdirilenleri berkitmegi, çuňlaşdyrmagy, ösdürmegi aňladýar. "Kämilleşdiriş maksadyna ýetmek üçin, talyp bilen mugallymyň bilelikdäki işini nähili guramaly?" diýen sorag her bir mugallym üçin gutulgysyzdyr.

Dil öwretmekde kämilleşdiriş maksady intellektiň kemala getirilmeginde öňde durýan wezipeleri üstünlikli çözmegi talap edýär. Şeýle wezipeleri çözmegiň bilim basgançaklary dürli bolup biler. Başgaça aýdylanda, kämilleşdiriş maksady orta bilim üçin hem, hünär okuw mekdepleri üçin hem, ondan soňky okuw görnüşleri (bakalawr, magistr ýada hünär kämilleşdiriş okuwlarynda, hususy okuw merkezlerinde, gysga möhletli okuwlarda we ş.m.) üçin hem maksadalaýykdyr.

Talyplaryň (uçurymlaryň) döwrüň ösen talaplaryna laýyk şahsyýetiniň kemala getirilmegi üçin, özleşdirilýän didaktik düşünjeleri tejribede yzygiderli hem ýygy ulanmak bilen, olara niýetlenen bilim-terbiýäni berkidiji okuwlar göz öňünde tutulandyr.

Ýokarda görkezilenler (her bir okuw dersi üçin bolşy ýaly) hytaý dilini okatmakda umumy maksatlardyr. Bular dil sapaklary babatda, olaryň mazmunyna laýyklykda tapawutlandyrylyp bilner. Şu maksatlardan has inçe, ýagny her bir ders boýunça guralýan aýry-aýry okuw sapaklary üçin aýry (indiwidual) pedagogik maksatlar hem bardyr. Şeýle maksatlar her bir aýratyn alnan sapaga we onuň temasynyň (sapagyň şu günki öwrenilýän tema esasyndaky) mazmunyna laýyklykda, mugallym tarapyndan ýüze çykarylýar. Aýratyn (indiwidual) didaktiki maksada görä, sapagyň her bir aýratyn

döwri öz maksadyna ýetmelidir. Mysal üçin, täze maglumatlar bilen tanyşdyrmak; öwrenilenleri birleşdirmek; öňden bar bolan bilimleri we endikleri ulanmak; öwrenilen bilimleri umumylaşdyrmak we ulgamlaşdyrmak; bilimleri we başarnyklary barlamak we düzetmek, ýagny talyp bilen mugallymyň bilelikdäki işlemek döwürleriniň maksatlary birleşip, aýratyn bir sapagyň maksadyny emele getirýär. Şeýle maksat ýokary bilimiň öňde goýýan maksadyndan üzňe däldir, ýagny milli jemgyýetiň, döwletiň zerurlyklaryna laýyklykda, şahsyýetiň intellektual, medeni, ahlak taýdan ösmegini çuňlaşdyrmak we giňeltmek boýunça jemgyýetçilik ähmiýetli işleriň ähli esasy ugurlarynda ýokary hünärli işgärleri taýýarlamagy amal edýän ýokary bilim sapagyň maksady bilen sazlaşyklylykda öz wezipesini üstünlikli çözýär.

Hytaý dili öwredilende, aýratyn maksatlar her sapagy okatmakdaky goýulýan maksatdan ybaratdyr. Aýratyn maksatlar her sapakda, her tema babatda: a) anyk; b) düşnükli; ç) ýetip bolýan; d) barlap boljak; e) aýratyn alnan görnüşinde bolmalydyr. Sapagyň aýdyňlyga esaslanýan, ussatlyk bilen düzülen maksady täsirli sapagyň özeni bolan pedagogik jogapkärçiligiň ýeke-täk hem-de örän möhüm bölegidir. Dil öwrediş sapagy guramaçylygyň ähmiýetli görnüşlerinden ýerlikli peýdalanmak bilen, ählumumy okuw-iş usullaryny özleşdirmek esasynda, dil öwrenijiniň şahsyýetini döwrebap kemala getirmek maksady bilen guralýar. Şeýlelikde, hytaý dilinden okuw maksatnamalaryny özleşdirmek şahsyýet üçin onuň ösüşi, zerur bilimleri ele almagy, başarnyklarynyň, durmuş üçin zerur başarnyklary emele getirmegiň esasy bolan hünäri saýlamak we hünär bilimini almak maksatlary bilen-de özboluşly sazlaşdyrylmalydyr.

**Netije.** Hytaý dili mugallymlarynyň we hytaý dili boýunça hünärmenleriň gatnaşmagynda umumybilim berýän mekdepleriň, mugallymçylyk ugurly orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary üçin okatmagyň häzirki zaman pedagogik we maglumat tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, okatmagyň täze usullaryny ulanmagy iş ýüzünde görkezmek boýunça okuw maslahatlaryny yzygiderli guramak.

• "Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyndan" gelip çykýan wezipelere laýyklykda, daşary ýurt dilleriniň öwredilişini güýçlendirmek, usulyýetini täzelemek ýaly anyk maksatlara gönükdirilen wezipeleri çözmek üçin, hytaý dilini okatmagyň döwrebap usullarynyň aýratyn hyzmatynyň bardygy sebäpli, okatmakda peýdalanylýan bilim tehnologiýalaryny gündelik tertipde okuw işine ornaşdyrmak we ony yzygiderli kämilleşdirmek.

• Hytaý diliniň öwrediliş derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen, ýurdumyzyň ýokary, umumybilim berýän mekdeplerinde öňdebaryjy halkara tejribeleriniň öwrenilmegini dürli usullarda dowam etdirmek, türkmenistanly professor-mugallymlaryň, umumybilim edaralarynyň işgärleriniň hytaý dilini okatmagy döwrebaplaşdyrmaklary üçin ony öwretmäge degişli didaktik maglumatlary elektronlaşdyrmak, zerur bolan beýleki elektron okuw-usuly toplumlary, wideo-audio sapak ýazgylarynyň taýýarlanyşyny kämilleşdirmek.

• Hytaý dilindäki iýeroglifleriň anyk sanyny bermek kyn, sebäbi hytaý diliniň fonetik birlikleri barada dürli çeşmelerde berilýän maglumatlarda birlik ýok, ýagny çeşmeleriň birinde 40 000 iýeroglifiň bardygy görkezilse, beýleki birinde 80 000 iýeroglifiň bardygy görkezilýär. Biziň pikirimizçe, iýeroglifleriň sanynyň dürli çeşmelerde dürlüçe görkezilmegi, hytaý diliniň dialektleriniň, gepleşikleriniň köpdürlüdigi bilen baglanyşyklydyr. Fonetik birlikleriň köp sanlydygyna garamazdan, hytaý dili baradaky ylmy barlaglaryň netijelerine görä, bu dilde sözleýşi, ýazuwy amala aşyrmak, ony erkin ulanmak üçin 800-den 3500-e çenli iýeroglifi öwrenmek ýeterlikdir.

• Umumybilim edaralaryndan başlap, hytaý diliniň girizilen okuw mekdeplerinde (hytaý dili boýunça) ýaşlara berilýän bilimiň hilini dünýä standartlaryna laýyk getirmek, okatmagyň mazmunyny döwrebaplaşdyrmak, innowasiýa dil öwrediş tehnologiýalaryny her sapakda ulanmak, olardan ýerlikli peýdalanmagyň täze usullaryny iş tejribelere ornaşdyrmak we bu ugurda gazanylan tejribeleri ýerlere ýaýratmak dogry bolar, çünki daşary ýurt dilini öwretmekde okuw işini döwrebap guramak, öňde goýlan maksatlara ýetmegi gazanmak her bir dilçi mugallymyň hünär borjudyr.

**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 27-nji iýuly**

**Kerim Kertiýew, Wepa Döwletgeldiýew**

# TALYPLARY KEÝS TEHNOLOGIÝALARYNY ULANMAK ARKALY OKATMAK

Milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek maksady bilen öňde goýlan wezipeler üstünlikli amala aşyrylýar. Ýokary bilimiň möhüm wezipeleriniň biri-de öwrenilýän ähli dersler boýunça talyplaryň taýýarlyk derejesine täze talaplardyr. Ussat mugallym bilimiň hilini gowulandyrmaga ýardam etjek netijeli pedagogik tehnologiýalary gözleýär we talyplary okatmak işinde öňdebaryjy tejribeleri ulanmak arkaly olaryň şahsyýetini kämilleşdirmegi maksat edinýär. Onuň netijesinde talyp döredijilikli pikirlenişini artdyrmaga çalyşýar, durmuşda öz ornuny gözleýär we özbaşdak bilim almak ukybyny ösdürýär.

Mugallymlar modelirlemek (işläp taýýarlamak), taslama düzmek we okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek işinde gazanýan üstünlikleri bilen, pedagogik dilde aýdanymyzda, innowasiýaly – täzelikçi hünärmen hasaplanýar. Täzelikçi mugallym okuwlaryň dürli görnüşlerini, ylmyň we öňdebaryjy tejribeleriň gazananlaryny amaly sapaklarda döredijilikli ulanmak bilen, bilimiň hilini ýokarlandyrýar. Okatmagyň täze tehnologiýalarynyň biri hem keýsleri ulanyp, mesele esasynda bilim bermekdir.

Keýs usuly (case study) iňlis dilindäki “case” sözünden gelip çykyp, “mysal/halat” diýmegi aňladýar. Keýs usulyny ýokary bilimiň tejribesine girizmek häzirki döwürde bütin dünýäde möhüm mesele hasaplanýar. Okatmagyň bu usuly hakyky ýagdaýlaryň beýanyna esaslanýar. Keýs anyk ýagdaýyň beýanydyr. Ol talyplara dürli görnüşli maglumatlary seljermegi we umumylaşdyrmagy öwretmäge hyzmat edýär (*Стрекалова Н.Д., Беляков В.Г.* Разработка и применение учебных кейсов: практическое руководство [Текст] // *Н.Д.Стрекалова, В.Г. Беляков*; Санкт-Петербургский филиал Нац. исслед. ун-та «Высшая школа экономики». – Санкт-Петербург: Отдел оперативной полиграфии НИУ ВШЭ. – Санкт-Петербург, 2013.). Bu usulda talyplar diňe bir teklip edilýän ýagdaýy seljermek, meseleleriň düýp manysyna düşünmek bilen çäklenmän, eýsem, şol bir wagtyň özünde, mümkin bolan dolandyryş çözgütlerini işläp düzmegi we iň amatlysyny saýlap almagy başarýarlar. Bu usulyň esasy manysy “üýtgäp durýan şertleriň toplumyny öz içine alýan ýagdaý” diýmekdir. Üýtgäp durýan şertleriň biriniň saýlanylmagy ahyrky netijä aýgytlaýjy täsirini ýetirýär. Usulyň esasy aýratynlygy diňe ýeke-täk bir çözgüdiň kabul edilmeginiň inkär edilmegidir. Okatmakda şeýle çemeleşilse, talyp çözgüdi özbaşdak tapyp, ony esaslandyryp bilýär.

Keýs usuly ilkinji gezek Günbatar ýurtlaryň işewürleri taýýarlaýan mekdeplerinde ýüze çykaryldy. Okatmagyň bu usulynyň dünýä bilim giňişligine ýaýradylmagynda ABŞ-nyň Garward uniwersitetiniň hyzmaty uludyr (*Сайтханова С.А., Повзун В.Д.* Роль метода кейс-стади в формировании профессиональных компетенций студентов-бакалавров направления «Экономика» // Мир науки. Педагогика и психология. – 2020. – №2.). Adatça, ýazmaça görnüşde taýýarlanan we hakyky mysallara esaslanyp düzülen keýsler talyplar tarapyndan öwrenilýär we ara alnyp maslahatlaşylýar. Keýs usuly okuw maglumatlarynyň bellibir görnüşini hem-de ony okuwda ulanmagyň aýratyn usullaryny öz içine alýar.

Häzirki döwürde bu usul işewür bilim ulgamynyň ösdürilmegi üçin has-da işjeňleşdirilýär. Aslynda, ony ulanmagyň mümkinçilikleri köpdür. Mugallymçylyk işinde bolsa bu usul:

– talyplaryň maglumatlary ulgamlaşdyrmak we meseleleri anyklamak başarnyklaryny ösdürmegi;

– dolandyryş çözgütlerini işläp düzmekde tehnologiýalary özleşdirmegi;

– çözgütleri kabul etmekde toplanan tejribäni döwrebaplaşdyrmagy;

– köpçülikleýin gözlegleriň barşynda netijeli gatnaşyklary guramagy;

– mynasyp çözgütleri tapmagy we olary esaslandyrmagy;

– ulgamlaýyn we konseptual bilimleri öwretmegi talap edýär.

Usulyň düýp manysy talyplara bellibir derejede hakykaty, durmuşda bolýan wakalary öwretmekdir. Kähalatda öwrediljek maglumat “hekaýa” görnüşinde hem beýan edilip bilner. Bu usul meseläni seljermekde we çözgütleri kabul etmekde ulanylýar. Şeýle-de, ýagdaýy has çuňňur seljermek üçin “sahna-

laşdyrmak" ýa-da "wezipeleri ýerine ýetirmek" täri hem ulanylýar. Şunda hökmany ýagdaýda hakykata ýakyn gurşaw döredilýär. Bellibir adamyň keşbini döredýän talyp şol adamyň özüni alyp barşyny içgin öwrenýär.

Dogry netije çykarmak üçin talyplar mugallyma goşmaça sorag berip, ýagdaýy düşündirmegiň ýollaryny kesgitläp we özbaşdak karara gelip bilýärler. Soňraky köpçülikleýin ara alyp maslahatlaşmalarda ýalňyşlyklar anyklanylyp, hakyky ýagdaý ýüze çykarylýar, mesele çürt-kesik belli edilip, talyplaryň çözgütleri seljerilýär. Hakyky ýagdaýy döretmek üçin keýs usulynyň seljermesine dolandyryjylaryň işiniň möhüm bölegi we resmi hatlary hem goşulyp biler. Sapakda dolandyryjynyň resminamalar bilen işleýän ýagdaýy döredilýär we talyplara çäkli wagtyň içinde çözgüt kabul etmek öwredilýär. Okuwyň beýan edilen görnüşleriniň hemmesinde talyplaryň wezipesi meseläni anyklamakdan we ony çözmegiň ýollaryny tapmakdan ybaratdyr.

Türkmenistanyň Bilim ministriniň 2023-nji ýylyň 5-nji dekabrynda çykaran 444 belgili buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2023-nji ýylyň 23-nji dekabrynda 1754 belgi bilen döwlet belligine alnan "Bilim edaralarynda elektron okuwy we uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak arkaly bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň Tertibinde" keýs tehnologiýasyna şeýle kesgitleme berilýär: "Keýs, ýagny maglumat gorlarynyň okaýanlara okuw-usuly toplumlaryň jemlenen görnüşinde elýeterli edilmegine esaslanýan bilim tehnologiýasy. Bu tehnologiýa maglumat göterijileriň dürli görnüşlerini peýdalanmak arkaly maglumat gorlaryny özbaşdak öwrenmek we özleşdirmek üçin niýetlenendir".

Keýs usuly bilen nähili işlemeli? Talyplara teklip edilýän anyk tabşyryk başlangyç maglumatlara düşünmekdir, meseläni seljermekdir we ony çözmegiň ýollaryny tapmakdyr. Ýagdaýyň seljerilmegi artýan çylşyrymlylykda meseläni anyklamak, wezipeleri kesgitlemek we ony çözmegiň ýollaryny seljermek hem-de ara alyp maslahatlaşmak ýaly tertipde kesgitlenilýär. Tejribede keýs usuly bilen işlemek dürli tärleri öz içine alýar. Olaryň iň köp duş gelýänleri aşakdakylardyr:

*Maglumat bilen işlemek.* Bu hemmeler üçin birmeňzeşdir. Öz tejribäňi ulanmak, goşmaça bilim çeşmelerini çekmek, bar bolan maglumatlary ulgamlaşdyrmak we birleşdirmek. Şu ýerde başlangyç maglumatlaryň çözgütlerini kabul etmegiň nusgalarynyň nähili emele gelýändigini anyklamaga mümkinçilik döreýär.

Meseläni anyklamak tehnologiýalary talyplara çemeleşmeleri saýlamaga mümkinçilik döredýär.

*Yzygiderliligi seljermek.* Wakanyň ösüşini görkezýän hakyky ýagdaýlara garalýar. Olary deňeşdirmek arkaly mesele we onuň mazmuny kesgitlenýär.

*Ýagdaýyň subýektlerini (gatnaşýan taraplary) seljermek.* Subýektleriň guramadaky orny, özara gatnaşygynyň nusgalary we gyzyklanýan ugurlary kesgitlenýär. Gelnen netije tassyklanýar ýa-da inkär edýän maglumatlar bilen deňeşdirme geçirilýär.

*Ýagdaýyň bitewi ulgam hökmünde beýany.* Bu ýagdaýda ulgamy anyklamagyň we onuň gowşak taraplaryny ýüze çykarmagyň tertibi (proseduralary) ulanylýar.

*Seljeriş usullary.* Mümkin bolan usullar obýektiň özüne we meseläniň mazmunyna baglylykda saýlanýar. Bellibir ýagdaýy seljermegiň bu tapgyrynda nazary we amaly bilimler birleşdirilip, konseptual bilimler emele getirilýär.

*Meseläni çözmegiň tertibi.* Şunda çözgüdi saýlap almak mümkinçiligi göz öňünde tutulýar. Talyp-



lar tarapyndan meseläni çözmekde meňzeşlikleriň çäginden çykýan özboluşly çemeleşme ýa-da adaty bolmadyk çözgüt hödürlenilýär. Täzeçil çözgütler ahyrky netijede keýs ulgamynyň maksatly ugrukdyryjysy bolup hyzmat edýär. Bu ara alyp maslahatlaşmagyň aýgytlaýjy pursadydyr.

Mugallymyň alypbaryjy hökmünde orny işiň her tapgyrynda üýtgeýär. Ilkibaşda ol bir ýagdaýy teklip edip, ara alyp maslahatlaşmagy ýola goýýar. Soňra seljeriş tapgyrynda ara alyp maslahatlaşmagyň barşynda takyklaýjy sorag berip, çekişmäni öňe sürýär. Şol bir wagtyň özünde, ähli edilýän teklipleri bellige alýar. Şu ýerde mugallymyň esasy maksady, dürli pikirlerdir garaýyşlar gapma-garşy gelende, olaryň ýitmezligini gazanmakdyr. Çözgütleri ara alyp maslahatlaşmak tapgyrynda onuň orny möhümdir.

Bu usulda mugallym alypbaryjy hökmünde meseleleri gaýtadan gözden geçirmegi hem teklip edip bilýär. Şunda alypbaryja kömek etjek mümkinçilikler şular bolmalydyr: gatnaşyjylary diňlemek; okuwyň gidişine gözegçilik etmek. Sapakda talyplary kiçi toparlara bölüp, olaryň işine syn etmäge mümkinçilik berýän giň otaglara geçilýär. Şeýle-de, möhüm meseleleri görkezýän gysga, täsirli ýagdaýlary ulanmak hem maksadalaýyk hasaplanýar. Esasan-da, mugallymdan anyk ýagdaýlary ulanmagyň her bir halatyny ünsli, oýlanyşykly seljermek talap edilýär.

Şekilli görnüşler (mukdary bir sahypadan köp bolmaly däl) umumy sapagyň mazmunyna goşulyp bilner. Ol öwrenilýän maglumatyň sapak wagtynda ara alnyp maslahatlaşylmalydygyny görkezýär.



Kadaly ýagdaýlar (köplenç, meseläni düzýän bölekler bilen) bellibir ölçeýji ýa-da kadalaşdyryjy häsiýetleri öz içine alýar. Olar seljermäni geçirmäge we anyk jogap tapmaga mümkinçilik berýär. Bu ýagdaýlar, esasan, bilimleri barlamak üçin göz öňünde tutulmalydyr.

Funksional ýagdaýlarda diňleýjilerden meseläniň nazaryýetini bilmek talap edilýär. Şeýle mysallarda, san maglumatlary bilen bir hatarda, näbellilik faktoryny güýçlendirýän gapma-garşy häsiýetli maglumatlar hem bolup bilýär. Şunda çözgüdiň saýlanan görnüşiniň delillendirilmegine we subut ediliş derejesine aýratyn üns berilmeli.

Strategik ýagdaýlar üçin kesgitli çözgüt bolup bilmeýär, munuň sebäbi hakyky ulgamlarda üýtgäp durýan ýagdaýlaryň işjeň häsiýete eýe bolmagydyr. Saýlap almagyň gapma-garşy ölçegleriniň aglabasy teklip edilýän çözgüdiň netijeliligine gutarnykly bahanyň berilmezligi bilen, maslahatlaşylanda, jedellere we çekişmelere getirip bilýär. Olaryň özüne çekijiligi hakykata we amaly hereketlere ýakyn bolmalydyr.

Mesele hakyky we ýagdaý durmuşa näçe ýakyn bolsa, talyplar üçin özüne çekiji bolýar. Şu şertde olardan meseläni has çuňňur seljerip bilmek talap edilýär. Ýaş hünärmenler bolsa geljekde önümçilikde dogry çözgütleri kabul etmäge ukyply bolýarlar. Soňky ýyllarda bu usul kämil hünärmenleri taýýarlamakda esasy usullaryň birine öwrüldi. Şeýle hünärmenler hususy sektoryň işewürligi, milli hojalygyň dolandyryşy üçin zerurdyr (*Юлдашев З.Ю., Бобохужаев Ш.И.* Инновационные методы обучения: Особенности кейс-стади метода обучения и пути его практического использования. – Ташкент, 2006.).

Şeýle çemeleşmäniň ulanylmagy sapaklary guramagyň amatly tertipnamasyny we görnüşini göz öňünde tutýan möhüm işewürlik oýnunyň mazmunyny işläp düzmäge mümkinçilik berýär. Elbetde, şeýle hünärmenlere döwlet, hususy we jemgyýetçilik dolandyryş ulgamynda isleg artýar.

**Türkmen döwlet maliýe instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 24-nji apreli**

**Sülgün Aýtyýewa, Amangül Nazarowa**

# HÜNÄRE UGRUKDYRYLAN DIL TAÝÝARLYGYNYŇ AÝRATYNLYGY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda bilim ulgamyny ösdürmek we kämilleşdirmek, bilimli, ylymly we ýokary hünär derejesine höwesli ýaşlary goldamak bilen baglanyşykly maksatnamalaýyn işler amala aşyrylýar. “Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyna” laýyklykda, daşary ýurt dillerini okatmagyň mazmunyny döwrebaplaşdyrmak, innowasion dil öwrediş tehnologiýalaryny işläp taýýarlamak maksady bilen, okatmagyň we terbiýelemegiň innowasion usullary, kämil serişdeler milli bilim ulgamyna yzygiderli ornaşdyrylýar.

Konsepsiýa daşary ýurt dillerini okatmagyň döwrebap usulyýetini işläp düzmegi göz öňünde tutýan we bilim bermegiň ähli basgançaklaryny öz içine alýan bitewi bir ulgamy emele getirýär. Daşary ýurt dilini öwredýän mugallymyň esasy maksady talyplaryň şol dilde arassa gürlemegini, söhbetdeşiniň aýdanlaryna düşünmegi we berilýän soraglara jogap bermegi başarmagyny gazanmakdan ybaratdyr. Häzirki döwürde innowasion-pedagogik tehnologiýalary ulanmak daşary ýurt dillerini kämil derejede okatmak üçin uly mümkinçilikleriň we şertleriň döredilmegine getirdi. Okatmagyň täze usullary we görnüşleri ýüze çykýar, bu bolsa, öz gezeginde, maglumatlary alyşmak we beýleki bir tarapa geçirmek üçin diňe bir dürli tehnologiýalary däl, eýsem, aragatnaşygy ösdürmäge gönükdirilen okuw usullarynyň uly ulgamyny hem döredip, talyplaryň sözleýiş endiklerini ýokarlandyrýar. Täze pedagogik tehnologiýalary gözlemek talyplaryň arasynda daşary ýurt dilini öwrenmäge bolan höwesiň artmagy bilen baglanyşyklydyr. Öwrenmäge bolan höwes, psihologik aýratynlyklar sebäpli, daşary ýurt dilini öwrenenlerinde, talyplar käbir kynçylyklara duş gelýärler we şol dili ýokary derejede özleşdirmeýärler. Iş tejribede döwrebap çeşmeleriň we serişdeleriň ulanylmagy talyplaryň gyzyklanmasyny, okamaga höwesini artdyrýar.

Biz şu makalamyzda daşary ýurt dilini öwrenmekde täze usullary tapmak we ol usullary amalyýetde kämilleşdirmek barada gürrüň etmekçi. Pedagogik tehnologiýa tehniki toplumyň, pedagogik işjeňligiň aýratynlyklaryny görkezýän bilimleriň ugry bolup, olaryň özara aýratynlyklaryny, dolandyryş okuw prosesiniň zerur netijeliligini üpjün edýär.

1. Döwrebap pedagogik tehnologiýalary ulanmak bilen, talyplara daşary ýurt dillerini öwretmekde okuw usullaryny köpeltmäge, olaryň üstüni ýetirmäge, amaly taýdan kömek etmäge mümkinçilik berýär. Okatmagyň innowasion usuly talyplarda daşary ýurt dilinde aragatnaşygyň esasy endikleriniň döremegine ýardam edýär, pikir alyşmak meselelerini özbaşdak çözmek üçin başga dilde pikirleri beýan etmäge, okamaga bolan islegini artdyrýar, olaryň öwrenilýän derslere täzeçe çemeleşmegini gazanýar, şeýlelik bilen, döredijilik we intellektual mümkinçiliklerini, zehinlerini açýar (*Boyd D.* It's Complicated: The Social Lives of Networked Teens. New Haven, Connecticut: Yale University Press, 2014. 296 p.).

Häzirki döwürde göz öňünde tutulýan innowasion tehnologiýalary, internet çeşmelerini ulanmak arkaly daşary ýurt dilini talyplara öwretmek möhümdir. *Onlaýn* çeşmeleriniň ulanylyş mümkinçilikleri gaty uludyr. Şeýlelikde, *Web* çeşmeleriniň kömegi bilen aşakdaky meseleleri çözmek mümkin:

– sapagyň mazmunyna materiallar toplumyny goşmak (“Examination of the patient” temasyndan sapakda ulanyljak ähli materiallary, ýagny ýumuşlary, gepleşikleri goşmak);

– taslamanyň çäginde talyplar tarapyndan özbaşdak maglumat gözlemek;

– “Examination of the patient” temasyndan talyplara özbaşdak maglumatlary gözlemegi tabşyrmak;

– islendik derejedäki materiallary ulanyp, okamak endiklerini we başarnyklaryny guramak we ösdürmek (Täze tema degişli sözleri girizmek. Mysal üçin, lukmançylyk adalgalarynyň aýdylyşlaryny diňläp öwrenmek: vascular ['væskjulə] – damar; damarly; pericardium [perɪ'kɑ:dɪəm] – ýürek bardasy; ýürek haltasy (perikard); septum ['septəm] – germew; atrium [‘eɪtrɪəm] – ýürek gulajygy; discharge [dɪs'tʃɑ:dʒ] v – bellemek; bölüp aýyrmak; näsagy hassahanadan çykarmak;

hypothalamus [ˌhaɪpə' θæləməs] – gipotalamus (gipofiz garmonynyň emele gelmegine gözegçilik edýän beýniniň aralygyndaky bölüm); thymus gland ['θaɪməs] – çarşak görnüşli mäz; adrenal gland [əd'rɪ:nl] – böwregiň üstündäki mäz; hormone ['hɔ:məun] – garmon);

– *onlaýn* çeşmeleri arkaly audio tekstlere esaslanýan diňlemek endiklerini ýokarlandyrmak;

– söz düzümlerini häzirki zaman daşary ýurt diliniň gysgaltmalary bilen doldurmak (decayed tooth – zaýalanan (çüýrän) diş; rinse one's mouth – agzy çaýkamak; to be on a sick-leave – ýarawsyz halda bolmak; to slip and injure one's leg – aýaga (y) zyýan ýetirmek we şikeslemek; in – patient department – stasionar bölüm; out – patient department – ambulator bölüm;

– bellibir diliň medeniýetini öwrenmek (*A.Gurbanow, L.Gurbanowa, M.Töräýewa.* Iňlis dilini okatmagyň usulyýeti. – Aşgabat, 2010.).

Häzirki döwürde daşary ýurt dillerini özbaşdak öwrenmäge niýetlenen köp sanly internet salgylary bar. Şeýle salgylardan daşary ýurt dilini okadýan mugallymlaryň taýýar sapaklaryny, ýumuşlaryny, ses ýazgylaryny, talyplar üçin düşünmesi çylşyrymly grammatik kadalaryň düşündirilişini tapyp bolýar. Şu salgylardan alynýan tekstler bilen işlemegiň aýratynlyklary bardyr.

Tekst diňlenende, ilki bilen, iş aýratynlykda amala aşyrylýar, soňra her kim özbaşdak diňleýär. Lukmançylyk uniwersitetinde okuw sapaklarynda talyplara aşakdaky ýaly lukmançylyk temalaryna degişli tekstler hödürlenýär:

*Before treating the patient it is necessary to make correct diagnosis of the disease and to determine its aetiology, i.e. the cause of the disease. The doctor must know well the pathogenesis of any disease, i.e. the way and mechanism of its development, as well as the symptoms by which it can be revealed.*

*A number of different procedures is used to establish a diagnosis: history taking, physical examination, which includes visual examination, palpation, percussion, auscultation, laboratory studies, consisting of urinalysis, blood, sputum and other analyses; instrumental studies, for example, taking electrocardiograms or cystoscopy, X-ray examination and others.*

Tejribeden görnüşi ýaly, köpçülikleýin diňlemekde dürli kynçylyklar ýüze çykýar. Soňra kompýuterde diktor teksti okap başlaýar. Talyplar diňlänlerinde, bellik edýärler, teksti 2 – 3 gezek diňlemäge rugsat berilýär. Ilkinji gezek diňlenende, teksti okaýanyň tizligine üns bermek, onuň äheňine (intonasiýasyna) we umumy manysyna düşünmäge synanyşmak zerur. Ikinji gezek tekst diňlenende, kim?, nirede?, haçan?, näme etdiň? ýaly soraglar bellenilýär. Tekst kyn bolan halatynda ýa-da awtor ony ýokary tizlik bilen okan bolsa, onda teksti üç gezek diňlemek maslahat berilýär. Ondan soň mugallym talyplaryň nähili derejede gowy düşünendigini bilmek maksady bilen, "Is everything clear for you?" (Size ähli zat düşnüklimi?) ýaly soragy berýär. Soňra bilelikde iş dowam edýär. Talyplar teksti öz ýoldaşlaryna gürrüň berýärler, onuň mazmuny boýunça sorag-jogap alyşýarlar. Şeýlelik bilen, bilelikde işlemek ukyby emele gelýär, bu bolsa gepleşiklere gatnaşmakda kämilleşmäge goşant goşýar.

Häzirki wagtda daşary ýurt dili mugallymynyň sapaklaryny has gyzykly we baý maglumatly geçirmäge ýardam edýän köp mümkinçilikler bar. Bu mümkinçilikler talyplarda has işjeň bolmaga höwes döredýär.

Talyplara daşary ýurt dilini öwretmekde netijeli işleri alyp barmak üçin häzirki wagtda innowasion pedagogik tehnologiýalary ulanmazdan amala aşyrylýan okuw sapagyny göz öňüne getirmek mümkin däl. Okatmagyň adaty usuly täzeçil usul bilen deňeşdirilende, mugallymlaryň wezipesiniň talyplaryň özbaşdak işini artdyrmakdan we olarda şahsyýetiň kämilleşmegine goldaw bermekden ybaratdygy görünýär.

Döwrümiziň ösýän talaplaryna laýyklykda hünäre gönükdirilen dil taýýarlygy talyplar üçin hünär zerurlygydyr. Bu günki talyp – ertirki hünärmen. Hut şonuň üçin-de, hünäre dil taýýarlygy dersi öwredilende, okatmagyň täzeçil usullaryndan peýdalanylmagy talybyň öwrenmäge bolan höwesini ýokarlandyrýar. Onuň gyzyklanmalaryny we aragatnaşyk endiklerini artdyrýar.

**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 20-nji maýy**

**Göwhertäç Gylyjowa**

# BIOLOGIÝA FAKULTETINIŇ TALYPLARYNA IŇLIS DILINI ÖWRETMEKDE DISKURS KATEGORIÝALARYŇ IŞJEŇLEŞDIRILMEGI

Ýurdumyzda ýaş nesli giň dünýägaraýyşly, innowasion tehnologiýalardan baş çykarýan kämil hünärmenler edip ýetişdirmek ugrunda uly işler alnyp barylýar. Şol işlere dünýä dillerini öwretmek we dürli dersleri okatmak bilen baglanyşykly “Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny” hem-de “Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny” görkezmek bolar. Bu möhüm resminamalar umumybilim okuw maksatnamasynyň çäklerinde bilim almagyň döwlet bilim standartlarynyň talaplaryna laýyklykda, bilimiň basgançaklarynda tebigy we takyk ylmy ugurly dersleri okatmagyň maksatlaryny, wezipelerini we usulyýetini döwrebaplaşdyrmagyň häzirki zaman çemeleşmelerine, bu dersleri okatmagyň milli tejribesine, halkara standartlaryna laýyklygyny kesgitleýär.

Dil ugurly däl hünärlerde okaýan talyplara dil öwretmekde talyplaryň esasy kommunikatiw, dil we medeni başarnyklary edinmeginiň serişdesi hökmünde tekste has köp üns berilýär. *Tekst* – talyplar tarapyndan mazmuny, berlen leksik serişdeleriň ähmiýeti we manysy kesgitlenýän hem işjeňleşdirilýän okuw birligi.

Daşary ýurt dilini hünäre gönükdirip öwretmegiň maksady bir wagtyň özünde hünär aragatnaşygynyň ähli ýagdaýlarynda netijeli kommunikasiýa üçin zerur bolan iki sany global başarnygy – kommunikatiw-kognitiw we diskurs başarnygy ele almakdyr. Şeýle usulyň gurşawynda talyplaryň hünär dilini öwrenmekleri göz öňünde tutulýar. Bu talyplarda hünär adalgalarynyň gorunyň emele getirilmegini, sözleýşiň iş we ylmy stilleriniň grammatik aýratynlyklarynyň özleşdirilmegini, ýazmaça we dilden beýan edilen pikirleriň rejelenmeginiň ýörelgelerini ele almagy nazarda tutýar. Hünäre gönükdirilen tekstleriň okalmagy hünär dilini öwrenmegiň ýokarda beýan edilen ähli düzüm birlikleriniň üstünde işlemegi göz öňünde tutýar. Şeýle-de, tekstiň üstünde işlemek mazmuny aýdyňlaşdyrma işi bolup, ýagdaýlaryň giň çägine düşünmek üçin talyplaryň aňynda dünýäniň dil keşbiniň freýmleriniň (birnäçe maglumatlaryň gurluş düzümleri) we konseptleriniň (birlikleriniň) emele gelmegini göz öňünde tutýar.

Işiň mazmunyny dekodirleme (aýdyňlaşdyrma) diskurs kategoriýasynyň (işjeň çekişmeler, maslahatlar) esasy temasydyr. Tema kategoriýasy tekstde gurluş, ierarhik, göni ugurly we ulgamlaýyn ölçegler (parametrler) bilen kesgitlenýär.

Gurluş tekstde şöhlelendirilen birnäçe temanyň özara baglanyşygydyr. Talyplar diňe bir umumy temany kesgitlemegi däl-de, eýsem, tekstde deglip geçilýän ähli temalary tapmagy başarmalydyr.

Ierarhik parametr tekstiň temalarynyň mazmunyna görä, aýratyn ierarhik yzygiderliligini kesgitleýär. Talyplar her bir temanyň ýerini onuň bu tekstdäki ähmiýetine görä kesgitlemelidirler.

Göni ugurly parametr tekstdäki temalaryň guralyşy, olaryň mazmunyna edýän täsirini göz öňünde tutýar. Şeýle-de, düzüm birliginiň özleşdirilmegi tekstiň möhüm ähmiýetli temalaryny kesgitlemäge, şeýle hem, ikinji derejeli temalary ýüze çykarmaga ýardam edýär.

Ulgamlaýyn parametr tekstiň mazmunyny leksik-grammatik şekilleriň saýlanyp alnyşy bilen baglanyşdyrýar. Bu parametre düşünmek talyplara temalaryň ierarhik ähmiýetini kesgitlemäge, şeýle-de, hünär dilini özleşdirmegiň hökmany düzüm bölegi bolan sözleýşiň stil aýratynlyklaryny özleşdirmäge mümkinçilik berer. Bu parametrlere laýyklykda, diskurs çemeleşme bilen seljerişli okaýşy öwretmegiň esasy tapgyrlary tapawutlandyryldy. Olar okaýşy öwretmegiň tapgyrlary, has takygy, tekstden öňki, tekstüsti we tekstden soňky tapgyrlar bilen gabat gelýär.

Tekstden öňki tapgyrda talyplara mazmunyň gurluş ölçegini aýdyňlaşdyrmak teklip edilýär. Mundan soňra tekst tapgyry ierarhik we göniçyzykly parametrleriň aýdyňlaşdyrylmagy bilen işlemegi göz öňünde tutýar. Tekstden soňky tapgyr ulgamlaýyn parametriň aýdyňlaşdyrylmagyny, şeýle-de, okuw materialynyň mazmunynyň refleksiýasynyň geçirilmegini öz içine alýar.

Bu tapgyrlaryň her biriniň üstünde durup geçeliň. Mysal hökmünde biz biologiýa fakultetiniň talyplaryna hünär leksikasynyň uly göwrümini, şeýle-de, aýdyňlaşdyrmak üçin birnäçe temalary özünde saklaýan “Plant Body” atly teksti hödürleýäris.

I. Tekstden öňki tapgyr – gurluş ölçeginiň aýdyňlaşdyrylmasy (parametriniň dekodirlenmegi).

Birinji tapgyrda talyplar tekstiň merkezi we goşmaça temalarynyň atlaryny aýtmaly. Munuň üçin talyplara şular teklip edilip bilner: 1) tekstiň ady boýunça onuň temasyny çaklamak; 2) çaklamak üçin tekstiň temasy bilen baglanyşykly sözleriň sanawy; 3) “wordclouds” saýtynyň ulanylmagy bilen döredilen, esasy sözlerden ybarat bolan, hyzmat tarapyndan awtomatik usulda bellenen “Wordclouds” söz buludyny döredip, oňa “*bark, stoma, cuticule, epidermis, mesophyll layer, sepal, petal, stamen, anther, filament, pistil, carpel, stigma, style, ovary, receptacle, blade, petiole, annual, ring*” ýaly sözleri ýerleşdirmeli.

Bu tekstiň bir merkezi temasy, şeýle-de, birnäçe kiçi temalary bar. Merkezi tema – “Plant Body”. Saýlanan temany talyplar kognitiw karta girizmeli. *Onlaýn* düzgünde kognitiw kartalary döretmek üçin “Mind42” 168 serişde ulanylyp bilner (Создание когнитивных карт онлайн (Электронный ресурс). – Режим доступа: http://www.mind42.com/.– Дата доступа:3.10.2018.). Tekstiň öňündäki tapgyrda talyplar diňe tekstiň merkezi temasyny kesgitläp, belläp bilýärler.

II. Tekst tapgyry – ierarhik we göni ugurly parametrleriň aýdyňlaşdyrylmagy.

Mundan soňra talyplara teksti okamak, kiçi temalary, şeýle-de, tekstiň temalarynyň mazmunyna görä ierarhik yzygiderliligi bellemek teklip edilýär. Seljermäniň netijeleri şu ikinji derejeli temalary tapawutlandyrmaga mümkinçilik bermeli: “Root”, “Stem”, “Leaves” we “Flowers”. Talyplar kognitiw kartalary doldurmagy dowam etdirýärler.

Tekstden alnan maglumaty teswirläp, talyplar ähli temalaryň deň ähmiýete eýedigi, “Plant Body” tekstiň bolsa merkezi tema bolmagynda galýandygy barada netijä gelmeli. Bu tema beýleki temalary birleşdirýär, olaryň deň ähmiýetliligini kesgitleýär. Kiçi temalar merkezi temany dürli tarapdan açyp görkezmäge mümkinçilik berýär.

Indiki tapgyr talyplara tekstde pikirleriň nädip rejelenýändigini kesgitlemäge şert döredýär. Talyplar her bir temanyň açylyşyny tertip boýunça bellemek, kiçi temalary we olaryň mazmunyny beýan etmek bilen, kognitiw kartalary doldurmagy dowam etdirýärler. Doldurylan kognitiw kartadaky maglumaty teswirlemegiň esasynda talyplar awtoryň diňe öňdäki temany doly aýdyňlaşdyrandan soň indiki tema geçýändigi barada netije çykarmaly.

III. Tekstden soňky tapgyr – ulgamlaýyn ölçegleriň aýdyňlaşdyrylmagy (parametriň dekodirlenmegi).

Bu tapgyrda talyplara tekstiň esasy leksikasyny gaýtadan gurmak, şeýle-de, tekstiň temalaryny olaryň leksik jähetden tanyşdyrylyşyna esaslanmak bilen, toparlara bölmek teklip edilýär. Işiň netijesi kognitiw karta girizilýär. Esasy leksika doldurylandan soň, adaty usulda barlag işleri geçirilip bilner ýa-da netijeleri barlamak üçin talyplara esasy sözleri awtomatik usulda bellemäge ýardam berýän “Find Keyword” hyzmatyndan peýdalanmak teklip edilip bilner.

Soňra talyplara alnan esasy sözlere olaryň mazmuny nukdaýnazaryndan teswirleme bermek teklip edilýär. Talyplar seljerme geçirýärler we birnäçe sözlemiň üsti bilen baha berýärler. Mysal üçin, “Merkezi tema, öz gezeginde, esasy sözler bilen aňladylan kiçi temalarda açylyp görkezilýär”. Sapagyň mazmunynyň refleksiýasy tapgyrynda talyplara tekstiň temasynyň geçirilen seljermesiniň, olaryň mazmun we gurluş reprezentasiýasynyň esasynda tekstiň gysgaça beýanyny düzmek teklip edilýär.

Tekstiň gysgaça beýanynyň düzülmegi çeşme hökmünde hyzmat edýän tekstiň mazmunynyň gysby görnüşde, daşary ýurt dilindäki başlangyç teksti dekodirlemek we ikinji teksti düzmek arkaly beýan edilmegini aňladýar. Ähli toplanan, kognitiw kartada we analitik ýazgyda görkezilen maglumatlary biologiýa fakultetinde okuw maksatnamasyna goşulan işiň hökmany görnüşi bolan teksti gysgaça beýan etmäge (Summaries) taýýarlanmakda ulanmak bolar.

Şeýlelikde, biologiýa fakultetiniň talyplaryna diskurs çemeleşme esasynda okaýşy öwretmek, maglumatlary rejelemek, teksti gurmagyň tertibi, ierarhik, göni ugurly we ulgamlaýyn ölçeglerine esaslanmak bilen, umumy we hususy pikiri tapawutlandyrmak endiklerini kemala getirmäge itergi berýär. Bu iş, umuman, tebigy ugurly fakultetleriň talyplarynyň, hususan-da, biologiýa fakultetiniň talyplarynyň taýýarlygynda ähmiýetlidir. Başgaça aýdylanda, talyplarda diskurs başarnygyň, şeýle-de, örän möhüm materialy rejelemek endikleriniň kemala gelmegine ýardam eder.

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

**Kabul edilen wagty**
**2023-nji ýylyň 19-njy iýuny**

**Aýna Muhammedowa, Ogulgerek Alyýewa, Zarina Bazarowa**

# BILIM ULGAMYNYŇ MADDY-ENJAMLAÝYN BINÝADYNY BERKITMEK DÖWRÜMIZIŇ WAJYP WEZIPESIDIR

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda bilim ulgamyny toplumlaýyn ösdürmek hem-de hil taýdan täze derejä çykarmak baş maksatlaryň biridir. Şunuň bilen baglylykda, bilimiň ähli basgançaklarynda onuň işini gurluş we dolandyrylyş taýdan özgertmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Ýokary okuw mekdepleri milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklary üçin ýokary derejeli hünärmenleriň taýýarlanylmagyna ünsi güýçlendirýär we bu ugurdaky özgertmelere ýurdumyzyň mundan beýläk ösüşinde öňe gitmegiň hereketlendirijisi hökmünde garalýar. Täze 2024 – 2025-nji okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli, mähriban Watanymyzyň dürli künjeklerinde, asylly däbe görä, täze bilim edaralaryny açyp ulanmaga bermek dabaralary geçirildi. Garaşsyzlyk baýramynyň öňüsyrasynda ýurdumyzyň dürli welaýatlarynda jemi dört sany: 3 060 orunlyk umumybilim berýän mekdep, bir sany çagalar bagy açylyp ulanylmaga berildi. Täze açylyp ulanylmaga berlen bilim binalary Gündogar binagärliginiň iň oňat däplerini hem-de dünýä şähergurluşygynda soňky gazanylanlary özboluşly utgaşdyryp, ajaýyp gözelligi özünde jemleýär we bilim işgärleridir bagtyýar ýaş nesliň şatlygyna şatlyk goşýar.

Ýurdumyzyň bilim ulgamynyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegi hem-de onuň maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilmegi, bu ulgamyň hil taýdan täze derejä çykarylmagy türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan hem-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda mynasyp dowam etdirilýän döwlet syýasatynyň ileri tutulýan möhüm ugrudyr. “Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy” ýylynda hem bilim syýasaty hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär. Şeýle beýik özgertmeleri geljekde mynasyp dowam etdirjek döwrebap kemala gelýän nesil baradaky hemmetaraplaýyn alada döwlet bilim syýasatynyň strategik ugrudyr.

Häzirki wagtda ýokary bilim ulgamynyň kämilleşdirilmegine aýratyn üns-alada bilen garalýar. Şeýle üns milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklary üçin ýokary hünärli, zähmet çekmäge höwesek işgärleriň kemala gelmegine gönükdirilendir. Ýurdumyzda durmuşymyzyň dürli ugurlarynda zähmet çeker ýaly, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlaýan okuw mekdepleri hereket edýär, şol okuw mekdeplerini tamamlan ýaşlar döwlet maksatnamalaryny, hususan-da, “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasyny” (Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasy. – Aşgabat: TDNG, 2022.) hem-de “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny” amala aşyrmaga şahsy goşant goşýarlar. Şeýle ýaşlary mynasyp terbiýeläp ýetişdirmegiň bähbidine paýtagtymyz Aşgabatda we ýurdumyzyň welaýatlarynda birbada ýokary okuw mekdepleriniň üçüsiniň – Aşgabatda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň, Türkmenabat şäherinde Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalar toplumlarynyň, Mary şäherinde Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň çäginde goşmaça okuw binasynyň hem-de beýleki desgalaryň gurluşyklary tamamlaýjy tapgyrlarda alnyp barylýar. Mary şäheriniň gurluşyk-binagärlik keşbini düýpli özgerdýän bu toplum 2 müň talyba niýetlenendir.

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda döwrebap hünärmenler taýýarlanylýar. Institutda binagärlik-gurluşyk, jemagat hojalygy, himiýa, energetika, senagat we ýol-ulag pudaklarynyň inženerlerini ýetişdirmek maksady bilen, zehinli ýaşlara bilim-terbiýe, ylym-hünär öwredilýär. Institut ýylyňýylyna ýüzlerçe ýaş hünärmen taýýarlap, önümçilik meýdançasyna, işe ýollaýar.

Ýurdumyzyň döwrebap bilim we ylym merkezleri bolan ýokary okuw mekdepleriniň maddy-enjamlaýyn binýadynyň hemmetaraplaýyn pugtalandyrylmagy ylym-bilim ulgamynda amala aşyrylýan özgertmeleriň möhüm tarapydyr. Häzirki wagtda bu ulgamy ösdürmek üçin ýurdumyzda köptaraply işler

alnyp barylýar, okuw-usuly, bilim-terbiýeçilik işinde, gurluşykda, bilim binalaryny abatlamakda, abzallaşdyrmakda we beýleki ugurlarda düýpli özgertmeler amala aşyrylýar. Ykdysadyýetiň dürli pudaklary üçin ýokary hünär derejeli işgärleri taýýarlamagyň netijeli ulgamynyň döredilmegi bu ulgamda ýetilen belent sepgitlerdir.

Şeýlelikde, bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilmegi netijesinde ýetilýän belent sepgitler, beýik ösüşler, häzirki zamanyň bilim syýasatynyň üstünlikleri, ilkinji nobatda, ylymly-bilimli nesliň güýji, zehin baýlygy hem-de döredijilik başarnygy bilen berk baglanyşdyrylýar. Soňky ýyllarda diňe bir merjen şäherimiz Aşgabatda däl, eýsem, ýurdumyzyň şäherleridir obalarynda hem bilim maksatly binalaryň birnäçesi gurlup ulanylmaga berilýär. Olar döwrebap programma üpjünçiligi bolan kompýuterler, zerur bolan enjamlar, okuw gollanmalary bilen üpjün edilýär, okuw işine ylmyň täze gazananlary, interaktiw-multimedia hem-de sanly tehnologiýalar işjeň ornaşdyrylýar.

“Bilimli nesil – kuwwatly Watan” şygary häzirki bilim syýasatynyň esasy ugrudyr. Bilimli-terbiýeli, ylymly-hünärli ýaşlaryň ýetişdirilmegi, ýaş nesliň ruhy hem beden taýdan kadaly ösüşiniň gazanylmagy, hemmetaraplaýyn ösen şahsyýetiň kemala getirilmegi üçin döwlet tarapyndan ähli şertler döredilýär, bilim ulgamy üçin goýberilýän maddy serişdeler ýylsaýyn artdyrylýar. Okuw mekdepleri okuw-usuly serişdeler, didaktik maksatly innowasion tehnologiýalar bilen yzygiderli üpjün edilýär. Şeýlelikde, ýurdumyzdaky okuw mekdepleri diňe bir döwrebap bilimli, sazlaşykly ösen şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmekde ýokary hilli enjamlaşdyrylan okuw merkezleri bolmak bilen çäklenmän, olar jemgyýetimiziň bilimliliginiň-terbiýeliliginiň ýokary derejesini doly açmak, ýaş nesliň medeni we ruhy ösüşiniň, Watanymyzyň mundan beýläk-de durmuş-ykdysady abadançylygynyň ygtybarly binýady bolup durýandygyny açyp görkezmek bilen, ony äleme äşgär edýär. Halkara bilim giňişliginde ýurdumyzyň at-abraýy barha artýar. Okuwçylarymyzdyr talyp ýaşlarymyzyň ýylyň-ýylyna halkara ders we taslama bäsleşiklerinde, olimpiadalarda üstünlik gazanýanlarynyň sany köpelýär.

Milli ykdysadyýetimiziň zerur ugurlary üçin işine ökde ýaş hünärmenleri taýýarlamak wezipesini üstünlikli çözmek maksady bilen, ýurdumyzda *matematika, fizika, himiýa, biologiýa, daşary ýurt dilleri we beýleki dersleriň* çuňlaşdyrylyp okadylmagyna ýöriteleşdirilen orta mekdepleriň sany ep-esli artdy. Okatmagyň usulyýetinde halkara tejribeleri alyşmak arkaly, ýaşlaryň daşary ýurt dillerini suwara bilmekleri gazanylýar. Dürli derejedäki okuw mekdeplerinde, türkmen, iňlis, rus dillerinden başga-da, fransuz, nemes, ýapon, hytaý, arap, pars we beýleki dilleri çuňlaşdyryp öwretmek ýola goýlandyr. Bularyň baryny, okuw işiniň üstünlikli guralmagyny maddy şertleriň ýokarylygynyň ruhy baýlyklary döredýänligi bilen düşündirmek bolar. Elbetde, şeýle maddy we ruhy baýlyklaryň sazlaşyklylykda ýaş nesliň erkana ýaşamagynyň, okamagynyň we bagtyýar ýaşamagynyň bähbidine gönükdirilmeginiň sakasynda bolsa Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň mizemez aladalary dur. Başgaça aýdylanda, “hemme arzuwlaryň hasyl bolýan ýurdunda” bagtyýar ýaş nesliň aň-paýhas hem-de beden taýdan sazlaşykly ösmegi, olaryň häzirki zaman bilimlerini düýpli ele almaklary baş maksat bolup durýar. Bu bolsa eziz Watanymyzyň ertirki eýeleri bolan ýaş nesle gurjak ýaly döwletimiziň ösüşleriniň mundan beýläk-de rowaçlanmagyna, täze belentliklere galmagyna ak ýürekden goşant goşmaga mümkinçilik berer.

Türkmenistanda bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge degişli maýa goýumlary amala aşyrmak innowasion häsiýete eýe bolýar we ol durnukly ykdysady ösüşi gazanmakda uly ähmiýete eýedir. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň ylmy garaýyşlarynda döwlet maýa goýum syýasaty aýdyň beýan edilýär: “Döwletiň durmuşa geçirýän maýa goýum syýasaty diýip maýa goýum işini has janlandyrmak, ykdysady ösüşi, önümçiligiň netijelerini ýokarlandyrmak we ilatyň durmuş meselelerini oňyn çözmek maksady bilen amala aşyrylýan hojalyk işleriniň hemme subýektleri üçin amatly iş şertlerini döretmäge gönükdirilen maksatnamalaýyn çäreleriň tutuş bir toplumyna diýilýär. Maýa goýum syýasatynyň durmuşa geçirilmeginiň baş maksady ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmakda, önümçiligiň giň gerimde ösmegini we gönükdirilen düýpli goýumlaryň maýadarlar üçin peýdaly bolmagyny gazanmakdan ybaratdyr. Maýa goýumlary durnukly ykdysady ösüşleriň ygtybarly mehanizmi bolup hyzmat edýär. Maýa

goýumlary önümçiligi galdyrmaga we ösdürmäge, onuň kuwwatlylygyny artdyrmaga, tilsimatlaýyn ýokary derejelere ýetirmäge niýetlenýär. Bellenilen maksatlaryň gysga möhletde amala aşyrylmagy üçin döwlet milli ykdysadyýetiň netijeli we sazlaşykly işleýän kämil modelini döretmäge işjeň gatnaşýar, onuň döredilmegi bolsa maýa goýum syýasatynyň amala aşyrylýan ugurlaryna düýpli, hil taýdan täze üýtgetmeleri girizmek zerurlygyny ýüze çykarýar" (*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. – Aşgabat: TDNG, 2010. 93 s.). Şoňa görä-de, ykdysadyýetimiziň ähli ugurlaryny gurşap alýan maksatnamalar üstünlikli amala aşyrylýar. Şol sanawa bilim ulgamy hem degişlidir. "2019 – 2025-nji ýyllarda milli bilim ulgamynyň işgärleriniň öňünde durýan wezipeler bilimde, ylymda we tehnikada gazanylan oňyn netijelere esaslanyp, milli bilim ulgamyny kämil derejede ösdürmekden, ylymly, bilimli, zähmetsöýer, giň gözýetimli, maksada okgunly ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmekden, öňdebaryjy innowasiýa tehnologiýalardan baş çykarýan ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakdan ybaratdyr" (Türkmenistanda Bilim, ylym, saglygy goraýyş, sport we arhiw ulgamlaryny ösdürmegiň 2019 – 2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasy. – Aşgabat: TDNG, 2019. 9 s.). Bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilmeginiň üznüksiz dowam edip duranlygy, uly göwrümli gurluşyklaryň döwlet maksatnamasynda bellenenligi sebäpli, iri maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmegini talap edýän ulgamdyr. Döwlet maksatnamasynda bellenilişi ýaly: "Taslama laýyklykda, dolandyryş desgalarynyň hem-de beýleki edaralaryň we ýaşaýyş jaýlarynyň binalarynyň toplumy bilen bir hatarda, beýleki düzümleriň edaralary, şol sanda durmuş ulgamy üçin niýetlenen binalar hem gurlar. Täze gurluşyklarda umumy orta bilim berýän mekdepleriň, başlangyç we orta hünär okuw mekdepleriniň, mekdebe çenli çagalar edaralarynyň we beýleki dolandyryş hem-de jemgyýetçilik binalarynyň gurulmagy bilen bilim ulgamynyň edara binalary emele getiriler" (*Şol ýerde,* 13 s.). Munuň üçin ýurdumyzyň ähli ýerlerinde häzirki zaman orta we ýokary okuw mekdepleridir çagalar baglary, Köpetdagyň sapaly jülgesinde, Awazada çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezleri guruldy hem-de gurulýar. Bilim edaralary döwrebap okuw kitaplarydyr gollanmalar bilen yzygiderli üpjün edilýär (Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy. – Aşgabat: TDNG, 2022. 394 s.).

Bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilmegi üçin goýberilýän pul serişdeleriniň hasabyna ulgamda özgertmeleriň maksadalaýyk durmuşa geçirilmegi bu ulgamy yzygiderli kämilleşdirilip, ony hil taýdan täze derejä çykarýar. Täze orta we ýokary okuw mekdepleriniň açylmagy, okuw işine goýberilýän serişdelerden başga-da, olaryň edara jaýlarynyň abadanlaşdyrylmagy ýa-da döwlet maksatnamalarynda bellenilişine laýyklykda gurlup, ulanylmaga berilmegi, häzirki döwürde zerur bolan hünärleriň sanawynyň artdyrylmagy, ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek, dünýä ölçeglerine laýyk gelýän, maglumat-tehnologik ösüşlerden gowy baş çykarýan ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen amala aşyrylýan çäreler durmuşa ornaşdyrylýan işleriň geriminiň giňdigini tassyklaýar. Bu bolsa, öz gezeginde, 2024 – 2025-nji okuw ýyly üçin bilim ulgamyna döwlet tarapyndan ýeterlik maýa goýumyny talap edýär.

Milli bilim ulgamynyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegi hem-de onuň maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilmegi, bu ulgamyň hil taýdan täze derejä çykarylmagy döwlet syýasatynyň ileri tutulýan möhüm ugrudyr. Häzirki wagtda ýokary okuw mekdepleri diňe bir döwrebap bilimli, sazlaşykly ösen ýaşlary taýýarlamak üçin talabalaýyk enjamlaşdyrylan okuw merkezleri bolmak bilen çäklenmän, olar milletimiziň aň-bilim kuwwatyny doly açmak, jemgyýetimiziň medeni we ruhy ösüşiniň, Watanymyzyň mundan beýlägem-de durmuş-ykdysady abadançylygynyň ygtybarly binýady bolup durýar. Munuň özi geljekde bize eziz Watanymyzyň mundan beýläk-de rowaçlanmagyna hem-de durmuş-ykdysady taýdan ösüşine mynasyp goşant goşmaga mümkinçilik berer.

**Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersiteti**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 18-nji sentýabry**

**Tagandurdy Bekjäýew**

# MAGTYMGULYNYŇ GOŞGULARYNDA WAGT BILEN BAGLANYŞYKLY SÖZLER

Beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyny öwrenmek bilen baglanyşykly döwletimizde, şeýle-de, daşary ýurtlarda düýpli işler alnyp barylýar. Bu babatda "Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny bellemek hakynda "Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 12-nji fewralyndaky Kararynyň, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň 2022-nji ýylyň 23-nji dekabryndaky "Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny bellemek boýunça geçirilmeli çäreleriň Meýilnamasyny tassyklamak hakyndaky" Kararynyň ähmiýetli orny bardyr. 2024-nji ýylyň "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" ýyly diýlip yglan edilmegi. Magtymgulyny öwreniş ylmynyň ösüşine täze badalga berdi.

Diliň taryhyny öwrenmekde gadymy ýazuw ýadygärlikleri möhüm ähmiýete eýedir. Adamzat taryhynyň ösüşiniň dowamynda ynsan durmuşynyň dürli ugurlaryna degişli sözler döräp, bellibir toplumy emele getiripdir. Şeýle sözleriň toplumlarynyň biri hem wagt bilen bagly sözlerdir.

Ähli dilde bolşy ýaly, türkmen dilinde hem wagt düşünjesini aňladýan birentek söze duş gelmek bolýar. Olaryň birnäçesi soňky döwürlerde türkmen diliniň sözlük düzümine giren bolsa, käbirleri öz köküni taryhyň çuňluklaryndan alyp gaýdýar. Mundan başga-da, türkmen dilindäki wagt bilen bagly sözleriň türki dillere degişlileri-de, beýleki dillerden alnyp özleşdirilenleri hem bar.

Türkmen diliniň kämilleşmeginde, edebi dil hökmünde kemala gelmeginde XVIII asyr türkmen edebiýatynyň görnükli wekili, filosof, nusgawy şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň örän uly hyzmaty bar. Şu babatdan hem türkmen diliniň taryhy, häzirki döwri barada gürrüň edilende, Magtymgulynyň goşgularyna yzygiderli ýüzlenmeli bolýar. Türkmen dilindäki wagt bilen baglanyşykly sözleriň beýik şahyryň goşgularynyň mysalynda ylmy derňew edilmegi olaryň XVIII asyrdaky ýagdaýyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Mundan başga-da, wagt fiziki ululyk bilen birlikde filosofiýada hem-de beýleki ylymlarda akyl ýetirişiň obýekti, filosofik kategoriýa hökmünde-de çykyş edýär. Wagtyň bu aýratynlygy Magtymgulynyň goşgularyna has çuňňur düşünmäge ýardam edýär. Biz bu ýerde şahyryň goşgularyndaky wagt düşünjesini aňladýan sözlere dilçilik nukdaýnazaryndan seredýäris.

Magtymgulynyň goşgularyndaky wagt aňladýan sözleri iki topara bölüp öwrenmek bolar. Toparlaryň birinjisine türkmen diliniň öz sözleri, ikinjisine özleşdirilen sözler degişlidir.

Magtymgulynyň goşgularyndaky wagt bilen baglanyşykly türkmen sözlerine: *çag, çak, gün, gije, ýaz, gyş, togsan dolmak, erte, ýyl, gije-gündiz, aý* we ş.m. sözler girýär. Bu sözleriň birentegi türki dilleriň köpüsi üçin umumydyr.

Olardan käbirine seredip geçeliň. "Çag" sözi türkmen dilinde "çak" şekilinde-de gabat gelýär. "Türkmen diliniň düşündirişli sözlüginde" "çag" sözüniň şeýle manylary bellenilýär: "ÇAG [ça:ğ], at. 1. Bellibir aralykdaky wagt, pursat, döwür. 2. Wagty hoş, göwni şat" (II, 182 s.). Şol sözlükde "çak" sözüniň: "ÇAK I, at. Bellibir wagt, pursat, wagt aralygy, çag. ÇAK II, at. 1. Güman edilýän pikir, çen, çaklama. 2. Bir zadyň çeni, mukdary, möçberi; ölçegi" (II, 184 s.) manylary berlipdir. "Çag" hem "çak" sözleriniň ikisi-de köpmanyly bolup, olaryň birinji manylary meňzeşdir. Bu sözler türkmen dilinde many meňzeşligine eýe bolsalar-da, bellibir derejede stil tapawudyny ýüze çykarýarlar. "Çag" sözi şahyrana stile has golaýdyr.

"Çak-çag" sözleri türki dilleriň ähli toparçalarynda diýen ýaly ulanylýar. Olarda dürli fonetik özgerme bar hem bolsa, manylary birdir (Сравнительно-историческая грамматика тюркских языков. Лексика. – Москва: «Наука», 2001. с. 67.).

Şahyryň döredijiliginde "wagt" düşünjesini berýän "çag" we "çak" sözleriniň ikisi-de duşýar. Olaryň ikisi-de aşakdaky goşgy bentlerinde şol bir mana eýedir: *Magtymguly, ile ýaýdyň nesihat // Zynhar, ýaman bilen bolmagyn ülpet // Huda berse sagadatly bir perzent // Garrygan çagyňda ýaş eder seni* (Magtymguly. Saýlanan eserler. – Aşgabat: TDNG, 2024. 372 s.).

*Sözüm sözlense her çaklar // Akyly bolan gerçekler // Bir iş düşende goçaklar // Iş görmedik*

*ýaş olmasyn* (*Magtymguly.* Saýlanan goşgular. – Aşgabat: “Türkmenistan”, 1976. 335 s.).

Türkmenleriň ýyldyz senenamasy boýunça fewral aýynyň 21-ine gyş gutaryp, ýaz pasly başlanýar. Şol döwre “togsan doldy” diýilýär. Ol gyşyň togsan gününiň (garagyş, uly çille, kiçi çille, ahyrky garagyş) tamam bolandygyny aňladýar. Ýylyň bu döwrüni Magtymguly şeýle aňladýar: *Derwüşler köňli jem dursun namaza // Ýigitler ýygylsyn söhbete-saza // Ilimiz ulaşsyn sowulmaz ýaza // Togsan dolup, tamam bolsun gyşymyz* (*Magtymguly.* Saýlanan eserler. – Aşgabat: TDNG, 2024. 65 s.). Goşgudaky obrazly meňzetme – gyşyň tamamlanmagy, ýagny täze zamana, döwre bolan umyt-arzuw “togsan dolmak” söz düzüminiň üsti bilen aňladylýar. Şol arzuw edilýän pursada, wagta, döwre ýetmekde ilkinji basgançak hökmünde ruhy päklik, köňül bitewüligi göz öňünde tutulýar.

Magtymgulynyň goşgularynda wagtyň san arkaly aňladylýan ýerleri hem ýygy-ýygydan duş gelýär. Mysal üçin, şahyryň: “*On ikide güller bilen // Gezdiň şirin tiller bilen*” (“Sana geldiň”), “*Otuzyňda ýeriňden // Duman gitmez seriňden*” (“Joşa ýetdiň”), “*Jahyllykda öten işler geň görner // Kyrkdan aşyp, aýyl bolsa adamzat*” (“Adamzat”), “*Altmyşa azm urdy gartaşan salym // Rehm eden bolmady, bagtym garadyr*” (“Bagtym garadyr”) setirlerinde “on iki” “otuz”, “kyrk” “altmyş” sanlary many babatdan wagty, ýagny adamyň ýaşyny görkezýär. Sanyň yzyndan wagt aňladýan sözleri ulanmazdan wagtyň bildirilmegi Magtymgulynyň döredijiliginde ýörgünli usullaryň biridir.

Şahyryň şygyrlaryndaky wagt bildirmäge hyzmat edýän özleşdirilen sözlere, esasan: “garyn”, “daýym”, “owwal”, “ahyr”, “eýýam”, “pasyl”, “şenbe”, “zaman”, “bahar”, “säher” ýaly sözleri mysal getirmek bolar. Bulardan “garyn”, “daýym” sözleri häzirki zaman türkmen dilinde ulanylmaýar. Olar nusgawy edebiýatda ýörgünlidir. *Elli müň ýyl döwran süren Benijan // Dünýäde galmady, ýerbe-ýer geçdi // Ýüz ýigrimi garyn perzent göteren // Adam bilen Howa serbe-ser geçdi* (*Magtymguly.* Saýlanan goşgular. – Aşgabat: “Türkmenistan”, 1976. 629 s.). Asly arap sözi bolan “garyn” (karn) Magtymgulynyň şygyrlarynda “ýüzýyllyk, zaman, asyr, döwür” manylaryndadyr. Filologiýa ylymlarynyň kandidatlary A .Meredow bilen Sapar Ahallynyň “Türkmen klassyky edebiýatynyň sözlügi” atly işinde “garyn” sözüniň manylary şeýle bellenilýär: Garyn (a. karn, köne söz kuru:n) – 1) buýnuz, şah; 2) ýüz ýyllyk zaman, taryhyň her ýüz ýyly; 3) zaman, asyr, döwür (*A. Meredow, S. Ahally.* Türkmen klassyky edebiýatynyň sözlügi. – Aşgabat, 1988. 83 s.). Magtymguludan mysal alnan ýokarky bentde “garyn” sözi ikinji manysynda ulanylypdyr. Bu sözüň birinji “şah, boýnuz” manysy Gündogary we Günbatary eýelän Aleksandr Makedonskä berlen lakamda “Zülkarneýin” (iki şahly) sözünde gabat gelýär.

Magtymgulynyň döredijiligindäki arap asylly, türkmen nusgawy edebiýatynda yzygiderli gabat gelýän, dilimizde özleşdirilen sözleriň biri hem “daýym” sözi bolup, ol wagt düşünjesiniň çägindäki “hemme wagt, hemişe, mydama, baky” manylaryny berýär. *Gapyl galmaz, döwüş güni har bolmaz // Gargyşa, nazara giriftar bolmaz // Bilbilden aýrylyp, solup, zar galmaz // Daýym anbar saçar güli türkmeniň* (*Magtymguly.* Saýlanan eserler. – Aşgabat: TDNG, 2024. 7 s.).

Özleşdirilen “owwal” sözi bolsa “owal” görnüşinde peýdalanylyp, “Türkmen diliniň düşündirişli sözlüginde” bellenilişine görä: 1. Ozal, öň, ilki. 2. Geçmiş, köne döwür, gadym zaman (Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. II tom. – Aşgabat: TDNG, 2016. 164 s.) manylaryny berýär. Magtymgulynyň goşgularynda bu söz “owwal, owal” şekilleriniň ikisinde hem duşup, sözlükde görkezilen iki manyda-da gabat gelýär: *Owwal-a mal ýagşy, maldan baş ýagşy // Baş döwletin tapan mala seretmez // Dogmadyk oguldan dogan daş ýagşy // Nadan ogul atasyna seretmez* (*Magtymguly.* Saýlanan goşgular. – Aşgabat: “Türkmenistan”, 1976. 215 s.).

*Magtymguly, halkdan syryn gizlese // Dişini uşadyň ýalan sözlese // Owalda, ahyrda Eýäm gözlese // Garyp biçäräniň paýy, gözel sen* (*Magtymguly.* Saýlanan eserler. – Aşgabat: TDNG, 2024. 237 s.).

Şahyryň şygyrlary türkmen diliniň baý sözlük düzümini özünde jemleýär we olar durmuşyň dürli ugurlaryna degişli bolmak bilen, onuň gözýetimini, dünýä akyl ýetiriş derejesini şöhlelendirýär. Şu nukdaýnazardan, Magtymgulynyň goşgularyndaky wagt aňladýan sözleriň düýpli öwrenilmegi şahyryň eserlerine çuňňur düşünmäge, öňe sürýän pikirleriniň many-mazmunyny aýdyňlaşdyrmaga mümkinçilik berer.

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 3-nji sentýabry**

Şerbet Baýhanowa, Jeren Rahmanowa

# DIL ÖWRETMEK MESELESINDE INTENSIWLIGIŇ ÄHMIÝETI

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda köp dil bilmek syýasaty üstünlikli durmuşa geçirilýär. Soňky ýyllarda ýurdumyzda hereket edýän dürli okuw mekdeplerinde, döwlet bilim edaralarynda, okuw merkezlerinde, gysga möhletli okuwlarda dünýä dilleri öwrenilýär. Şolardan iň köp öwrenilýäni iňlis dilidir.

Hormatly Prezidentimiziň ösüp gelýän nesillerimize ata-babalarymyzyň öwüt-ündewleriniň esasynda bilim we terbiýe berlişini has-da kämilleşdirmegiň milli bilim ulgamynyň wajyp wezipesidigi, bu işiň döwrüň talaplaryna we halkara standartlaryna laýyklygyny üpjün etmek, pedagogik işgärleriň hünär ussatlyklaryny, bilimlerini we başarnyklaryny yzygiderli ösdürmek bilen okatmagyň usullaryny nazaryýet hem-de tejribe taýdan kämilleşdirmek babatdaky işleri utgaşdyryp dowam etdirmelidigi, ýaş nesliň bilimleriň we ylymlaryň esaslaryny, akyl we fiziki zähmet endiklerini özleşdirmekleri, olarda ýokary ahlak sypatlaryny, sagdyn durmuş ýörelgelerini terbiýelemek üçin mugallymlarymyzyň hemişe döredijilik gözleginde bolmalydygy baradaky aýdanlary bize ýol görkezijidir. Döwlet Baştutanymyzyň bu gymmatly tabşyryklary umumybilim edaralarynda ýaşlaryň okuw derslerini çuňňur özleşdirmeklerini üpjün edýän okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek boýunça sazlaşykly ulgamyň döredilmegini we onuň yzygiderli kämilleşdirilmegini talap edýär.

“Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy”, “Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy”, “Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy” we beýleki resminamalar okuw işini kämilleşdirmegiň möhüm ugurlaryny döwlet derejesinde kesgitleýär. Hususan-da, ýokarda ady agzalyp geçilen resminamalar milli bilim ulgamyny, has takygy, okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegi täze hil derejesine çykarmaga giň mümkinçilikleri döretdi. Şeýle mümkinçiliklerden peýdalanyp, işlemegiň bir ugry hem daşary ýurt dilleriniň öwredilişi bilen baglanyşyklylykda aýdyňlaşýar.

Dil öwretmegiň usullarynyň işjeň we işjeň däl görnüşleri bellidir, emma häzirki zaman usulyýetine bolan talaplaryň üýtgemegi bilen, olaryň yzygiderli kämilleşýändigi bellenilýär. Dil öwreniji çalt hem ýokary derejede (öwrenilýän dili) özleşdirmek isleýär we bu ýagdaý jemgyýetçilik hem-de şahsy talap hökmünde öňe çykýar (hem hil gerek, hem çalt öwredilmeli). Bu ýagdaý iňlis dilini öwretmekde “ýokary depginli usullar” (“intensiw usullar”) diýen düşünjäniň mugallymlaryň aňyna we hünär diline berk ornaşmagyna hem-de onuň usulyýet hökmünde iş ýüzüne geçirilmeginiň öňde durýan wezipelerine berk üns berilmegine getirýär.

**Intensiw öwretmek düşünjesi.** Intensiwlik latyn dilinden terjime edilende, “intensio” sözi “dartgynly”, “güýçlendirilen” diýen manydadyr. Bu düşünje wagt bilen baglanyşykly bolup, dil öwrenýänler öz düşünjeleriniň derejesini wagt taýdan çäklendirilen ýagdaýda ýokarlandyrýarlar. “Intensiw tertipde öwretmek” diýlende, bu düşünje, *bir tarapdan*, adaty usuldyr, *beýleki bir tarapdan*, köpeldilen okuw sagatlarynyň, hepdeleriniň bolmagy bilen tapawutlandyrylýar.

Öwretmegiň bu görnüşi, didaktik materialy özleşdirmegiň gysga möhletde öwrenijiniň has işjeňliginde maglumatlary kabul edijilik ukybyna esaslanyp, amal edilmegine getirýär. Intensiw okuw bilim berlişiniň adaty ýagdaýlaryndaky ýaly okatmagyň görnüşidir, ýöne munda esasy aýratynlyk dil öwrenýän toparlaryň gysga wagtyň dowamynda köp maglumatlary özleşdirmeklerini gazanmakdyr, mugallymyň köpýyllyk iş tejribesine daýanyp, okatmagyň hilini gowulandyrmakdaky gazanýan netijesidir. Halkara bilim ulgamynda okatmagyň intensiw usulynyň ýeterlik tejribeleri we mysallary bardyr. Mysal üçin, häzirki wagtda Russiýada “Ösüş mekdepleri” («Школы роста») intensiw bilim tehnologiýalaryna ýüzlenmezden hem, öwrenijilere bilimiň intensiw görnüşiniň netijelerini bermegiň hötdesinden gelýärler (Olarda HSE taslamasynyň bu usulyýeti barlamak üçin eýýäm esaslary bar). “Intensiw okatmak”, “intensiw öwretmek” düşünjelerini amal etmegiň görkezijilerini, muňa laýyk getirilen okuw meýilnamalaryny düzmek, uly toparlarda sapaklary guramak bilen

baglanyşykly işler geçirilip, bu tejribäniň netijeleri russiýaly alymlar tarapyndan amerikan we iňlis gözlegçileriniň aýry-aýry okuwlardan soň alan netijeleri bilen deňeşdirildi (*Картавцева О.Д.* Педагогические условия интенсивного обучения изобразительной грамоте. – Ростов н/Д, 1999. с. 212; *Колмакова М.Н.* Краткий педагогический словарь. – Москва: Изд-во политической литературы, 1984. с. 367.).

Alymlaryň pikiriçe, intensiw usulda öwretmek üçin, öwrenmäge bolan höwesi ýokary bolan talyplary saýlap almak dogrudyr. Ilkinji başlangyç bilimi geçen we höwesi güýçli öwrenijiler (talyplar) bilen intensiw usullarda işlemek netijelidir, çünki yzagalak ýaşlara gönükdirilen synag maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi üçin doly goldaw almak aňsat däl, emma şol bir wagtyň özünde, jemgyýetçilik talaplary bilen baglanyşyklylykda, aýry-aýry bilimi uýgunlaşdyrmak taslamalaryny ýerine ýetirmek has işjeňleşdi, täwekgelçilikli sebitlerden öwrenijileriň sany artdy. Bu bolsa ýokary okuw mekdeplerinde bilimiň hilini ýokarlandyrmak maksatnamasynyň ýerine ýetirilmegine ýardam edýär. Häzirki wagtda "MAXIMUM goldaw" taslamasynyň üstünde işlenilýär. Alymlar bu taslama bilen intensiw okuw usulyýetiniň öňden bar bolan rus uýgunlaşmalarynyň arasyndaky esasy tapawudy belleýärler. Ol tapawudy toparlaryň ululygy, sapaklaryň ýygylygy we höweslendirmek ýaly işe ünsi jemlemek görnüşindäki aýratynlyklar bilen düşündirýärler. Tejribe hökmünde uly toparlaryň talyplary bilen 1 – 2 däl-de, iň köpi 5 adamdan ybarat okuw toparlary döredildi.

Dünýä tejribesini öwrenmekden alnan maglumatlar dürli taslamalaryň öwrenijileriň akademiki netijeleriniň üýtgemegine edýän täsirine takyk baha bermäge mümkinçilik döreder. Akademiki gözlegler halkara bilim jemgyýetçiliginde gazanylan netijäniň esasynda türkmen milli intensiw okuw taslamasyny nädip giňeltmelidigi barada düşünje berer. Ýene-de bir mysal, talyplaryň gözleglerine esaslanýan "FutureToday Employer Ranking" taslamasy halkara bilim ulgamynda ýedi ýyl mundan ozal özleşdirilen usul bolup, şu ýyl tehnologiýa kompaniýalarynyň köpüsini öz içine alýar. 2017-nji ýylda olaryň dördüsi ilkinji onluga giren bolsa, 2024-nji ýylda eýýäm sekiz orny eýeledi.

Tehnologiýalaryň häzirki zaman ösdürilişi üçin iň ýönekeýi we iň möhümi, biziň pikirimizçe, şulardyr (Педагогика / П.И. Пидкасистый [и др.]; под ред. *П.И. Пидкасистого, В.И. Мижерикова.* Изд. 2-е. – Москва, 2001.):

– çap edilen (bilim neşirleri) çeşmeler;

– elektron bilim çeşmeleri (multimedia okuw kitaplary, *onlaýn* bilim çeşmeleri we beýlekiler);

– audiowizual serişdeler (okuw wideolary, filmler we ş.m.);

– wizual serişdeler (afişalar, kartalar, magnit tagtalary);

– görkeziş serişdeleri (gerbariler, kömelekler, modeller, stendler);

– okuw gurallary (kompas, barometr, flakon we ş.m.);

– maşklar we sport enjamlary;

– okuw enjamlary (lehim stansiýasy, peç, awtoulag we ş.m.).

Okuw esbaplary dürli-dürlüdir. Olary dogry saýlamak üçin, sapagyň meýilnamasynda ýa-da tehnologik kartada beýan edilenleri goşmak bilen, mugallym olaryň dürlüligini we kadaly kesgitlenen adalgalary, şeýle hem bar bolan (işlenilip düzülen, neşir edilen, öndürilen) okuw esbaplarynyň umumy manysyny öwrenmelidir, öwredilen tertip bilen usulyýet taýdan baglanyşykly bolan düşünjeleri aýdyň ýüze çykarmalydyr. Mysal üçin, mugallym diňe bir beýleki bilim derejelerindäki dersler we ugurdaş dersler boýunça elýeterli okuw kitaplarynyň we okuw gollanmalarynyň sanawyny hem-de bu neşirleriň möhüriniň bardygyny ýa-da ýokdugyny bilmek bilen çäklenmän, eýsem, döwlet tarapyndan resmi taýdan hasaba alnan bilim neşirleriniň mazmunyny hem bilmelidir. Mugallymyň saýlawy çäkli bolmaly däldir. Çeşmeler köpdürli bolmalydyr, ýagny mazmuny tanyş bolanlaryny saýlamak işi bellibir derejede ýeňilleşdirer. Şeýle bolanda, okuw mekdebinde zerur çeşmeler elýeterli bolar, okuwçylaryň häzirki zaman okuw usullaryna elýeterliligine göz ýetirmek hem ýeňilleşer, meýilleşdirilen mazmun, mugallymyň (talybyň) sazlaşykly öňde goýýan maksady bilen utgaşar. Galyberse-de, pedagogik işjeňligiň düýp manysy, iň az wagtyň içinde zerur ussatlyk derejesinde, bilim materiallarynyň kepillendirilen nusgasynyň öwredilmegi bilen kesgitlener we okuw serişdeleri talyplar üçin elýeter bolar. Ulanylyş usullaryny saýlamakda aň-

satlygy, estetika, elýeterlilik we ş.m. öz içine alýan birnäçe görkezijini ulanarlar we eýeleýän ornuna, jogapkärçilik derejesine görä saýlarlar (Sapaga gatnaşyp bilerinmi, sebäbi şu wagt işde bolup bilmerin, kiçijik çaga, näsag garyndaş we ş.m. ideg etmeli bolýanlygym üçin...). Diýmek, öwrenmek üçin wagtyň we öwretmekdäki şertleriň amatlylygy hem göz öňünde tutulmalydyr. Mugallym abraýly daşary ýurt okuw mekdebinde okuw sapaklaryny guraýar diýeliň. Okuwyň, syýahatyň, ýaşamagyň bahasy, okuw kömegini köpeltmek üçin zerur enjamlar bar. Şonda ol diňe bir şahsy kompýuter däl, eýsem, zerur programma üpjünçiligi we ş.m. bilen hem işläp bilýär. MT ugry, esasanam, geljegi we täzelikleri bilen talyplary özüne çekýär. Öwretmek işiniň durnuklylygy bilim pudagyndaky intensiwligiň özüne çekijiligi bilen baglanyşyklydyr.

Şeýle mysallar halkara tejribelerde sanardan köpdür, emma bu türkmen milli bilim ulgamynda täzelik hökmünde kabul edilýär. Taslamalary öwrenip, olary milli ruhda terbiýelenýän we bilim alýan ýaşlaryň kabul edijilik aýratynlygyna laýyklykda ulanmak dogry bolar, çünki islendik daşary ýurt dilini öwrenýän adam (okuwçy, hünärmen, mugallym – tapawudy ýok) öwrenýän dilini, aýratyn hem onuň sözleýiş görnüşini çalt, az wagtyň dowamynda öwrenmegiň tarapdary. Şu nukdaýnazardan garalanda, döwrebap usullardan peýdalanylyp, dil öwretmek meselesinde intensiwligiň ähmiýetine üns bermek dogry bolar. Bu ugurda dünýä tejribesinden öwrenilenler daşary ýurt dillerini öwretmekde okuw işine ornaşdyrylmalydyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek maksady bilen, öwrenmegiň innowasion usullaryny yzygiderli öwrenmek babatda giň mümkinçilikler döredilendir. Daşary ýurt dilini öwredýän mugallymlaryň halkara hyzmatdaşlygynyň çäginde öwrenilen we özleşdirilen oňyn tejribeleri ýurdumyzyň ylym-bilim edaralarynyň işine işjeň ornaşdyrmagy dili intensiw öwretmek babatda öňde duran wezipeleriň üstünlikli çözülmegine getirer.

**Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersiteti**

**Kabul edilen wagty**
**2024-nji ýylyň 20-nji sentýabry**

## MEŞHUR LUKMAN GIPPOKRATYŇ PARASATLY SÖZLERINDEN



Keseliň mundan beýläkki ösüşini görüp bilmek lukmanyň iň gowy häsiýetidir. Bejerişiň üstünlikli bolmagy şoňa baglydyr.

Lukmançylyk onuň bilen meşgullanýanlar üçin kyn, emma adaty adamlara eşret hem bagt getirýän sungatdyr.

Her bir adamyň onuň tebigatyna, ýaşyna, bolýan ýerine hem pasla laýyklykda bejerilmelidigini lukman ýadyndan çykarmaly däldir.

Parasatlylyk bilen lukmançylygyň arasyndaky tapawut uly däldir.

Lukman keseli däl-de, hassany bejermelidir.

Lukman adam agzalarynyň tebigatyna kesel bilen göreşmäge kömek bermelidir.

Keseli bejermegi hiç wagt soňra goýma.

Uzak wagtlap gorkuda we gaýgyda ýaşamak hassalyga ýol açýar.

Zähmet, ruhy sagdynlyk we akylyň kämillige hem akyl ýetirmäge bolan ymtylyşy durmuşy bezeýän netijelere alyp gelýär.

Parasatlylyk we sungat bilesigelijilikden hem gyzyklanmadan gözbaş alýar.

Diňe alamatlaryň köplügini görýän adam hassany bejermäge başlap biler.

Islendik artykmaçlyk tebigatyň garşysynadyr.

Hassa bezeg (gep owadanlamak) däl-de, peýda tapany gerek.

Lukmançylyk sungaty ýetmeýän zadyň ýerini dolup, artykmaç zady aýyrmak sungatydyr. Şony başarýan adam iň gowy lukmandyr, başarmaýan lukmançylyk sungatyndan daşdadyr.

Lukmançylyk sungaty diňe uzak wagtyň dowamynda ele alnyp bilner. Diňe şonda ol adamlara peýda getirer.

Arassalanyp biljek ähli zat arassalanmalydyr.

Bedeniň läliksiredilmegi hassalyga sebäpdir.

***Ýakupmyrat Nepesow,***
**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň assistenti.**

## ÝURDUMYZYŇ SYÝASY, YKDYSADY WE MEDENI DURMUŞY


Dörtguly Oraznepesow
**Döwrebap ösdürilýän bilim ulgamyndaky täze üstünlikler** 2

Sapargeldi Durdyýew
**Ýaşlary terbiýelemekde gymmatly hazyna** 5

Orazgeldi Öwezsähedow
**Tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagyň döwrebap kämilleşdirilmegi – ýurdumyzda innowasiýa tehnologiýalaryny ösdürmegiň möhüm şerti** 8

Gurbanmyrat Mezilow
**Bilim, ylym, innowasiýalar – milli ykdysadyýetiň ähli ösüşleriniň gözbaşy** 12

Batyr Mämmedow
**Ýaş inženerler ýurdumyzyň guwanjydyr** 15

Ogulgurban Geldiýewa
**Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmek işinde ýetilen sepgitler we öňde durýan wezipeler** 17

Esen Atdaýew
**Döredijilikli zähmete badalga** 19

Sähragül Janmämmedowa
**Kitaphon jemgyýeti kemala getirmegiň we ýaşlaryň kitaba bolan söýgüsini pugtalandyrmagyň meseleleri** 21


## YLMY MAKALALAR


Azat Ataýew
**Ýokary hünär bilimi ulgamynda ylmy çemeleşmeler: ulgamlaýyn seljerme, modelirleme we dolandyryş** 23

Baýram Bäşimow
**Milli bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmagy täze derejä çykarmak boýunça möhüm wezipeler** 27

Işanguly Rozyýew, Maýsa Geldimyradowa
**Aragatnaşyk hyzmatlarynyň tariflerini döretmegiň we guramagyň aýratynlyklary** 30

Allaberdi Agamyradow
**Uzak aralykdan bilim bermek** 33

Daýanç Reýimow, Söýenç Ahmedow
**Talyplara ahalteke bedewlerimiziň seçgisinde molekulýar genetikanyň döwrebap mümkinçiliklerini öwretmek** 36

Arzuw Setdarowa
**Magtymguly Pyragynyň "Näme sen?" goşgusyndaky sinonimleriň türkmen we pars dillerinde şöhlelenişi** 39

Selbi Batyrowa
**Terjimeçilik çözgütlerinde medeni barabarlyk** 42

Orazmuhammet Berdiýew
**Iňlis dili mugallymlarynyň maglumat-kommunikasiýa başarnygy we ony kämilleşdirişleri** 45

Maral Annagulyýewa
**Mekdebe çenli bilimden başlangyç bilime geçiş döwrüniň pedagogik-psihologik esaslary** 48

Şöhrat Jumalakow
**Başlangyç synplarda matematikany öwretmekde öwrediji oýunlar** 52

## MEKDEBE ÇENLI TERBIÝE

Maral Atajumaýewa
**Körpeleri mekdebe taýýarlamagyň esaslary** 55

Aýgül Poşaýewa
**Mekdebe çenli çagalar edaralarynda körpelere berilýän bilimiň hilini dünýä derejesine laýyklykda ýokarlandyrmagyň ýollary** 57

## UMUMYBILIM BERÝÄN MEKDEP

Enegül Şallyýewa
**Edebiýat sapagynda okuwçylara tuýuglary öwretmek** 59

Döwletgeldi Kulyýew, Myrat Rahmedow
**Okuwçylaryň informatika dersinden özbaşdak işleriniň düzüliş aýratynlyklary** 61

Hemra Täçgylyjow
**Umumybilim berýän mekdeplerde taryh sapaklaryny okatmagyň döwrebap usullary** 63

Aşyrmät Gurbanow
**Magtymguly Pyragynyň edebi döredijiliginiň orta mekdeplerde öwrenilişi** 65

Mahym Orazowa, Daýanç Mämmetmyradow
**Magtymguly Pyragynyň goşgularyndaky astronomik adalgalary öwretmegiň usulyýeti** 68

Merjen Ýalkapowa
**Iňlis dilini öwretmekde innowasion kollaboratiw okuw usulyny guramagyň ýollary** 70

Orazgül Nyýazmyradowa
**Magtymguly Pyragynyň adyny göterýän bilim ojaklary** 72

## ORTA HÜNÄR BILIMI

Läle Allaberdiýewa
**Taryh we jemgyýeti öwreniş ylymlaryna degişli dersleri öwretmekde innowasion tehnologiýalardan peýdalanmak** 73

## ÝOKARY BILIM

Maksat Çaryýew
**Ýokary okuw mekdeplerinde hytaý dilini öwretmegiň wajyp meseleleri** 75

Kerim Kertiýew, Wepa Döwletgeldiýew
**Talyplary keýs tehnologiýalaryny ulanmak arkaly okatmak** 79

Sülgün Aýtyýewa, Amangül Nazarowa
**Hünäre ugrukdyrylan dil taýýarlygynyň aýratynlygy** 82

Göwhertäç Gylyjowa
**Biologiýa fakultetiniň talyplaryna iňlis dilini öwretmekde diskurs kategoriýalaryň işjeňleşdirilmegi** 84

Aýna Muhammedowa, Ogulgerek Alyýewa, Zarina Bazarowa
**Bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek döwrümiziň wajyp wezipesidir** 86

Tagandurdy Bekjäýew
**Magtymgulynyň goşgularynda wagt bilen baglanyşykly sözler** 89

Şerbet Baýhanowa, Jeren Rahmanowa
**Dil öwretmek meselesinde intensiwligiň ähmiýeti** 91

Ýakupmyrat Nepesow
**Meşhur lukman Gippokratyň parasatly sözlerinden** 93








# BILIM

**Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň ylmy-usuly žurnaly**

**№ 5 (81) 2024-nji ýyl, sentýabr-oktýabr**
**Iki aýda bir gezek çykýar**

**2011-nji ýylyň ýanwar aýyndan bäri neşir edilýär**

**Baş redaktor**

**Gülşirin MUHANOWA**



**Redaksiýanyň geňeş agzalary:**

**Azat Ataýew, Peýzulla Hydyrow, Maral Akyýewa, Aly Gurbanow, Orazgeldi Gurbanow, Kakajan Janbekow, Nurmuhammet Gurbanmämmedow, Dowulbaý Melebaýew, Döwletgeldi Gurbanow, Nurýagdy Suwhanow, Janabaý Şyhyýew, Baýramdurdy Taýharow.**

**Dörtguly Mämijikow, Babamyrat Täşliýew (kompýuter bezegçileri)**



**Ýygnamaga berlen wagty 15. 09. 2024. Çap etmäge rugsat berlen wagty 23. 10. 2024. A - 115027.**
**Formaty 60x84 1/8.**
**Çap listi 12. Sany 15688. Sargyt 3011.**
**Bahasy 18 manat.**

**Redaksiýanyň salgysy: 744036.**
**Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, 104.**
**Telefonlar: 44-86-14, 44-85-99.**
**Žurnalyň elektron salgysy: bilimzurnal@sanly.tm**
**Žurnala gelen golýazmalar, suratlar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap hem-de syn berilmeýär.**
**Žurnaldan materiallar göçürilip çap edilende, žurnala hökman salgylanylmalydyr.**
**Žurnalyň çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär, tel. 39-96-57.**